**M.Hydyrowa, Ç.Poladow, M.Meredow**

# TIKIN ÖNÜMLERINI MODELIRLEMEK WE ÇEPER BEZEMEK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**"Ylym" neşirýaty**
**2013**

UOK 687+378
H 90

**Hydyrowa M. we başg.**
H90 **Tikin önümlerini modelirlemek we çeper bezemek.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Ylym, 2013. – 216 sah.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara niýetlenilip ýazyldy. Bu kitapda tikinçilik önümçiliklerinde, modeller öýünde köpçülik üçin niýetlenilen egin-eşikleriň döwre görä nusgalaryny döretmegiň inçe usullary beýan edilýär. Kitapda bu ugra degişli taryhy maglumatlar önümçilikde zähmet çekýän ýokary derejeli hünärmenleriň teklipleri nazarda tutulyp, egin-eşikleriň iň kämil nusgalary hakyndaky beýan etmeler ýerleşdirildi.

Bu okuw kitabyndan degişli orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary okuw gollanmasy hökmünde, şeýle hem tikin önümçiligi senagatynda zähmet çekýän hünärmenler peýdalanyp bilerler.

TDKP №242 KBK 37.24 ýa 73

© M. Hydyrowa we başg, 2013
© “Ylym” neşirýaty, 2013



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň dokma senagatyny düýpli ösdürimeklige uly üns bermekliginiň netijrsinde, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dokma senagaty ýurdumyzda iň iri pudaklaryň birine öwrüldi. Güneşli Diýarymyzda pagtadan, ýüpekden, ýüňden tebigy süýümler öndürilýär. Döwletimiziň kärhanalarynda matalaryň görnüşini dokamaga, tebigy süýümleri ösdürip ýetişdirmäge biziň amatly geografik ýerleşişimiz täsir edýär. Döwletimizde önümçiligi ösdürmek üçin çig maly gaýtadan işleýän birnäçe kärhanalar gurlup işe goýberildi. Mundan başga-da täze önümçilik gurluşyklarynyň ençemesi boýunça taslamalaryň üstünde uly işler alnyp barylýar.

Garaşsyz Türkmenistan döwletimizde öndürilýän pagtanyň 50 %-den gowragy öz Watanymyzda gaýtadan işlenilýär. Ak altynyň süýüminden dokma, örme matalary, kagyz, lukmançylyk pamygy we ş.m. önümler öndürilýär.

Ösýän, özgerýän Watanymyzda hereket edýän dokma toplumlardaky tikinçilik önümçiliginde jins, nah, nah örme, nah sütükli matalardan dürli biçüwli täze nusgalaryň görnüşleri öndürilýär. Öndürilýän tikin önümleriň uly göterimi daşary döwletlere ugradylýar. “Türkmenistan” belgili tikin harytlary daşary döwletleriň ady belli söwda nokatlaryndaky tekjelerde ornuny tapdy.

XXI asyr – Türkmeniň Altyn asyrynda döwletimiziň raýatlary täze döwrüň kärhanalarynda ornaşdyrylan, dünýäniň iň naýbaşy ýokary kuwwatly enjamlarynda zähmet çekýärler. Egin-eşigiň täze nusgalaryny döredip, kärhanalardaky modeller öýlerinde tejribe geçirýärler we önümçilige ornaşdyrýarlar. Egin-eşigiň täze biçüwli nusgasyny döretmek çylşyrymly hadysa hasaplanylýar. Nusga taýýarlaýjynyň (modelýeriň) tehniki we çeper döredijiliginiň çözgüdi bolmaly. Nusga taýýarlaýjynyň çeper döredijilik çözgüdi, esasan, egin-eşigiň durkuny (siluet) modalaşdyrmak üçin bedeniň böleklerinde sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Nusga taýýarlaýjynyň tehniki çözgüdiniň meselesi boýunça geometriýa çyzgylar, danlaryň geçirilişi hem-de nusga taýýarlananda göterim boýunça girizme hadysalar, bezeg işleriniň taýýarlanyşy, nusganyň bedende oňaýly oturmagy üçin zähmet siňdirýärler.

Hünärmen şu aşakdaky ugurlara üns berýär:

– döwrüň talabyna görä modaly egin-eşikleriniň görnüşini bilmeli;

– modaly egin-eşigiň durkuny, biçüwiň aýratyn bedene laýyk modalaşdyrylan meýdanlaryny seljermegi başarmaly;

– adamyň psihologiýasyny we bedeniň gurluş anatomiýasyny görmegi başarmaly we bilim taýdan çözgüdini tapmaga ukyply bolmaly;

– täze nusganyň görnüşini reňksiz, reňkläp bedendäki görnüşini çekmekligi başarmaly.

Kitap dört bölümden ybarat:

*Birinji bölümde* egin-eşigiň döreýşiniň taryhy, onuň ynsanyň bedenini tebigatdan goraýşy, milli egin-eşikleriň nusgalary hem-de esaslary boýunça maglumatlar berilýär.

*Ikinji bölümde* beden gurluşynyň dürlüligi beýan edilýär. Suratkeş modelýer adam bedeniniň kemini ýapmaga, eşigiň siluetlerini (suduryny) döretmäge kämil hem-de ussat bolmalydyr. Şonuň üçin taýýarlanylýan nusgada bedeniň böleklere bölünişi esasynda işiň tehnologiýasyny ýola goýmak göz öňünde tutulýar.

*Üçünji bölümde* modaly egin-eşigi taýýarlamaga esasy danlaryň geçirilişi, ýapylyşy, açylyşy boýunça maglumatlar bilen tanşarsyňyz. Tikin önümçilikleriniň kadalaýyk ölçeg esasynda taýýarlanan nusgalaryň käbir aýratyn bedenli adamlara laýyklama üçin modelirleme esasynda düzediş işleriniň alnyp barlyşynyň tehnologiýasy beýan edilýär.

*Dördünji bölümde* egin-eşigi kompozision bezemegiň we modeli işlemegiň sazlaşdyrylyşy boýunça maglumatlar ýerleşdirilýär.

# I BÖLÜM

# MODA. EGIN-EŞIGIŇ NUSGALARYNYŇ ESASLARY

## §1. GARAŞSYZ WATANYMYZDA DOKMA SENAGATYNYŇ ÖSÜŞI

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini düýpli özgertmek maksady bilen geçirilen çäreleriň netijesinde, Türkmenistan çig-mal çykarýan ýurtdan ösen senagat toplumlaryny esaslandyrýan döwlete öwrüldi.

Häzir ýurdumyzda dokma senagaty ymykly ösüş ýoluna düşdi. Öňler bir ýerde süýüm taýýarlanýan bolsa, bir ýerde dokalyp, ýene bir ýerde hem tikilýärdi. Häzirki döwürde önümçilikleriň barysy bir ýerde dokma toplumynda jemlenýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda dokma kärhanalaryň onlarçasy işe girizildi. Bu täze işe girizilen kärhanalar iň ýokary netijeler görkezýän öňdebaryjy tehnologiýa enjamlary bilen üpjün edilen ýokary öndürijilikli we düşewüntli kärhanalar bolup, pagta süýümini gaýtadan işläp, tä taýýar tikin önümi bolup çykýança, ýagny iň ýokary belgilerdäki ýüplükleri, jinsi matalary we ondan öndürilýän tikin önümleri, trikotaž matalary we olardan modelleriň dürli görnüşlerini öndürýärler. Türkmenistanda täze açylan dokma toplumlary dokma senagatynyň ösmegine uly ýardam berdi. Bu pudakda oba hojalyk önümleri bolan pagta süýümi, deri, ýüň, garaköli bagana, pile we beýleki önümler gaýtadan işlenilýär. Olardan taýýarlanylýan ýokary hilli önümler bilen halkymyz üpjün edilýär hem-de önümleriň esasy bölegi daşary bazarlara çykarylýar. Täze açylan dokma toplumlarynyň iň ululary şulardyr: Aşgabat şäherindäki Türkmenbaşy dokma toplumy, Aşgabat dokma toplumy, Herrikgaladaky pagta süýümini taýýar önüme çenli gaýtadan işleýän Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky jinsi dokma toplumy, Gypjakdaky Saparmyrat Nyýazow adyndaky we Gökdepedäki Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky dokma toplumlaryny mysal getirmek bolar.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soň, ýurtda ägirt uly syýasy we ykdysady özgertmeler amala aşyryldy. Gaýtadan işleýän kuwwatly dokma senagatynyň döredilmegi, Türkmenistanyň dokma önümlerini öndürýän iri döwletleriň arasynda ornuny berkitmäge, dünýä bazarynda bäsleşige ukyply harytlary çykarýan ygtybarly hyzmatdaş hökmünde uly abraýa eýe bolmagyna mümkinçilik berdi. Özümizde öndürilen harytlar bilen içerki bazaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin taýýar önümleriň çykarylyşynyň möçberlerini artdyrmaga mümkinçilik berdi.

2004-nji ýyldan 2020-nji ýyllar aralygynda “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli baş ugry” Milli maksatnamasyna laýyklykda, ýene-de 18 sany dokma kombinatlaryny we toplumlaryny, 15 sany ýüplük fabriklerini gurmak, hereket edýän kärhanalaryň 8-siniň durkuny täzelemek, giňeltmek we tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmak işlerini geçirmek göz öňünde tutulýar.

Maksatnamada täze gurulýan binalary ýerli çig mal serişdeleriniň çeşmelerine golaýlatmak bilen, welaýatlaryň ählisini güýçli depginde ösdürmek göz öňünde tutulýar. Täze gurlan we guruljak kärhanalaryň hasabyna 2020-nji ýyla çenli pagta süýüminiň 500 müň tonna çenlisi taýýar önüm görnüşinde gaýtadan işleniler. Türkmenistanda nah ýüplükleriniň öndürilişiniň möçberi 2020-nji ýyla çenli 350 müň tonna çenli, nah matalaryň öndürilişi hem ep-esli artar.



**1-2-3-nji suratlar. Dabaralara niýetlenilen nusgalar**

Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow Watanymyza baştutanlyk eden gününden başlap, dokma senagatynyň ösüşleri möwç urýar. Halkara dokma tehnologiýasy giňişleýin öwrenilýär we durmuşa ornaşdyrylýar. Ýygy-ýygydan dokma senagatynyň ýokary derejede sergisi gurnalýar we halkara ylmy-amaly konferensiýalar, forumlar geçirilýär. Watanymyzyň ähli kärhanalarynyň öndürýän ýüp-lükleri, dürli görnüşli matalary, egin-eşikleriň modelleriniň pasyllar

bilen baglanyşykly görnüşleriniň birnäçesi sergide görkezilýär. Sergä gelen myhmanlar bilen bilelikde şertnamalar baglaşylýar. Serginiň dowamynda modaly egin-eşigiň görnüşlerini, milli modaly egin-eşiklerini görkezýän şowhunly dabaralar geçirilýär. Türkmenistan ýokary milli mümkinçilikleri, ykdysady ösüşiniň mäkäm binýady bar bolan ýurt hökmünde, ösüşiň köp babatda onuň geljegini kesgitleýän, düýbünden täze döwrüne gadam basmaga mümkinçilik berýän döwletdir. Türkmenistan dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşulýar. Beýleki döwletler bilen onuň özara ykdysady gatnaşyklarynyň gerimi düýpli giňelýär. 2008-nji ýylyň ýanwar aýynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Lebap welaýatyna iş sapary bilen baranda, Lebap we Daşoguz welaýatlarynda ýüplük kärhanalaryň gurluşygynyň düýbüniň tutuljakdygyny belläp geçdi. Bu kärhanalaryň açylmagy netijesinde birnäçe orunlyk iş ýerleri dörediler. Tikin kärhanasy şahsy peýdalanylýan önümleri öndürmek üçin döredilýän we şol önümleri öndürmek bilen meşgullanýan jemgyýetçilik pudaklaryň biridir.



**4-5-nji suratlar. Gaga geýimleriniň nusgalary**

Tikinçilik pudagynyň wezipesi ýokary hilli we dürli görnüşli modaly egin-eşikleri we halkyň şertlerinde ulanylýan beýleki tikin önümlerine bolan islegleri öndürmekdir hem-de kanagatlandyrmakdyr. Bu wezipäniň çözgüdi tehnologiýa progresiniň tizlenmeginiň, önümçiligi ýokarlandyrmagyň, zähmet öndürijiligini ösdürmegiň, öndürilýän önümi hemmetaraplaýyn gowulandyrmagyň netijesinde amala aşyrylýar.

Tikinçilik pudagynyň meýilleşdirmek we dolandyrmak wezipesi örän çylşyrymlylygy bilen häsiýetlendirilýär. Pudakda goýberilýän önümler örän köp dürli we modelleriň üýtgäp durmagy bilen, bu iş has-da çylşyrymlaşdyrylýar. Şu günüň talabyna laýyk önümleri goýbermek, önümiň hilini gowulandyrmak, mukdaryny artdyrmak, tehnologiýanyň öňdebaryjy usullaryny, täze görnüşli matalary ulanmak, ýokary öndürijilikli işleýän maşyndyr enjamlary ornaşdyrmak bilen berk baglanyşyklydyr.

**Tikin önümlerini modelirlemek we çeper bezemek** diňe model döretmek bilen bagly bolman, eýsem munuň özi uly sungatdyr. Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle ajaýyp ýazgylar bar: “Biziň gadymy şaý-sepimiz, peri-peýker ýaly gözelleriň bezegi bolup geldi. Dünýäniň meşhur kino ýyldyzlary, teatr ýyldyzlary, sungat, edebiýat bilen dahylly meşhur zenanlary hökmandan-hökman türkmen şaý-sepini dakynmagy dereje bilýärler”.

Türkmen gyzlarynyň şaý-seplerine üns beriň: gupba-tuwulga, çekelik, bukaw. Bukaw boýundan gylyç salynmazlygyny üpjün edýär; gülýaka döşi, gursagy, bilezik bolsa goly goraýar. Donuň öňüne, arka tarapyna dakylýan dürli apbasylar, dürli şaýlar peýkamdan goraýar. Türkmen gyzyny doly şaý-sep bilen bezeseň, ol doly söweş geýmine giren söweşiji gyzyň keşbini berýär. Hasaplanyp görülse, bir aýal ähli şaý-sepini dakynsa, 36 kg altyn-kümüş dakynmaly bolupdyr. Türkmeniň zenana, millilige goýýan bahasy beýikdir. Türkmeniň milli egin-eşiginiň saldamly biçüwi şu güne çenli saklanyp geldi.

Modaly egin-eşikleriň görnüşlerini taýýarlamaklykda ýokary bilimli hünärmenleriň ussatlyk derejesi ýokary bolmaly. Olar tebigatyň möwsümi bilen baglanyşykly egin-eşigiň nusgalarynyň görnüşlerini taýýarlamaga hemişe höwesli bolmaly. Adamlaryň gelşikli geýinmegi üçin, döwre görä modaly egin-eşigini hünärmen tarapyndan taýýarlamaklygyň özi uly mertebedir. Suratda görkezilen modaly biçüwli nusgalar Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hereket edýän dokma senagatynyň dünýä arenasynda tutýan ornunyň netijesidir.

## §2. EGIN-EŞIGIŇ DÖREÝŞINIŇ TARYHY

Ilkidurmuş jemgyýetinde adamlaryň arasynda medeniýetiň başlangyjynyň egin-eşigiň döremegi bilen baglanyşyklydygyny alymlar ylmy taýdan subut etdiler. Aňyň ösüp başlamagy bilen, adamlar egin-eşigi 40 müň ýyl mundan ozal bedeni sowukdan, ýelden, ýagmyrdan, tozandan goramak üçin döredipdirler. Ýagny ilki döredilen egin-eşikler bedeni bezemek üçin däl-de, tebigatdan goranmak üçin niýetlenilipdir.

Adamlar, ilki bilen, tenlerine palçyk, gury toprak, ýag çalyp, reňkli hek bilen çyzgylar çekipdirler. Şonuň ýaly hem tebigatyň ösümliklerinden, ýapraklaryndan, haýwanlaryň derilerinden, guşlaryň perinden ýapynjalar ýasapdyrlar. Bezeg üçin boýunlaryna ölen haýwanlaryň dişlerinden, süňkden monjuk dakynypdyrlar. Haýwanlaryň derilerini atynypdyrlar. Derileri deşip, çatyp ýapynjalary taýýarlapdyrlar. Aýakgap egin-eşikden sähel gijräk döreýär. Bu maglumatlary alymlar arheologiki gazuw-agtaryş işleriniň üsti bilen subut edýärler. Biz egin-eşik boýunça her milletiň taryhyny beýan edýän maglumatlary her döwletiň muzeýleriniň hem-de arhitektura ýadygärlikleriň üsti bilen öwrenýäris. Edebiýatlara salgylanyp her milletiň däp-dessuryny öwrenmäge giňişleýin mümkinçilik tapýarys. Egin-eşiginiň nusgalary şäherli ýaşaýjylar bilen oba ýaşaýjylarynyňky biri-biriden tapawutlanypdyr. Bu taryhy öwrenmek üçin biz gadymy müsür, grek, rim, rus, türkmen halklarynyň gadymy döreden egin-eşikleriniň nusgalaryna üns bereliň.

Müsürli halk gadymy millet hasaplanyp, biziň eramyzdan 3000 ýyl öň ýaşandygyny alymlar açyş etdiler. Müsürliler küýzegärçilik, zergärçilik, dokmaçylyk hem-de aýna önümçiligi bilen meşgullanypdyrlar. Olar Pyrgawuna (Faraona) Ýeriň üstündäki hudaýyň wekili diýip gulluk edipdirler. Müsüriň halky Güne, Aýa, Ýere, krokodila, ýolbarsa, şagala, sygra, pişige, bürgüde, ýylana çokunypdyrlar. Pyrgawunyň baş geýminde ýylanyň şekili oturdylypdyr. Elinde ýylan taýagyny atanak görnüşinde saklapdyr. Heýkel ýadygärliklerinde bu milletiň egin-eşigine gözellik taýdan ýokary baha berilýär. Bularyň boýy uzyn, ginlek, bili inçe, ýüzleri bereketli bolupdyr. Burunlarynyň gönüligi olaryň özdiýenli bolandygyndan habar berýär. Ýüzüniň keşbi nurly bolup, olaryň saçlary göni bolupdyr. Ýöne olar, köplenç, saçlaryny syryp, kellelerine oturtma saç geýipdirler. Oturtma saçlary olar geçiniň derisinden taýýarlapdyrlar. Erkek adamlar sakgaldyr murt ösdürmän syrypdyrlar. Emeli sakgaly pyrgawunlar dakypdyrlar.

Sakgalyň aşagynda doga ýazgysy bolupdyr. Müsürliler matany kendirden dokapdyrlar. Pyrgawunlar baş geýme gönüçyzykly zolakly matadan taýýarlapdyrlar. Gözüne we gaşlaryna aýal, erkek jynsyna garamazdan, gara sürme çalypdyrlar, gulaklaryna halka dakypdyrlar.

Erkek adamlar epinli eşigiň nusgasyny geýip, eginlerine gaplaňyň derisini atypdyrlar. Palma ýapragyndan taýýarlanan sandaly aýaklaryna geýipdirler. Şol aýakgaby 2-3 sany kendir ýüpi bilen aýaga berkidipdirler.

Erkek adamlara egin-eşikleri gök, açyk gök, açyk goňur, sary, ýaşyl, düz reňkli matalardan taýýarlapdyrlar. Gara reňk ýas reňki hasaplanypdyr.



**6-njy surat. Pyrgawunyň egin-eşiginiň nusgasy**



**7-nji surat. Rimlileriň egin-eşiginiň nusgasy**

Müsürli zenanlaryň egin-eşigi *kalaris* diýlip atlandyrylýar. Ol syrlaşan şekilde bolup, etegi giňeýär. Han zenanlary aýnadan gymmatbahaly daşlardan günüň şekili bilen baglanyşýan koketka biçüwe gabat gelýän monjuk dakynypdyrlar. Bu gymmatbahaly daşlary günüň şekilini berip, köýnege tikipdirler we monjuk dakynypdyrlar. Olar eşiklerinde ýylanyň, tomzagyň şekilini nagyşlap bezäpdirler. Müsürli erkek adamlaryň we zenanlaryň egin-eşikleriniň obalylaryň hem-de şäherlileriň biri-birinden tapawudy bolmandyr. Olaryň ýüz keşbi goňur, bugdaý reňkli adamlar bolupdyrlar.

Gresiýa halkynyň geýnişi, olaryň egin-eşigi gözellik taýdan nusga alarlyk hasaplanypdyr. Bu halkyň erkek adamlary daýaw, eginlek, gysga maňlaýly, gözleri hanasyndan çykyp duran, ak ýüzli, gök gözli, buýra altynsow saçly bolupdyr. Grekleri akyldar halk hasaplapdyrlar. Olaryň bedeniniň ýediden bir bölegini kellesi tutupdyr.

Aýal we erkek adamlaryň eşikleri meňzeşräk bolupdyr. Egin-eşikler iki bölekden bolup, içki eşigine *hitan*, daşky eşigine *gimatiýa* diýipdirler. Içki eşigi topuga çenli uzynlykda bolup, egninden ýüp geçirip büzüpdirler we bilini daňypdyrlar.

Gimatiýa gönüburçly mata bolup, ol hitanyň daşyndan saralypdyr. Gimatiýa eginden gaçmaz ýaly ujuna gurşun dakypdyrlar. Bedeniň daşyndan epinli görnüşde sarapdyrlar. Ýüň matadan taýýarlanan gimatiýany hitonsyz hem geýipdirler. Grekleriň harby ýolbaşçylary dörtburçluk hlamida hem geýipdirler. Erkek adamlar gysga saçly bolupdyr. Özüne göwni ýetýän erkek adamlar murt we tegelek sakgal goýberipdirler. Grek aýallary nagyş bilen gimatiýany bezäpdirler. Egin-eşigi has bezemen görner ýaly şaý-sep, monjuklar dakynypdyrlar. Günden goranmak üçin

saýawan, ýelpewaç göteripdirler. Hyzmatkär zenanlar gelen ýeriniň egin-eşigini geýipdirler. Obaly grek zenanlary şäherli zenanlardan pesräk geýnipdirler. Olaryň daşky gimatiýasynyň matasynyň gyrasynda bir hatar gülüň şekili bolupdyr.



**8-nji surat. Grekleriň egin-eşiginiň nusgasy**



**9-njy surat. Gadymy gimatiýa**

Aleksandr Makedonskiý Hindistana ýöriş edende grekler ilkinji gezek pagtanyň gögerişini görüp, haýran galypdyrlar we "agaçda gögerýän ýüň" diýip atlandyrypdyrlar. Grekler ak, gök, ýaşyl, gyzyl, goňur, sary reňkli egin-eşikleri geýipdirler.

Rimiň halky hem gadymy millet hasaplanýar. Olaryň geýnişi grekleriň geýnişine meňzäpdir. Ýöne olaryň zenanlary Siriýa döwletiniň ýeňil ýüpek matasyndan egin-eşik taýýarlapdyrlar. Rimli erkek adamlaryň esger sypatly göwreleri bolupdyr. Olar bykynlak bolupdyr. Sakgal- murt ösdürmändirler. Grek we rim halkynyň egin-eşiginiň taryhy görnüşi heýkel ýadygärliklerde oňat saklanyp galypdyr.

Rus halkynyň egin-eşigi, esasan, ýüň we zygyrdan dokalan matalardan taýýarlanypdyr. Milli erkek adamyň egin-eşigi, esasan, erkek köýnek we geýim hökmünde balak geýipdirler. Erkek köýneginiň ýakasy dik, serpme görnüşlerde ýerine ýetirilipdir. Biline guşak dakypdyrlar. Ýakany dikligine döşe çenli açyp, planka bilen işläp bejeripdirler. Köýnegiň biçilişi göni bolupdyr. Köýnegiň ýakasyny we ýeňiniň etegini, köýnegiň etek kesigini nagyşlar bilen bezäpdirler. Balak giň gyýma biçüwde ýerine ýetirilipdir. Olaryň erkek adamlary sakgal murt goýberipdirler. Aýal maşgalalary erkek köýnek we sarafan geýipdirler. Kellelerine ýaglyk daňyp, ýaglygyň ujuny eňeginiň aşagyndan daňypdyrlar.

Erkek köýnek göni biçüwde ýerine ýetirilip, ýakasyna we ýeňine ýüp dakypdyrlar. Erkek köýnegiň uzynlygy bykyna çenli bolup, onuň üstünden sarafan geýipdirler. Sarafan döşe çenli ölçegde koketkaly, döşden aşagy trapesiýa görnüşde giňeýär we ýokarsy büzülip koketka birikdirilýär. Köýnegiň ýeňi fonar görnüşinde bolup, boýunýakada, ýeňiň tirseginde ýa-da bileginde, köýnegiň eteginde bezeg nagyşlary ýerine ýetiripdirler. Zenanlar baş geýminiň üstünden ýaglygy daňypdyrlar.



**10-njy surat. Rus halkynyň egin-eşiginiň nusgasy**

Türkmen halkynyň gadymy milli egin-eşikleri göni biçüwde ýerine ýetirilýär. Egin-eşikleri ýüpek we nah, mahmal, ýüpek, parça matalaryndan taýýarlapdyrlar. Ene-mamalarymyz ýüpekden keteni matasyny, haly önümleriniň nusgasyny dokapdyrlar. Keteniniň zenan we erkek adamlaryň köýnekleri, donluk, kürtelik, baş atynjalar üçin aýratyn görnüşlerini dokapdyrlar. Ýaşlar üçin gyzyl, gyrmyzy, ýaşyl reňkli keteniler, ýaşuly aýallar üçin bolsa goňur reňkli keteni matalar dokalypdyr.

Türkmen halky zergärçilik, küýzegärçilik, dokmaçylyk, maldarçylyk, daýhançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Kümüşden zenanlara, gyzlara, çagalara, erkek oglanlara niýetlenen şaýlaryň nusgalaryny taýýarlapdyrlar. Keteniniň ini 30-34 sm ölçegdäki aralykda dokalypdyr. Dabaralara, toýlara niýetlenen keteni matasy günüň şöhlesi bilen sazlaşýan gyzyl reňkli bolup, sary reňkli zolak hem-de alajalary matanyň gyra kesiginde ýerine ýetiripdirler. Köýnek, don, kürte, kirlik we ş.m. tikin önümleri ýanly görnüşinde ýerine ýetirilýär. Erkek köýnekleriniň boýunýakasy şa, ez, dik görnüşde açylyp, gyra-

syna ýeňil milli nagyşlar ýerine ýetirilipdir. Oglanlar tahýa, erkek adamlar telpek, başgap geýipdirler. Gyz çagalar tahýa, ýetişen gyzlar toýlara gupba, zenanlar börük geýipdirler. Börügiň üstünden agyr tarada dokalan milli gyňajy ahally zenanlar atynypdyrlar.



**11-nji surat. Türkmen milli egin-eşigi**

Balkanly zenanlarymyz kellesine annak geýip, üstünden çäçew atynypdyrlar. Demirgazyk welaýatynda ýaşaýan zenanlarymyz kellesine oramak orapdyrlar. Erkek adamlar çäkmen, don, guşak ýaly üstki eşikleri geýipdirler. Erkek adamlar çokaý, gyz-gelinler bökeje, köwüş geýipdirler. Gyz-gelinleriň köýnekleri ýanly biçüwde taýýarlanylyp, boýunýakasy dik görnüşde açylýar. Ýakanyň merkezi, boýun aýlawy pugtamada ýerine ýetirilip, gyrasyna keşde nagyşlar çekilipdir. Oglanlar, erkek adamlar ýüpekden, düýe ýüňünden taýýarlanan guşagy biline daňypdyrlar. Erkek adamlar gyýma balak geýipdirler. Obalardaky ýaşaýan oglanlar kellelerine şyrtyk geýipdirler. Şyrtyk guzynyň derisinden taýýarlanypdyr. Silkme telpekleri adaty wagt üçin bir aýry, toý-dabaralar üçin aýratyn görnüşlerde taýýarlanypdyr. Toý telpekleriniň beýikligi 50 sm ölçegde ýerine ýetirilipdir. Telpekler guzynyň derisinden taýýarlanylypdyr. Erkek adamlara köýnek dok ýaşyl, goňur reňkli matadan ýanly biçüwde tikilip taýýarlanylypdyr.

Gyzlar saçlaryny dört örüp, öňüne goýberipdirler. Olar saçlaryny dik maňlaýdan göni görnüşde açypdyrlar. Aýallar saçyny iki örüp, ýeňsä goýberipdirler. Aýal maşgalanyň börüginiň topbusy söwüdiň çybygyndan örülip dokalýar. Çybygyň daşyna undan ýasalan ýelim çalnyp, nah zolak mata daşyna saralýar.

Bu maglumatlar Türkmenistanyň Milli muzeýinden alyndy. Milli egin-eşikde geýinmek türkmen halkynyň arasynda şu güne çenli hem saklanyp galypdyr.

# §3. MODA. EGIN-EŞIGIŇ STILI

**Moda** – bu adamzady gurşap alýan hakykatyň ösmegi we olaryň egin-eşikleriniň täze nusgalarynyň göz öňünde tutulmagy bilen, ynsanyň islegini kanagatlandyrmak üçin ýol-ýörelgedir we kesgitli döredilýän lybaslaryň çözgüdidir.

Modaly egin-eşigiň nusgasyny tapyp döretmek, halkyň arasynda ýaýratmak has gyzykly, ýöne çylşyrymly sungat hasaplanýar. Ýagny döredilýän modaly egin-eşik köpçülige niýetlenilip ýerine ýetirilýär. Modaly lybaslar öz kesgitli möwsüminde il arasynda ýoň bolup, jemgyýetiň sosial hem-de ykdysadyýetiň ösüşi bilen baglanyşýan hadysadyr. Ol ýaşaýyş akymynyň ykdysady ösüşi bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Modaly nusgalar möwsümi boýunça 3 ýyldan 10 ýyla çenli dowam edýär. Soňra şol nusganyň bir-iki elementi hünärmen tarapyndan üýtgeýär. Bu ele-mentler tikin önüminiň uzynlygy, silueti (sudury), ýakasy we ş.m. bölekleri bilen ýerine ýetirilýär ýa-da dürli reňkli başga matalardan taýýarlanylýar. 1950-nji, 1960-njy, 1970-nji, 1980-nji ýyllaryň modasy diýlip atlandyrylýar.



**12-nji surat. Dürli görnüşli nusgawy biçüw**



**13-nji surat. Ählitaraplaýyn (uniwersal) biçüw**

Adamlaryň özüne saýlaýan modaly egin-eşigi boýunça olaryň häsiýetlerini öwrenip bilýäris. Asyrlar boýunça adamlaryň geýnişini heýkel ýadygärliklerden, muzeýlerden öwrenip bilýäris. Modaly döredilýän nusgalar çarhypelek ýaly aýla-

nyp-dolanyp ýene-de ýaşaýşymyza gelýär we gidýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, adamyň geýinýän egin-eşiginden, onuň häsiýetini öwrenmäge mümkinçilik alyp bolýar.

Egin-eşigiň biçüwine garamazdan, şol nusgada, köplenç, milli öwüşgin bermekligi ýerli modelýerler yzygiderli ulanýarlar. Matalaryň gül basgylaryndan hem ýerli tebigatyň gözelligini görüp bolýar. Suratkeşler ýa-da nusga taýýarlaýjylar özüniň kalbynyň gözelligini döredijilik işlerinde ornaşdyrmaklygy hemişe başaryp gelýärler. Döwletleriň taryhyny ýa-da egin-eşikleriniň taryhynyň görnüşini döretmeklik üçin modelýerler edebiýatlara, ýadygärliklerden esas tapyp taýýarlaýarlar. Taslanýan nusga taýýarlananda jüpüne düşse, bezegi, modelirleme detallary ýerbe-ýer bolanda, ol gözellik taýdan döredilen model diýip atlandyryp bolýar.

Nusgalaryň täze görnüşleri uly şäherlerdäki modalar öýünde, tikinçilik kärhanalarynyň modelhanalarynda taýýarlanylyp döredilýär. Modalar öýünde taýýarlanýan nusgalara san belgileri goýlup atlandyrylýar. Nusga taýýarlamaklygy önümçilikde meýilnama hem-de buýurma esasynda ýerine ýetirýärler. Modalar öýünde modeller ýörite milli hem-de döwlet baýramçylyklarynyň şanyna dekoratiw tikin nusgalary taýýarlanýar. Önümçilikleriň ösüşinde kesgitli tassyklanan modaly egin-eşikler üçin nusgalara teklip taýýarlanýan pursatynda onuň her bir biçiljek böleginde tikin we biçüw işleri kemçiliksiz taýýarlanylsa, onda taýýarlanýan önüm dünýä arenasyna çykmaga her bir önümçilik üçin mümkinçilik döreýär.

Egin-eşigiň modaly nusgasyny taýýarlamak, köpçüligiň islegini kanagatlandyrmak üçin önümçilikde ýörite ýokary bilimli hünärmenler hökmany gerekdir. Bu hünär sungat döredijiligi bilen baglanyşmagy esasynda onuň ýoly örän inçedir. Hünärmen öz işine ussat bolmaly, matany nusga laýyk saýlamagy, ony biçime ýazmagy, matany biçmekde tygşytly ulanmagy başarmaly. Matany saýlamak, onuň reňkini döwrüň talabyna görä gabat getirmek, egin-eşigiň nusgasyny döretmegi başarmak sungata düşünmekdir.

Döredilýän egin-eşigiň nusgasy şu ugurlar boýunça taýýarlanylýar:

– içki eşiklere degişli geýimleriň nusgalary;
– daşky egin-eşikleriň nusgalary;
– üstki egin-eşikleriň nusgalary;
– hajat egin-eşikleriň nusgalary;
– dabara niýetlenen egin-eşikleriň nusgalary;
– ýörite niýetlenen egin-eşikleriň nusgalary;
– önümçilige niýetlenen egin-eşikleriň nusgalary.

**Goşmaça egin-eşige bezeg berýän degişli zatlar.** Daşky, üstki, hajat, dabaralara bezege degişli önümleri modelýer tarapyndan köp halatda ýörite biçüw boýunça taýýarlanylýar. Biçüwi, esasan, pasyl, millilik, sport, dabaralar bilen baglanyşykly modelýerler işini ýöredýär.

Biçüw – bu, umuman, bir durkuň aýratynlygyny kabul etmek bilen, ýeke-täk teklibi saklamakdyr. Egin-eşigiň biçüwi taýýarlanan önümleriň bellik (ýarlyk) ýazgysynda görkezilýär. Taýýar önümiň haryt görnüşiniň ýazgysynda doly görkezilýär.

– rus biçüwindäki palto;
– hytaý biçüwindäki halat;
– hindi biçüwindäki koketkaly zenan köýnegi;
– ispan biçüwindäki zenan ýubkasy;
– nusgawy (klassyka) biçüw;
– romantika biçüwi;
– dabaralara niýetlenen biçüw;
– çagalaryň biçüwi;
– orta ýaşly adamlara niýetlenen biçüw;
– güýz biçüwi;
– gyş biçüwi;
– tomus biçüwi;
– ählitaraplaýyn (uniwersal) biçüw.

Modaly egin-eşikleriň (fantaziýa biçüwi) nusgasyny taýýarlamak üçin daşary ýurtly hünärmenleriň hem tejribesi ulanylýar. Olaryň nusgalarynyň biçüwini, matanyň reňkini döredijilikde ulanmak bähbidi peýdaly hasaplanylýar. Moda ýer ýüzüniň ähli döwletlerinde yzygiderli üýtgetmeler girizýärler. Döwrebap modanyň häsiýetini indiki ugurlar boýunça bölýärler:

1. Modanyň sesi – bu iň soňky döredilen egin-eşigiň nusgasy.
2. Adaty ýylyň möwsümine görä egin-eşigiň modasynyň hödürlenilişi.
3. Nusgawy görnüşdäki yzygider gaýtalanýan modaly egin-eşigiň nusgasy.
4. Modadan çykan, köne modaly egin-eşigiň nusgasy. Şonuň üçin il arasynda “moda däl”, “köne moda”, “soňky modaly” diýen sözler ulanylýar. “Moda – bu ugur”, “moda – bu reňk”, “moda – bu biçüw”, “moda – bu biçim bölekleri” diýip säginmän ynamly gürläp bolýar. Modaly geýinýän adamlaryň egin-eşiginde gaýtalanmaýan biçüw görkezilýär. Millionlarça adamlar döredilen nusgany kabul edende, eşigiň nusgasyna ýokary derejede modalaşdyrylan nusga diýip bolýar. Esasy modanyň estetikasyna täzeligiň ösüşi diýilýär.



**14-nji surat. Özboluşly (fantaziýa) biçüw**



**15-nji surat. Awangard biçüw**

Biçüw pasyllar bilen baglanyşdyrylyp hem ýerine ýetirilýär. Çünki döredilýän nusgalarda diňe san belgisi goýulman, eýsem ony atlandyrmak hem hökmanydyr. Çünki egin-eşik jemgyýete hyzmat edýän serişde bolup, adam üçin ruhy medeniýet hökmünde hyzmat edýär. Tikin önümi adamyň kesgitlenen talabyny ýerine ýetirilmeginiň netijesi bolup, zähmetiň siňdirilmegi bilen amala aşyrylýar.

Egin-eşik adam bedenini sowukdan, ýelden, yssydan, çyglylykdan goraýar. Nusga beden ölçegine laýyk ýerine ýetirilýär. Beden ölçegleri ýaş müçelerine laýyklykda tapawut edýär.

Suratda görkezilýän hertaraplaýyn biçüw hem nusgawy biçüwe örän golaýdyr. Bu stil saldamly biçüwde ýerine ýetirilýär. Nusgany işewür adamlara geýmek maslahat berilýär. Hertaraplaýyn stil ellipis, göni, ýarym syrlaşan sudurlarda taýýarlanylýar.

Awangard stil dabarada görkezijiler üçin fantaziýa görnüşinde taýýarlanylýar. Ol model ýeke-täkdir we gaýtalanýan däldir. Bu biçüwli nusganyň taýýarlygy şowhunly dabara üçin niýetlenilýär. Husga görkezýän gahrymanyň ýüzüniň makiýažyna, modeliň özüne çakdanaşa kän bezeg berilýär. Bu täsin stil we makiýažly lybas görkezilýän baýramçylygy has-da şowhunly geçirmäge kömek edýär. Saç bezegine aýratyn üns berilýär. Suratda görkezilişi ýaly, saçyň tarlary yza daralyp, gürlük döredilýär we gatadylýan serişde bilen doňdurylýar hem-de dürli

şekil berilýär. Saç bezegleri tehniki enjamlaryň şaýlarynyň suduryna salgylanyp bejerilen. Awangard stili bir gün geýinmäge niýetlenilýär. Bu şowhunly dabara tomaşaçy ynsanlaryň kalbynda ýatdan çykmajak täsir galdyrýar.

Fantaziýaly biçüwiň taryhy XVIII asyryň soňky ýyllary, XIX asyryň başyndaky ýyllar bilen baglanyşýar. Bu biçüwli egin-eşigi Ýewropa döwletleriniň korollary, onuň egindeşleri we baý adamlar geýipdirler. Taryhda yz gadyran Ýewropa, Aziýa, Demirgazyk we beýleki daşary döwletleriň belli gahrymanlarynyň keşbini döredip, halka ruhy medeni dynç almaga goldaw berýärler. Ýöne şol sungat sahnasynyň egin-eşiginiň estetiki gözelliginiň döredijiligi nusgaçy we suratçy hünärmenleriň paýyna düşýär. Türkmeniň gahrymany Oguz hanyň eşiginiň, türkmen bikesi Burla hatynyň eşiginiň halka, Watana, millilige gulluk etmekde gahrymanlara ruhubelentlik döredendigini subut edýär. Häzir ýurdumyzda sungat döredijiligi ösdi, şonuň üçin bu görnüşdäki biçüwli egin-eşikler teatr sungaty üçin taýýarlanylýar.

## §4. BIÇÜWIŇ GÖRNÜŞLERI

Her döwletdäki ýerli milletiň özüniň ene dili, taryhy, maddy baýlyklary, egin-eşiginiň nusgasy bilen dünýä tanalýandygyny ylym subut edýär.

Lybaslary modelirlemegiň we çeper bezemegiň manysy esasy adamzadyň ýaşaýşy, ýaşaýyş döwrüň akymy, adamzadyň islegini kanagatlandyrmak bilen bagly bolýar. Lybaslaryň biçüw modasy we onuň çeper bezelişi durmuşdaky inçe sungatdyr. Bu işi amala aşyrmaklyga hünärmene ukyp, tejribe talap edilýär. Egin-eşikleriň görnüşleriniň her döwürdäki hyzmaty medeni muzeýlerde, sergilerde gabat gelýär we olar barada maglumatlar toplap bolýar. Nusga taýýarlananda, modelýeriň matany tygşytly ulanmak, mata, reňk saýlamak, ukyp ussatlygy, rasionalist işjeňlik ýaly häsiýetleri bolmaly. Bu adamyň kesgitlenen talabyny ödemäge, zähmet çekmäge şert döredýär, şeýle hem adam kalbynyň islegini kanagatlandyrýar.

Egin-eşik diýlende adam bedenine degişli bolan içki geýimler, daşky egin-eşik, üstki egin-eşik, hajat geýimleri (jorap, aýakgap önümi) mysal getirmek bolar. Goşmaça aksessuarlar, şaý bezegleri, saç bezegi we bejerilişi, atynjalar, sumka, torbalar, ýüzüň timar bezelişi hem egin-eşige degişli önümler hasaplanylýar.

Biçüw taryhyň ösmegi esasynda esasy eşikleriň görnüşleri, döwrüň ykdysady mümkinçiligi, estetikasy we jemgyýetiň ahlak talaplary bilen baglanyşýar. Biçüw sungatdaky taryhyň ýygnalan otnositel durnuklylyk, şekil çekijiniň ýeke-täk teklibini özüne jemleýär. Biçüw bir görnüşe ugrukdyrylýar. Reňk, pasyl, şaý bezegleri boýunça baglanyşýar.



**16-njy surat. Sport we nusgawy biçüw**

**Biçüw** – bu, umuman, bir durkuň çeper aýratynlygyny kabul etmek bilen, ýeke-täk teklipde saklanmakdyr. Egin-eşik umumy biçüwe ugrukdyrylanda esasy nusganyň görnüşiniň aňladylyşyna seredilýär. Biçüwiň oňaýly görnüşini tapmak, saýlap başarmak, reňkleri seljermek, geýimdäki bezeg sazlanyşygy ornaşdyrmakdyr. Biçüw şu aşakdaky ugurlar boýunça bölünýär:

– sport biçüwi (jinsi önümleri, sport egin-eşikleri);

– milli biçüw (türkmen, hytaý, rus, arap, ispan we ş.m.);

– pasyl biçüwi (bahar, tomus, güýz, gyş, alabahar);

– romantika biçüwi (awçy, masgarabaz we ş.m.);

– toý biçüwi (baýramçylyk lybaslary);

– nusgawy biçüw (saldamly klassyky biçüwdäki işewür egin-eşikler, awangard biçüw).

Sport biçüwinde taýýarlanýan modaly egin-eşikleriň nusgasy jinsi, welwet, drap, bomazi, flanel, gözenekli mata, örme matalaryndan ýerine ýetirilýär. Bu biçüwde taýýarlanýan nusgada gödek görnüşli jübüler, ýakalar, koketkalar, manžetler, hlýastik, pogon, detal bölekleri ýerine ýetirilýär. Şeýle hem tomus, güýz, gyş möwsümleri bilen baglanyşykly sport egin-eşikleri örme matalardan taýýarlanylýar. Ol modaly egin-eşikler talap edilýän ugra laýyk modelýer tarapyndan ýeri-

ne ýetirilýär. Futbolçylar, hokkeýçiler, buzda typýanlar, suwda ýüzýänler we şuňa meňzeş ugurlara işjeň gatnaşýan nah örme matadan, ýarym ýüpek örme matalardan sport nusgalary taýýarlanylýar.

Milli biçüwde taýýarlanýan nusga täze döwrüň talabyna laýyk ýerine ýetirilmekligi bilen, onuň biçüwi modalaşdyrylyp, bezeg işlerinde milli öwüşgin berilmegi sebäpli ýerine ýetirilýär. Meselem: Hytaý önümlerinde dik ýakalary ýerine ýetirilýär. Şol dik ýakanyň biçüwini beýleki bir milletiň egin-eşiginiň nusgasynyň biçüwinde amala aşyrylanda-da, dik ýakasy bilen baglanyşykly ýerine ýetirilen model hasaplanylýar. Ýa-da ýewropa biçüwindäki zenan köýnegine türkmeniň milli nagyşlary sazlaşykly ornaşdyrylanda, ýewropa biçüwindäki köýnek diýlip atlandyrylýar.

Russiýada gyş paslynyň sowuk bolmagy sebäpli taýýarlanýan paltolaryň nusgalary göni biçüwde, trapesiýa biçüwlerde ýerine ýetirilýär. Şol biçüw Türkiýede öndürilýän bolsa, onda bu önüme rus biçüwindäki palto diýip atlandyrýarlar.

Pasyl biçüwi boýunça model taýýarlananda, ol möwsüm bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär. Bu biçüwde matanyň reňkiniň sazlaşyklary ulanylýar. Bahar paslynda ýagty reňkli, tekiz reňkli, tomus paslynda gülli, güýz paslynda dok tekiz reňkli, gyş paslynda dok reňkli matalar nusga taýýarlanylanda ulanylýar.



**17-nji surat. Dabara niýetlenen biçüw**

Nusgawy biçüwde taýýarlanylýan nusgalar saldamly biçimde ýerine ýetirilýär. Bu, esasan, işewür adamlara, mekdep okuwçylaryna niýetlenilip taýýarlanylýar. Biçüw ýerine ýetirilende bezeg işleri az ýerine ýetirilýär. Nusgawy biçüwdäki egin-

eşikleri hünärmenler adamlara owadanlyk taýdan ýokary derejeli görnüşde döredýärler. Bu biçüwde oba adamlary ýa-da aşaky gatlagyň adamlary geýinmeýärler. Olar erkin biçüwde geýnende özlerini rahat duýýarlar. Moda – bu adamyň gurşap alýan hakykatynyň ösmegi we düşünjelerini göz öňünde tutmagy bilen, olaryň islegini doly kanagatlandyrmak üçin ýol-ýörelgedir we kesgitli lybaslaryň çözgüdidir. Modany (ýoň) oýlap tapmak gyzykly we has çylşyrymly sungatlaryň biridir.

Adamyň geýnişiniň manysynda öz-özüne bolan gatnaşygyny, onuň ykbalyny, milletini, işleýän ýerini, häsiýetini kesgitläp bolýar.

Modanyň umumy görnüşi öwrenilende, şol eşigi geýýän adamyň gylyk-häsiýetine baha kesýär. Ýaşaýşyň dürli döwründe ýyllaryň çalyşmagy, bir nesliň ýaşaýşy tamamlanyp, başga nesliň gelmegi netijesinde, durmuşyň akymyna sazlaşyp öz biçüwi, arhitekturasy, medeniýeti, taryhy, ýaşaýyş durmuşlary, ykdysadyýeti bilen dowam edýär.

Modaly lybaslar taslananda, sungaty durmuş bilen baglanyşdyryp, onuň goşmaça bezeg işlerini ýerine ýetirilende, lybas estetika taýdan ajaýyp görnüşli döredijilik diýip atlandyryp bolýar. Meselem, gadymy müsürlileriň, grekleriň egin-eşigini göz öňüne getireliň. Olar hudaýhon, dindar halk bolupdyr. Şeýle hem olaryň egin-eşiklerini arhitektura ýadygärliklerde görüp bolýar. Bir döwletiň gelip çykyşyny, geýnişini, däp-dessuryny, gadymy ykbalyny öwrenmek üçin, şol ýerli halkyň edebiýatlaryna, muzeýlerine, arhitektura ýadygärligine esaslanyp, maglumat alyp bolar.

Asyrlaryň çalyşmagy bilen adamyň aň-düşünjesi kämilleşýär. Tikinçilik kärhanalar, modaly öýler, atelýeleri iş derejesiniň netijesi modaly egin-eşigi döretmek bilen baglydyr. Önümçilikleriň ösüşinde kesgitli tassyklanan modaly eşikler üçin teklip taýýarlanýan pursatynda, onuň her bir biçiljek bölegi, detallary kemçiliksiz ýerine ýetirilse, onda şol nusgany önümçilik, dünýä arenasyna çykarmaga uly hukuk gazanylýar. Modaly egin-eşiginiň nusgasyny halkyň arasyna ýaýratmak ol jemgyýetiň durmuşy, ýaşaýan möwsümi we islegi bilen bagly bolýar. Döredilýän nusga adamyň hyzmat edijiligini kanagatlandyrmaly we ruhuny göterýän bolmaly. Modaly eşigiň atlandyrylyşy 10 ýyllyklar bilen düşündirilýär. Meselem: 1970, 1980, 1990, 2000-nji ýyllaryň biçüwi boýunça modaly egin-eşigi diýip atlandyrylýar. On ýylyň içinde nusga özüniň mahabaty bilen adamlara ýerlikli hyzmat edýär. Her döredilýän modaly egin-eşik stil bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Stil munuň özi egin-eşigiň biçüwini bir ugra ýykgyn etmekdir. Ýokary derejeli hünärmenleriň maksady kesgitlenen modaly eşigiň estetikasynyň gözelligini aňrybaşy bilen görkezmekdir.

Dabaralara niýetlenen modeliň biçüwine we onuň bezegine aýratyn üns berilýär. Ol toý-dabaralara niýetlenilp taýýarlanylýar. Husganyň biçüw galybynyň

modelirlenilişinde hünärmen kän zähmet çekýär. Şonuň ýaly hem modeliň bezeg işine uly üns berilýär. Bezeg işleri epiniň, tolkunyň, furnituralaryň, applikasiýalaryň, milli nagyşlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Milli nagyşlar ikide bir ýa-da üçde bir usul boýunça hem ýerine ýetirilýär (meselem, hünji, monjuk, keşde, basma nagyşlary bir nagşyň taslamasynda ýerine ýetirmek we ş. m).

## §5. REŇK. REŇKIŇ KESGITLENILIŞI WE ONUŇ ADALGALARY

***Reňkiň görnüşleri.*** Reňk – bu adamyň beden duýujylygy boýunça gözüň torunyň gönüden-göni kabul etmeginiň netijesine aýdylýar. Tutuş topbak ak reňkiň bölünmeginden reňkli çyzgylaryň spektory alynýar. Reňkiň çyzygynyň düzülişine spektral reňkler diýilýär. Ol reňklere açyk gyzyl, sary, açyk ýaşyl, açyk gök we ş.m. görnüşleri degişli. Biziň gözümiz bu reňklerden başga ençeme reňkleri görýär. Olar arabaglanyşykly bolup, arassa reňk bolman, garyşyk reňklerdir. Reňkler hromatika we ahromatika reňklere bölünýärler. Spektorlardan ýagtylyk şöhlesiniň çyzygyndan alynýan reňklere hromatika reňkler diýilýär. Boýagsyz alynýan reňklere ahromatika reňkler diýilýär. Ahromatika reňklere ak, gara, kül reňkler degişli. Olara bitaraplyk reňkler hem diýilýär.

Hromatika reňkler fiziki görkezmeler esasynda kesgitlenilýär. Öz reňki boýunça dok, açyk reňkliligi boýunça tapawutlanýar. Hromatiki reňkler dürli-dürlüligi bilen biri-birinden tapawutlanyp, doýgun reňkler görnükliligi bilen öz naýbaşy güýjüni görkezýär. Şonuň ýaly hem hromatiki reňkler ahromatiki reňkleriň garylmagynyň netijesinde häsiýetnamasyny görüp bolýar.

***Reňkleriň alnyşy.*** Her bir reňkler açyk dokrak, doýgun ýa-da birnäçe görnüşlerde bolýarlar. Oňa garamazdan, ol öz reňkini saklap başarýar. Eger-de bir banka suw alyp, onuň içine goýy gök reňkli akwarel damdyrsak, onda bankadaky suw açyk gök reňke öwrüler. Onuň reňkini goýulamak üçin ýene-de gök reňk damdyrsak, onda ol suw has goýy gök reňke öwrüler. Mysal üçin, biziň içýän miweli suwlarymyzyň toşabyny näçe kän guýulsa we üstünden gazly suw guýulsa, onda onuň toşabyna görä reňki, hersi özboluşly reňkde bolýar.

Ýagtylygyň şöhlesinden alynýan reňkler goýy reňkler, has doýgun reňkler diýip atlandyrylýar. Bu şöhleli reňklere syn edeniňde olar has inçedirler. Ýagtylyk şöhlesinden görünmeýän garyşyk gyrmyzy reňkler, syýa reňkleriň bir bölegi

bar. Şonuň ýaly hem ýagtylyk şöhlesinde sarymtyl-ýaşyl, gök öwüşginli syýa reňk, mämişi sary we başga reňkleri görüp bolar. Bu reňklere: çylşyrymly, asuda reňkler diýilýär. Iki öwüsýän reňklere ýa-da dürli öwüsýän reňklere milli dilimizde gije-gündiz reňkler hem diýilýär.

Hromatiki dok reňklere ahromatiki reňkleri goşsaň, başga reňk alyp bolýar. Hromatiki dok reňklere ak, gara reňkleriň haýsysyna goşmaça reňk niýet edip garylsa, netijede, üýtgeşik reňkler döreýär. Meselem: dok gyzyl reňke ak reňki ornaşdyrsak, gülgüne reňki alyp bolýar. Ýa-da, tersine, gara reňki azajyk goşsaň, onda goňur reňk alyp bolar.

Şeýle hem reňkler sowuk we ýyly reňklere bölünýär. Ýyly reňkleriň düzümine sary, gyzyl, mämişi, gyzylymtyl-sary, sarymtyl-ýaşyl reňkler girýär. Sowuk reňkleriň düzümine gök-ýaşyl, mawy, gök, gara-gök, syýa reňk we ş.m. reňkler girýär.

Şonuň ýaly hem reňkler biri-birine ýakyn, garyndaş reňkler bolýar. Sary reňke az mukdarda gara reňk goşulsa, goňur reňk emele gelýär. Netijede, bu reňk biri-birine ýakyn reňk hasaplanylýar. Dürli reňkli eriş ýüplügi garylmagy netijesinde gije-gündiz reňki alynýar. Mata dokalanda erşi esasy, argajy kömekçi reňkli ýüpden dokalsa, gije-gündiz reňk emele gelýär. Gyzyl reňke sary reňk damdyrylyp, mämişi reňk alynýar. Mämişi we gyzyl reňk biri-birine ýakyn reňk hasaplanýar. Biri-birine ýakyn reňklere gamma ýa-da utgaşykly reňk diýilýär.




**18-nji surat. Deň öwüşginli reňkleriň aýlawy**

Üstki eşik kül reňkde taýýarlanylan bolsa, bu geýim açyksow reňkdäki matadan taýýarlanypdyr diýilýär. Önüm garamtyl, garyşan reňkde taýýarlanan bolsa, onda oňa garyşyk öwüşginde taýýarlanan model diýilýär.

Suratçylar reňkleri ýazgyn reňklere bölýärler. Ýazgyn reňkler solak reňklere degişli bolup, olara aýdyň açyk reňkler diýilýär.

Reňk özara baglanylyşylyp, kanunalaýyk gelşikli düzülýär. Egin-eşigiň nusgasy taýýarlananda, hünärmen öz tejribe işinde az reňkli matalary ulanýar. Dok reňklere ýa-da solak reňklere salgylanýar. Bu reňkleriň aýratynlygynyň üç görnüşde bolmagy bilen, biri-biri bilen arabaglanyşyklydygyny belleýäris: toždest-deňeçer, nýuans-çalyşma, kontrast-gapma garşy.

Reňkleriň sazlaşykly baglanyşygyna reňkleriň görnüşi boýunça gabatlaşmagyna, onuň doýgundygyna ýa-da açykdygyna seretmezden, biri-birine deňeçer bolmagyna aratapawudyň ýok bolmagyna nýuans – çalyşma diýilýär. Bir reňk bilen birden başga gelşige getirip, durky bezäp bilýän ýa-da bezegden gaçyryp bilýän reňke gapma-garşylyk ýa-da kontrast diýilýär. Meselem, kontrast: ak bilen gara reňkde, gara bilen gyzyl reňkde, mawy bilen açyk sary we ş.m. reňklerde model taýýarlamak maslahat berilýär. Bu reňkler biri-birine gapma-garşydyr, ýöne model taýýarlananda bu reňkler biri-biri bilen oňşup gelşikli lybas taýýarlamaga kömek edýär.

Ýokardaky ýazgylarda belleýşimiz ýaly, kanunalaýyk reňkleriň sazlaşykly düzüminiň düzülişi reňkleriň hatary boýunça ýaýradýarlar. Bu reňklere köp hromly reňkler hem diýilýär. Bulardan dörän bir reňk diýilýär. Sebäbi kähalatda üç reňki garyp hem bir reňk alynýan wagty hem bolýar. Gara we ak reňkden taýýarlanýan önümlere bitarap reňkden taýýarlanan model diýilýär. Açyk reňkden taýýarlanan önümlere: sary, mämişi, ýaşyl we ş.m. gözilginç dartgynly reňkden taýýarlanan önüm hasaplanylýar. Ak reňk adamda asuda duýgy döredýär. Bu reňk baýramçylyk reňk hasaplanylýar.

Arassa gara reňk hem gözilgiňçdir. Ol dartgynly güýjüň reňki bolup, agraslyk reňki hasaplanylýar. Spektor şöhlesiniň çyzygyndaky gyzyl we syýa reňkiň dartgynly güýjüni basýar. Gülgüne we krem reňkler tämiz hasaplanylyp, bu reňkler bezemen reňklere degişli bolup durýar. Bu reňkler ýumşak, näzik, asuda, haýal işjeňligiň düzümindäki reňklere degişli bolýar.

Nusga modelirlenende, reňkiň düzümini ulanmaly. Reňkler adamy durmuşa ugrukdyrýar we adamy tebigatyň reňki gurşap alýar. Reňkler adamlara duýujylyk täsirini, kesgitlenen keşbi berýär we olaryň keýpihonlugyny üýtgedýär. Garaňky

reňkler agras reňk bolup, kähalatda sussuňy pes edýär. Açyk reňkler adamlarda şatlyk, şähdaçyklyk döredýär. Durmuşda reňklere şeýle häsiýetnamalar berilýär: “Gara güýç, gara günler, gülgüne arzuwlar, ýagty akyl”. Reňkler tebigat bilen baglanyşmaly. Günüň şöhlesini sary reňkiň gözüňi kör edýändigini görüp bolýar. Gyzyl-sary reňki oduň şöhlesi. Gök-mawy reňkde asmanyň, ýaşyl reňkde tokaýyň reňklerini görmek bolýar. Solak-sary reňkler güýz pasly bilen baglanyşýar.

Gyzyl, goňur, mämişi reňkler ody, batyp baýan Güni ýatladýar. Gök reňkler asmany we deňzi ýatladýar. Reňkleriň görnüşleri adamy köşeşdirýär. Kähalatda bolsa gaharyny getirýär. Önümçilikde köp halatda diwarlar, enjamlar üçin açyk ýaşyl reňkler ulanylýar. Ýaşyl reňk asudalygyň, köşeşdirýän reňkleriň biridir. Gyzyl reňk hyjuwlandyrýar. Gyzyl reňkde daş-töweregindäki gurşap alýan adamlaryň ünsüni özüne çekýän güýç bar.

Matanyň düzümine käbir mukdarda reňkler täsir edýär. Eger-de solak reňkdäki matadan önüm taýýarlanylsa, ol önüm tomus geýmäge niýetlenilse, eşik öz reňki bilen bedene hyzmat edip, adamy günden goraýar. Şonuň ýaly hem günüň şöhlesi esasynda eşik agarýar ýa-da solýar. Açyk ak, ýagty reňkler günüň ýiti şöhlesini yzyna serpikdirýär.

Halkyň arasynda milli söýgüsine, adata öwrülen reňkler hem bardyr. Olar milletiň däp-dessulary bilen baglanyşykly bolup, milletiň durmuşynda taryhy maglumatlaryndan alyp bolýar. Ýagny türkmeniň milli reňkleri bolan gyzyl, gyrmyzy, goňur, ýaşyl reňkde mata saýlanylyp, ýaşyna görä nusga taýýarlapdyrlar.

Adamlaryň reňk saýlamagy onuň häsiýetini, pikirini, erjelligini, islegini kesgitleýär. Şeýle hem adamlaryň ýaşlaryna görä reňkler saýlanylýar. Durmuşda çagalara, ýaşlara, orta ýaşdakylara, garrylara aýry-aýry reňkler saýlanylýar. Muňa durmuşyň adam ýaşynyň talap edişiniň kesgitlemesi diýilýär.

Açyk arassa reňkli, gök reňkli, gapma-garşy reňkli modelli egin-eşigi ýaşlar geýýärler. Bu reňkler ýaşlara gelişýär. Çylşyrymly, saldamly, agras reňkli modelde taýýarlanan eşikleri orta ýaşan we garry adamlar geýýärler.

Sowuk reňkdäki matalardan daýaw bedenli adamlara nusga taýýarlasa, nusga kemini ýapyp, bedeni gelşikli görkezýär.

Açyk, solak reňklerden hor adamlara nusga taýýarlamak maslahat berilýär. Adamyň bedenine görä model taýýarlanylyp, reňk hem şoňa görä ugrukdyrylýar. Käbir zenan maşgalanyň bykyny çakdanaşa ýaýraň bolýar, zenanyň bykyn kemini ýapmak üçin gara matadan ýubka taýýarlamak maslahat berilýär. Ýokarky köýnegi bolsa açyk ak reňkden taýýarlamak maslahat berilýär. Gapma-garşy reňkler käbir adamlara gelşenok. Munuň

sebäbi nämeden diýen sorag ýüze çykýar. Munuň sebäbi eliň, ýüzüň reňki, gözüň reňki kabul etmese, gapma-garşy reňklerden taýýarlanan model bedene gelişmeýär. Ýa-da köýnegiň ýakasyny gabatlap, ýüz keşbiňe gelşik bermäge ýykgyn etmeli. Atynjany hem köýnegiň reňkine gabatlap atynmak maslahat berilýär.

Birnäçe reňkler bilen baglanyşykly kostýum geýen adama köphromly reňkli geýnipdir diýilýär. Şonuň üçin egin-eşigiň düzüminiň dürli görnüşde bolmagy maslahat berilmeýär. Çünki ol adamyň geýnişini pese düşürýär. Egin-eşigiň düzüminde sazlaşyk ýitýär.




**19-njy surat. Reňkleriň baglanyşygy**

Biz reňkleriň töwerekleýin düzülişine üns bereliň. Olar jübütleşip, goşmaça sary, gök, ýaşyl, gyzyl, aralyk reňkler emele gelýär we 16 sany reňk yzygider düzülýär. 16 reňkler biri-birine girişme esasynda düzülýär. Şeýlelikde, möhüm bolan görnüşleri ýerine ýetirmek mümkin.

Goşmaça baglanyşýan reňkleriň töwerekde hemmesiniň deň aralykda ýatmagy, deň sanlar bilen esasy reňkleri goşmaça ýerleşýär we biri-birine garşylygy görkezýär.

Töwerekde ýerleşen reňkleriň ýokarky böleginde arassa sary reňk we aralykly reňkler ýerleşen we olar öz arasynda goşandyny saklaýar. Töwerekde ýerleşen reňkler ýokarky we aşakdaky görnüşleri biri-birinden ýiti üýtgeýär. Biri-birine gabat gelmeýär. Töweregiň ýokarsyndaky reňklere ýyly reňkler degişli. Töweregiň aşakdaky reňklerine sowuk reňkler degişli. Arassa gyzyl we arassa ýaşyl sowuk reňkden ýyly reňki aýyrýar. Bular ýyly reňkleri we sowuk reňklerden bitarap hasaplanýar.

• Töwerekde ýerleşen reňkiň sag tarapynda arassa gyzyl bolup, töwereginde gyzyla aralyk reňkler ýerleşen. Töweregiň çep tarapynda arassa ýaşyl reňk ýerleşip,

ýaşyla ýakyn reňklere aralyk reňkler diýilýär. Reňkleriň dikligine kesişýän nokadynda arassa sary we arassa gök reňkler ýerleşen. Yzygiderlilik boýunça sagdaky reňkler çep tarapdaky reňklere gapma-garşydyr (*20-nji surat*).

• Hromatiki reňkleriň arasynda iki reňkler gapma-garşylyklydyr. Ýyly we sowuk reňkleriň gapma-garşylygy sary-gök we goşmaça garşylyk gyzyl we ýaşyl reňklerdir (*21-nji surat*).




**20-nji surat. Iki reňkleriň sazlaşygynyň düzülişi**



**21-nji surat. Üç, dört, alty reňkleriň sazlaşygynyň düzülişi**

Aralyk reňkleriň hersiniň 4/1 bölegi aýratynlyklary bilen tapawutlanýar, ýöne olar biri-birine garşy däldir. Töwerekdäki 4 nokatdaky reňklerde reňk düýpgöter üýtgeýär we beýleki garşydaş reňklere geçip, goşmaça reňkleri döredýärler.

Şeýlelikde, hromatiki baglanyşykly reňkler kesgitli toparlara bölünýär. Olar psihologiýa we fiziki alamatlar boýunça tapawutlandyrylýar:

1. Garyndaş reňkleri utgaşdyrma (nýuans).
2. Garyndaş gapma-garşy reňkleriň utgaşmagy.
3. Gapma-garşy reňkleriň utgaşmagy.

Garyndaş reňkler biri-biriniň garamagynda bolup, tölerekde ýerleşen reňkleriň 4/1 böleginiň esasy reňkler bilen baglanyşýar. Esasy reňk garyndaş reňk hasaplanmaýar. Sebäbi olar garylmadyk arassa reňk hasaplanylýar. Olaryň düzüminde goşmaça reňk aralaşmadyk hasaplanylýar. Bu baglanyşýan reňkler ýumşakdan gelen näzik, ýöne olaryň işjeňligi azdyr.

Garyndaş gapma-garşy reňkler esasy reňkleri goňşulary degişlidir. Meselem, töwerekde reňkleriň ýerleşişi boýunça sary-ýaşyl we gök-ýaşyl dörtlükler.

Garyndaş gapma-garşy reňkler dört topara bölünýär:

a) gök-gyzyl we gök-ýaşyl reňkler;
b) sary-gyzyl we sary-ýaşyl reňkler;
ç) sary-gyzyl we gök-gyzyl reňkler;
d) sary-ýaşyl we gök-ýaşyl reňkler.

Bu 20-nji suratda görkezilýär. Olar hökman beýleki biriniň reňkine gapma-garşydyrlar.

Gapma-garşy garyndaş reňkleriň düzülişi işjeň, göze ilýän, dabaraly hasaplanylýar. Gapma-garşy reňkler töwerekde ýerleşen reňklerde biri-birine garşylykda ýerleşýärler. Bular hem dört topara bölünýär:

a) arassa sary we arassa gök;
b) arassa gyzyl we arassa ýaşyl;
ç) sarymtyl gyzyl – ýaşylymtyl gök;
d) sarymtyl ýaşyl – gyzylymtyl gök.

3-nji reňkleriň baglanyşdyrylmagy has çylşyrymlydyr. Üç reňk üç buýruk esasynda gurulýar. Olar deň gapyrgaly burçda ýerleşýär. Iki garyndaş reňkler deň gapyrganyň üçburçlugyň esasyna ýerleşdirilýär. Garyndaş iki reňk üçburçlugy depesindäki reňke sazlaşykly utgaşdyrylýar (*21-nji surat*).

Çyzgydaky iki deň üçburçluk hem-de deň gapyrgaly üçburçluk dürli garyndaş reňkler bilen gapma-garşy utgaşdyrylýar, üç reňk sazlaşdyrylýar.

Iki sazlaşýan garyndaş gapma-garşy reňklere baş reňk goşulýar

Gönüburçly üçburçlugyň esasynda üç reňkiň sazlaşmagy 22-nji suratda düşnikli görkezilýär.

Häzirki zaman kostýumlarynda reňkleriň, öwüşginleriň sazlaşyklaryň çäksiz görnüşleri ulanylýar. Reňk hakynda ýörite ylym bar. Biz diňe umumylarynyň üstünde we olaryň düzgünleri barada durup geçeliň.




**22-nji surat. Gapma-garşy, işjeň, ýagty, joşgunly reňkler**

Älemgoşaryň ýedi reňklerinden başga (gyzyl, mämişi, sary, ýaşyl, mawy, gök, benewşe) reňk älemine iň soňky bolup, gyrmyzy, ýagny melewşe bilen gyzylyň aralygyndaky reňk girýär. Esasy reňkler bolup hasaplanýan arassa 4 reňk: gyzyl, ýaşyl, sary, gök. Beýlekileri gara ýa-da ak, ýagny dürli däl hasaplanýan reňkleri garylmak, goşulmak ýoly bilen emele gelýär. Çal reňki dürli öwüşginli, açyk däl goňur – ýaşylymtyl sazlaşyga hiç hili özüne çekmeýän hasaplanylýar. Eger-de reňkiň düzümine gyzyl we sary reňk girse, ol ýylylyk ýaly kabul edilýär, ýaşyl, has-da gök reňk sowuklygy aňladýar. Käbir reňkler, has-da sary reňk bir zadyň golaýlaşýan; gök reňk bir zadyň daşlaşýan duýgusyny döredýär.

Reňkleriň şu we beýleki häsiýetlerini suratkeşler ulanýarlar. Suratyň bir tebigy çuňlugy ýok, ol düzlükde, ýagny matada, tagtada, kagyzda ýerleşýär. Ýöne döredijiniň ussatlygy zerarly tomaşaçynyň öňünde düzlükde, asmanda, hatda hereketde görünýär. Kostýum döredeniňde, reňkiň hili hökman hasaba alynýar. Açyk arassa ýyly reňkler bir zady golaýladýar we göwrümini uly görkezýän ýaly bolýar, şol bir wagtda bolsa ony ýeňilledýän ýaly. Goýy sowuk reňkler daşlaşdyrýar, kiçeldýär we agras görkezýär.



**23-nji surat. Reňkleriň matalarda sazlaşmagy**

Kostýuma reňki sazlamak üçin onuň durmuşda ulanyş meselelerini çözmeli, sadaja käbir düzgünlerini ýadyňdan çykarmaly däl, olary hemme wagt ünsden düşürmeli däl.

Her bir adamyň daşky sypaty, şol sanda teniniň, gözüniň, saçynyň reňkleri bar. Geýmiň reňki olary

gaýtalap, güýçlendirip ýa-da gapma-garşylykly görnüşde sazlaşykly, owadan, göze dürtülmesiz görkezip biler. Eger-de dükanda size mata ýaran bolsa-da, entäk uly top matany siziň teniňizde nähili görünjegi belli däl.

## §6. EGIN-EŞIGIŇ KLASSIFIKASIÝASYNYŇ ESASY WE OŇA EDILÝÄN TALAPLAR

Soňky ýyllarda döwletimiz tarapyndan birnäçe tikin önümçiligi bilen baglanyşykly çözgütler kabul edildi. Önümçiligiň göwrümini giňeltmek, öndürilýän önümleriň görnüşini köpeltmek barada önümçilikleriň täsirini ýokarlandyrmak bilen öndürilýän önümleriň hiline uly üns berilýär. Tikinçilik önümçiliginiň öndürijiligi ýokarlanýar. Döwrüň ösmegi esasynda modaly eşikleriň täze görnüşleri döredilýär. Modelirleme esasynda önümçiligiň işi çylşyrymlaşýar. Danlar we gyra kesikleri boýunça modelirlenende 10°, 15–17° gyşarma ulanylýar. Şeýle hem bu gyşarma epinli bezegi ýerine ýetirende bu hadysa amala aşýar.

Egin-eşigiň taslamasyny görnüşe getirmek üçin iň soňky modaly matalar ulanylýar. Bu düzgüni amala aşyrmak üçin matalar esasynda iş alnyp barylýar. Modelirleme esasynda bölekler sepleşip, konfigurasiýasy emele gelýär. Gyşarmada we dan çuňlugy döredilende berlen gradus ölçegden çykyp bolmaýar. Ol eşigiň durkuny ýitirýär. Gasyn bezegli matalaryň görnüşleri bar. Ýöne tikinçilik sehinde hem gasyn, epin bezegleri ýazgyn matada ýerine ýetirilýär. Ol örän çylşyrymly bezeglere degişli hasaplanylýar.

Çygly ýylylyk işinde girizme, süýndürme, tämizleme tikini açyk, ýapyk we ş.m. görnüşleriň hadysalarynda ýerine ýetirilýär. Ýörite bug manekende we ütük bilen tämizleme işi ýerine ýetirilýär.

Egin-eşik adamzady tebigatyň daşky gurşawyndan goraýan önümdir.

Adamyň aýakgabyndan başlap, adamyň bedeniniň dürli eşikler bilen öwezini doldurýan önümlere kostýum diýilýär. Bir adamyň ýa-da onuň maşgalasynyň ähli egin-eşiginiň toplumyna garderob diýilýär. Täze döredilen egin-eşigiň durky onuň silueti (sudury) bilen kesgitlenýär. Siluetler erkek adamlaryň egin-eşikleriniň nusgalary döredilende, ýarym syrlaşan, göni syrlaşan, giňişleýin görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Siluet boýunça erkek adamlara taýýarlanýan önümleriň egin kesikleri beýik, pes, adaty, uly görnüşlerde model taýýarlamaklyga saýlanylýar. Önümiň

etek kesigi adaty, giň görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Nusgany has modaly görnüşe getirmegiň ähmiýeti örän uludyr. Ýeň öýüniň çuňlugynyň dinamikada üç görnüşde: kiçi, adaty we uly ölçegde ýerine ýetirilýär.




**24-nji surat**

Oglan çagalara şol dinamikany kiçi nusgada gaýtalanýar. Esasan hem, XX asyrda hünärmenler şu düzgüni önümçilikde ýola goýdular. SSSR döwründe erkek adamlaryň köýnekleri önümiň klassifikasiýasy N85 belgilenýärdi. Şeýle hem oňa golaý derejeler bilen häsiýetlendirilýärdi:

• 1-2-nji derejede (85) synpynyň kody “Tikin önümi”;

• 3-nji derejede tikin önümi boýunça: üstki eşikler, penjek, köýnek, içki eşik, başgap, ýörite eşik;

• 4-nji derejede tikin önümi, palto, ýarympalto, köýnek;

• 5-nji derejä çig maldan, nah mata, ýarym zygyr mata, ýüpek, sintetika örme matalaryndan taýýarlanan;

• 6-njy derejede erkek adamyň, aýal maşgalanyň, oglanlaryň eşiginiň daşky görnüşi we ş.m.;

• 7-10-njy derejä çenli klassifikasiýanyň önümiň içki görnüşi degişli.

Modeli taslamak üçin ýörite maksatnama taýýarlanýar. Maksatnama iki topar boýunça: talap edijilik hem-de senagat ykdysadyýeti boýunça taýýarlanylýar. Talap edijilik toparyna degişli talaplar şulardan ybarat: ekspluatasiýa, estetika, gigiýena, haryt görnüşi we ş.m. Ekspluatasiýa talaplary şulary öz içine alýar: bellenen hyzmat edijilik şerti, hyzmat edijilik möhleti, durkuny saklaýşy degişli.

Estetika talaplary modanyň ugruny, täze döredilen matanyň görnüşini, bezeg işleriniň görnüşlerini öz içine alýar. Gigiýena talabyna: beden ýylylygy saklaýjylygy, howa geçirijiligi, bedeniň içki we daşky çyglylygy, saklanylyşy, eşigiň agramy, hereket etmäge oňaýly bolmagy degişli.

Senagat ykdysady talaplaryna matanyň tygşytly ulanylyşy, önümçiligiň tehniki taýýarlygy degişlidir. Modeliň taslanylyşynyň öz aýratynlygy bar. Taslamanyň esasy hadysalarynyň biri modeliň taýýarlanylyşy we konstruksiýanyň resmi hatlaryny taýýarlamak.

Modeliň taslamasynyň düzümi üç tapgyr boýunça ýerine ýetirilýär. *Birinji tapgyrda* modelleriň görnüşleri modalar öýünde taýýarlanylýar. Modalar öýünde egin-eşik birnäçe täze görnüşli matalardan taýýarlanylýar. Nusganyň biçüwi moda laýyk ýerine ýetirilýär. Baza ülňüleri taýýarlanylýar.

*Ikinji tapgyrda* kärhanada üpjün edilen matalardan modalar öýünden gelen nusgalar taýýarlanylýar.

*Üçünji tapgyrda* önümçilikde şol nusgalara öz ölçegleri goýlup taýýarlanylýar. Bu hadysa synag bölümde ýerine ýetirilýär.

Modelirleme işi iki usulda: mulýaž we analitik usulda ýerine ýetirilýär. Mulýaž usulda maneken ýa-da bedene mata iňňelenýär. Tejribe üçin esasy mata, ýumşak kagyz ýa-da kanwa ulanylýar. Iňňelemeden soňra gyra kesikleri çyzylýar. Bu usul iňňejikleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.




1. Kanwa gözenegi we geodeziýa usuly




2. Üçburçluk usuly



**25-nji surat. Bedeniň grafiki gurluşy**

Analitik usul kanuny hasaplamalar esasynda ýerine ýetirilýär. Onuň üçin dürli çyzgylaryň kömegi ulanylýar. Geodeziýa usulynda $X_1X_2X_3X_4X_5$ perpendikulýar çyzgylar *O* nokatdan *y*, *x* okunyň gurulmagy bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär.

Beden heýkelini üçburçluklara bölýäris. 25-nji suratda görkezilişi boýunça nusganyň ülňüsiniň çyzgysyny taýýarlaýarys. Üçburçluk usul boýunça ýerine ýetirmek çyzgyda görkezilen. Çyzgyda gorizontal kesişme gaýtalanýar. Olar ok çyzygyna otnositeldir. Kesişmeleriň kömegi esasynda üçburçluklaryň birnäçe meýdanlaryna bölünýär. Dört koordinat usuly nokatlaryň kömegi bilen çyzgy gurulýar.

# §7. MODEL TAÝÝARLANYŞYNYŇ TEHNOLOGIÝASY

Egin-eşigiň modelirlenilişi inçe sungat hasap edilýär. Çeper ýerine ýetirilen nusga adama durmuşda hyzmat edýän önüm bolup, onuň görnüşine görä tejribe ähmiýetleri ulanylyp ýerine ýetirilýär.

Modelirleme önümiň esasy biçüwini modalaşdyrmakdyr. Döredilýän täze modeliň görnüşi tikinçilik kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylýar. Modelirlenen tikin önümi bedende gelşikli görünýär.

Biçüwi modelirleme – nusganyň durkuny döretmek çylşyrymly kyn sungat bolup, hünärmene ýörite bilim, ussatlyk, oýlap tapyjylyk, tikiniň tehnologiýasyny bilmek zerurdyr. Biçüwi modelirlemegiň üç düzgüni bar:

1. Taýýarlanýan model adamyň içki we daşky dünýäsine gabat gelmeli.
2. Buýrulan model tabşyryga gabat gelmeli.
3. Modeliň durkuny, buýurmany, ýerine ýetirmek üçin matany dogry saýlamaly.

Fransuz modelýeri Karden modany döretmek barada şeýle diýýär: “Men modany daşardan, köçeden alýaryn we onuň üstünde işläp ýene-de yzyna ugradýaryn”.

Model suratda görkezilişi ýaly nusga beden bölekleri boýunça ýerine ýetirilýär. Ýagny beden böleklerinde danlar bilen modalaşdyrmak, bezeg işleri, konfigurasiýa döretmek ýerine ýetirilýär. Biziň döwletimiziň künjeklerinde ençeme dokma toplumlary işleýär. Toplumlarda we tikinçilik kärhanalarda modeller hünärmen tarapyndan ýerine ýetirilýär. Bu işler modelhanada synagyň üsti bilen amala aşyrylýar. Hünärmenler işe başlanda üç ugra üns berýärler. Synag işine, model döretmäge, täze model üçin matanyň täze görnüşine üns berilýär. Bölümdäki ýerine ýetirilýän önümiň netijesi üstünlige ýetýär diýip kesgitlenilýär. Ýagny özüne düşýän gymmaty artykmajy bilen ödejekdigine hünärmenler tarapyndan güwä geçilýär. Eşigiň modelini döretmek bilen dokma senagat önümçiligine buýrulan nusgany taýýarlamak üçin gerek bolan mukdardaky matany dokadyp taýýarlamaga buýurma haýyş edilýär.

Önümçiligiň geljegi we ösüşi iki tapgyrdan düzülip, modeliň taslanylyşy we matada taslanan modeliň ýerine ýetirilişi bilen bagly. Bu modeliň bir görnüşi teklip edilýär. Modeliň eskiz görnüşini döretmäge, edilýän teklibe gabat gelýän mata saýlanylýar. Nusganyň çeperçilik hadysasyny hem öz içine almaly. Işiň tehnologiýasynyň alnyp barlyşyna hünärmenlerden modeliň awtory, konstruktor, ussat ýerine ýetirijilik bilen modeliň taýýarlanylyşyna görkeziji goşant goşýarlar. Ilkinji jogapkärçilik modelýere bagly. Işiň sazlaşykly ýerine ýetirilişinde taýýarlyk iş tapgyry başlanýar. Suratçy modelýer indiki görkezilen soraglaryň çözgüdine jogap tapýar:

1. Kim üçin model döredilýär?

2. Döredilýän model nähili ugra niýetlenilýär?

3. Modeliň durky.

4. Onuň reňkiniň resmi çözgüdi. Çeper oýlanmalary amala aşyrmak bilen kabul etmek.

5. Sazlaşyk üçin niýetlenen matanyň ulanylyş usulynyň hadysasy.

6. Modeliň önümçilikde ýola goýulmagynyň kesgitlenilişi.




**26-njy surat. Bedeniň görnüşi (a) we deň ölçege bölünişi (b):**
*1 – berdaşly beden; 2 – adaty beden*

Suratçy modelýer tarapyndan şu soraglara jogap tapylýar. Suratçy modelýer taýýarlanjak önümde dürli çeşmelere salgylanmak bilen tebigatyň, milli sungatyň döwrebap talaplarynyň görnüşlerini ulanýar we nusgany bezemegi başarýar. Taýýarlanýan modelde modelýer gadymy döwürde modaly nusgalarynyň halk arasynda bolan bezeglerini nusganyň deňölçegli böleklerde ulanmaklygy ýerine ýetirmegi maksat edinip biler. Suratçy modelýer bu işleri ýerine ýetirenden soňra iň kyn jogapkärli taslamany ýola goýýar. Esasy talaplary surat eskizinde gutarnykly doly çeperçilik taýdan ýerine ýetirilip, täze döwrebap endigi bilen amala aşyrýar. Her bir model boýunça edilen teklip, awtor tarapyndan her dürli reňkli, özgerdilen görnüşde işlenip taýýarlanylýar. Modeliň görnüşiniň biçüwiniň dürlüligi matanyň görnüşiniň reňkleriniň, bezeg öwüşginleriniň dürlüligi boýunça ýerine ýetirilýär we öwrenilýär. Soňra awtory kanagatlandyrýan nusganyň görnüşi kiçi ýa-da gizlin maslahatda ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu maslahata iň tejribeli ussat hünärmenler gatnaşýarlar. Maslahatda onuň kemçilikleri nusga

goşulmaly, aýyrmaly teklipleri makullanylýar. Giňişleýin öwrenilýär hem-de ýygnagyň karary çykarylýar. Ýygnagyň kararynda önümçilikde öndüriljek önümiň özüne düşýän gymmaty kesgitli görkezilýär. Synag bölüminde mulýaž usulyndaky tehnologiýa boýunça taýýarlanýar. Ülňiniň ýetmezleri aradan aýrylýar. Meselem: oturtma ýakanyň görnüşini doly tapmak üçin, ýakanyň gyrasyna epinli ýa-da tolkunly bezeg berilýän bolsa, onda ol ýakanyň kesgitli ölçegi mulýaž usulynda düýpli ýerine ýetirilýär. Doly taýýar görnüşe getirilen önümi doly söküp, onuň şekili tekizlige geçirilýär. Şeýlelikde, täze modeliň ülňüsiniň esasy taýýarlanylýar.



**27-nji surat. Maneken göwrede modalaşdyrmagyň usuly**

Galyp ülňiniň usuly mulýaž usulyndan soň ýerine ýetirilýär. Ýagny ol tekizlikde çyzylyp gurulýar. Tekizlikde taýýarlanjak ähli detallaryň, ülňüleriň üstünde işlenilýär. Bezeg berýän danlaryň görnüşleri görkezilýär. Önüme goşmaça bezeg berýän ownuk bölekler üçin aýratyn ülňi taýýarlanylýar. Modeli doly taýýar görnüşe getirmek üçin taýýarlanan ülňüleriň jemine toplumlaýyn ülňi diýilýär. Kesgitlenen ülňi esasynda niýetlenen modele önüm taýýarlamaga kesim işinde ulanylýar. Kökläp manekene geýdirilýär we täzeden bellenen ölçege deňelip, barlanyp görülýär, kemi aradan aýrylýar. Bu işiň tehnologiýasynyň ýerine ýetirilişine: synag bölüminiň modelýeri, konstruktory, ýerine ýetiriji ussalar doly jogap berýärler.

Nusga taýýarlanýan mata näçe owadan, baý görünse-de, eger onuň ülňüsinde kem bolsa tikin çyzyklary işlenip bejerilende kemçilik goýberilse, modeliň haryt derejesi peselýär. Şonuň üçin önüm takyk, zyba, kemsiz-köstsüz ýerine ýetirilýär. Kemsiz-köstsüz ýerine ýetirilen önümüň hiline, owadanlygyna ýokary derejede modaly önüm diýip baha berilýär. Modeliň tassyklanmagy bilen kompozisiýa işiniň birinji tapgyry tamam bolýar.

***Matada kompozisiýanyň ýerine ýetirilişi.*** Bu işiň bölegi ülňüleriň taýýarlanmagyndan başlanýar. Modeli ýerine ýetirmek üçin konstruktor-modelýer matanyň şekilini öwrenýär. Eskizde görkezilen modeliň talabyna gabat geler ýaly, önümiň owadan görünmegini maksat edinip matanyň görnüşini dogry saýlamaly. Ülňiniň görnüşleri eriş we argaç ugurlary boýunça alnyp barylýar.

Gurnama çyzgy tehnologiýa esasynda tekizlikde gurulýar. Tekizlikde modeliň durkunyň bölek-bölek ülňüleri biri-birinden aýratynlykda ýerine ýetirilýär. Bu ülňüler ýönekeý matada biçilip, usuly iş geçirilýär.

Mulýaž usulynda janly bedeniň durky däl-de, maneken (göwre) ulanylýar. Manekeniň üstünden modeliň taýýarlyk işleri ýerine ýetirilýär. Ýagny synag önümçiliginde ýa-da modelhanada maneken göwreleriň birnäçe ölçegdäki görnüşleri bilen üpjün edilen. Manekenler oglan-gyz, eje-kaka, çaga diýip san ölçegleri bilen atlandyrylýar. Nah matasy bolan biz ýa-da zygyr matasyndan niýetlenen model boýunça manekene iňňelenýär. Iňňeläp bolandan soň egin kesigi, gapdal kesigi hek ýa-da galam bilen çyzylýar. Soňra ýazgyn görnüşde öwrenilýär. Modeliň ülňüsi ýerine ýetirilýär. Tikinçilik hünärmeni täze matadan önüm öndürýän pursatynda, öz döredijiliginde täze açyşlar etmek bilen, biçim işi ýerine ýetirilende, matanyň dürli amatly ugurlaryny ulanyp, naýbaşy önümi almaga, döwrüň talabyny kanagatlandyrmaga ýykgyn edýär. Munuň özi önümçiligiň model taýýarlama tehnologiýasyny ösdürýär.

Nusga önüm öndürýän hadysada näçe wajyp bolsa, şonça hem manekene nusga geýdirip, synap görme işi geçirilýär we kemi düzedilýär. Gutarnykly ýerine ýetirilen model niýetlenen adama geýdirilip, aksessuar bezegleri bilen öwezi doldury-

lyp, dabaraly maslahatda görkezilýär. Model eşigini görkeziji öz bedeniniň hereketi bilen öňüni, arkasyny, gapdalyny doly görkezýär.

Bu dabaraly maslahat kärhananyň ýolbaşçylary, suratçylar, modelýerler, tikinçilik senagatynyň hünärmenleri, telekeçiler jemgyýetiniň wekilleri gatnaşýar. Bu maslahatda görkezilen model tassyklanylýar. Taýýarlanan önüm maslahatda tassyklanandan soňra, buýurmalar esasynda kärhanada önüm işe ugrukdyrylýar. Taýýarlanylýan täze model önümleri dükanlara satuwa ugrukdyrylýar. Satuwa goýberilen eşikleriň şekiline jemgyýetçilik tarapyndan edilýän teklipler hasaba alnyp, hünärmenler geljekki iş maksatnamasyny göz öňünde tutup, täze modelleriň taslamasynyň üstünde işläp başlaýarlar. Öndürilýän önüme tehnologiýanyň işini ýerine ýetirýän resmi hatlar taýýarlanylýar.

Matanyň häsiýetleri öwrenilýär we taýýarlanan modelde 28-nji suratdaky görkezilen belgiler goýulýar.




**28-nji surat**

## §8. MILLI KÖÝNEKLERIŇ BIÇILIŞI WE TIKILIŞI HEM-DE ONUŇ KÄMILLEŞDIRILIŞI

Türkmen gelin-gyzlary halkymyzyň gadymdan gelýän mukaddes däplerini, dessurlaryny, edim-gylymlaryny öz paýhaslary bilen öňe alyp barýan gudratly güýçlerdir.

Türkmen halky Garaşsyzlygyň ilkinji gününden başlap, ýitip giden däp-dessurlarymyzy dikeltmek işine başlady. Türkmen milleti döräli bäri, onuň gadymy däp-dessury, edebiýaty, sungaty bilen birlikde milli egin-eşigi hem bar. Gelin-gyzlarymyz asyrlarboýy şol egin-eşikleriň milliligini saklap, şu güne çenli ýerine ýetirmekligi dowam edýärler.

Keteni çyrpa, kürtä ýaly niýetlenen ajaýyp matalary gelin-gyzlarymyzy tämiz akyl-paýhasynyň, gara gözleriniň görejiniň, sülük barmaklarynyň zähmeti bilen enelerimiz ýörite ýaş aýratynlyklary boýunça dokapdyrlar. Gartaşan aýallaryň ketenisi inçe ýüpekden dokalypdyr. Türkmen gelin-gyzlarynyň milli egin-eşikleri gadymdan bäri göreni özüne bendi edipdir. Matalar gadymy döwürde Merwde, Nusaýda, Ürgençde dokalypdyr.



**29-njy surat. Milli şaý-sepler**

Türkmen özi üçin öndürýän keteni, daraýy, sowsany, gyrmyzy donluk, çäkmenlik matalary dokamagy şeýle bir kämil derejä ýetiripdirler. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe gelin-gyzlaryň milli keteni matalaryndan döreden nusgalary sanardan kän. Näzik, dok, gije-gündiz, jöwher reňkli keteni matalar günüň söhlesi bilen bäsleşýär.

Modaly egin-eşigiň nusgasyny döretmekde dogrudan hem türkmeniň ketenisi we beýleki matalardan taýýarlanan nusgalar gelin-gyzlaryň görküne görk goşýar. Onuň köz ýaly gyzyl milli reňkli gyzgyn mähri berse, sary zolaklary ýanyp duran oda meňzäp, dünýäniň ýüzüne ýagtylyk çaýýar. Keteni matasy dünýä halklaryny haýrana goýýar. Gyz-gelinleriň egin-eşikleri dessanlarda, eposlaryň şahyrlaryň goşgularynda wasp edilip gelinýär. Mysal üçin:

Goý özgeler geýsin islän lybasyn,
Sen geýnip çyk bu köz ketenini.
Başyňa atynyp elwan seçekli,
Geýip çyk, boýuňa saz ketenini.

Elbetde, şeýle milli ketenini şahyr bolup wasp etmezlik mümkin däl. Türkmende geýim-gejim, milli egin-eşik, biziň milletimiziň diňe daşky görnüşi däl-de, tebigaty bilen hem baglanyşyklydyr.

Türkmen zenanynyň ketenä bolan söýgüsi, buýsanjy, guwanjy has aňyrlardan gaýdýandyr. Keteni gaty gadymy mata bolup, ol XVI asyrda ýörite Müsürden getirilipdir. Gyrmyzy keteniden tikilen köýnegi iň dabaraly gymmat köýnek diýip hasap edipdirler. Köplenç, gyzyl-goňur reňkleri köp ulanypdyrlar. Muňa mysal edip “Saýatly-Hemra” dessanynda şeýle setirler bar:

Egniňe ýaraşar gyrmyzy-ala,
Lebiňe ýaraşar altyn pyýala.
Gülgün geýgin ýarym, gara ýaraşmaz,
Gel, eý, Selbim, sen geýinme garany.

Iki ýany goýberilip giňden uzyn ýeňli, göni ýakaly milli köýnekleriň tikilişi diňe ýaraşykly bolman, eýsem adam egnine geýende hem salyhatly görkezýär. Köýnegiň biçüwiniň ýene bir amatly tarapy bar: iki goluň başlanýan ýerinde goltukIyk üçin tikilýän mata bölegine begeýik diýlipdir.



**30-njy surat. Milli nusganyň kämilleşdirilen görnüşi (syrlaşan görnüşi)**

XX asyryň ortasyndan 60-njy ýyla çenli köýneklerde begeýik ulanypdyrlar, ol aýratyn ýuka nah mata böleginden hem-de köýnegiň ýagyrnysyna ýuka nah matadan ýagyrniçlik tikipdirler. Bu bolsa derlemezlik üçin amatlydyr. Bu hili biçüw tomsuň jöwzasynda bedenden gelýän deriň köýnege we ýakymsyz ys bilen bedeniň özüne zeper ýetirmeginden gorapdyr hem-de derläniňde mata çüýremezlik, ýagny köýnegiň ömrüni uzaltmak üçin hem peýdaly hasaplanylypdyr. Hatda keteni köýnegiň arka tarapynyň içinden başga matadan işlik tutupdyrlar. Onuň esasy tarapy bolsa tygşytlylyk bolupdyr. Başga matadan tutmaklarynyň ýene-de bir sebäbi saçdan, gyňaçdan, dondan ýaňa köýneginiň arka tarapy görünmändir.

Tebigy zähmetden kemal tapyp, tarada dokalýan arassa ýüpekden bolan türkmen ketenisinden aýal-gyzlara niýetlenilen köýnek, çyrpy, çabyt, kürte, tara gyňaçlary, erkek adam üçin çäkmen, gyrmyzy don ýaly egin-eşikleriň biçüw tarapdan gaty paýhasly ölçegde taýýarlanypdyr. Şol döwürde XIX asyrda köýnek biçenlerinde, garyş, sere, beg sere diýen ýaly ölçegler bilen ölçenipdir.

“Anna güni göçme, şenbe güni biçme” diýen pähimli söz bilen tikin işine başlapdyrlar. Öňler keteni biçilende ýeňi, ýany üç in alyp çowlap gyýardylar. Onuň hem sebäbi öňler giň geýlerdi, indi bolsa täzeçe biçüwde, syrlaşan, ýarym syrlaşan biçüwde geýinýärler. Hemme aýal-erkek egin-eşikleri birmeňzeş biçüwde göni, giň görnüşde ýerine ýetirilýär. Aýal köýnekleri erkek adamlaryň köýneginden birinji tapawudy, goşaryna we aýagynyň topugyna çenli uzyn bolupdyr, ikinji tapawudy erkeklerde ýaka sag tarapyndan açylýar, ýagny çäkýaka diýlip atlandyrylýar, ýene-

de bir görnüşi egninde tegelenip kesilýär, oňa şa ýaka diýlipdir. Ýakanyň daşyny bolsa nagyşlap, toý köýnegi hökmünde gyzyl reňkde geýipdirler. Aýallarda ýakany öň tarapynyň merkezinden açyp nagyşlapdyrlar.

XX asyryň 50-nji ýyllaryna çenli türkmen zenanynyň ýakasynyň gyrasyna jähek tutulypdyr. Emma 70-nji ýyldan soň nähili reňkde köýnek geýseň şol matadan hem gyýylyk tutulypdyr. Gyzyl keteniniň ýakasyna ýaşyl jähek çalnypdyr, onuň gyrasyna işip ýüp tutupdyrlar, jähegiň üstünden bolsa berklik hem-de owadanlyk üçin pugtama edilýär. Ýaş durmuşa çykýan gyzlara pugtama has aşakdan edilip, ýakasy uly açylýar. Ol köýnegi ýörite bukja salypdyrlar. Durmuşa çykjak gyzyň bukjasyny görmäge gelenlerinde şol köýnegi görkezmäge utanar ekeni. Sebäbi ol köýnek geljekki käbä niýetlenipdir. Eger kimiň köýneginiň ýakasy jäheksiz bolsa oňa göwnüýetmezçilik bilen seredip, elinden hiç zat gelmeýän hasap edilýär.

Çabyt hem türkmen gelin-gyzlarynyň gadymdan gelýän üstki eşigi hasaplanýar. Çabydyň ýeňine, içine içlik dürli matadan tutulypdyr. Ýakasyna, eteginiň gyrasyna jähek aýlanýar. Çabydyň iki öň tarapyna çapraz-çaňňa ýaly bezeg şaýlary hem dakylýar. Çabydyň iç ýüzüniň gyrasyna parawuz tikilýär. Biçüwi bolsa edil köýnegiňki ýaly begeýikli sanjakly bolýar. Çabydyň daş ýüzüni dürli nagyşlar bilen keşdelenýär, aýallar bolsa öňüne kümüşden 40-50 sany apbasy dakypdyrlar. Kyrk ýaşdan soň gelinler çabydyny bezemeýärler. Ýaşynyň gidişine görä olar dok reňkli matadan köýnek geýipdirler, açyk reňkli matadan geýmändirler.

70-nji ýyllarda biziň gelin-gyzlarymyz ýansyz köýnek geýip başlaýar. Ýansyz köýnek bu ýewropa biçüwi bolup, biz özümiziň milli däplerimiz bilen baglanyşdyrylýar. Häzirki zaman millileşdirilen köýnekleri geýýärler. Häzirki döwürde her dürli matalardan köýnek tikilýär. Biz muňa täzelik diýip düşünýäris. Gadymy egin-eşiklerimize ser salanyňda begeýik, sanja gyýa tutmak, ýeňsapy, jäheklik bölekleri munuň özi eşiklerde öňki wagtlar dürli-dürli matalary ulanylandygyny bilýäris. Bu bolsa biziň gelin-gyzlarymyzyň tikin tikmäge, biçüw etmäge ussatdygyny görkezýär.

Öňki döwürler beýik börügi, esasan, baý adamlaryň aýallary geýipdirler. Börügiň ýüzüni gymmatbahaly kümüş ýa-da gyzyl şaý-sepleri bilen bezeýärler. Börügi şeýle ýasapdyrlar: ýagny gamyşdan, sübselikden, bugdaýyň sypalyndan, gatyrak keçäň böleginden, ýüzüni bolsa düýpli gyňajy bilen daňyp, daşyny hem şaý-sepler bilen bezäpdirler. Düýpli gyňaç tarada öýde dokalýan gyňaç bolup, ony ilki göni dokap, soňra burç edilip, biçilip tikilýär. Alyndaňy hem uzyn dokalypdyr, onuň hem iki ujy nagyşly bolýar.

Aslynda durmuşy zerurlyk üçin ýa-da gönüläp aýtsak, üşemezlik üçin däl-de, bezeneňde-besleneňde geýilýän küleçäniň (ýüň matadan tikilen daşky aýal geýimi, possunça) tikilişi beýleki donlardan has üýtgeşik bolýar. Ol, köplenç, begresden tikilýär ýa-da mahmaldan tikilýär. Öň belläp geçişimiz ýaly, küleçäniň boýunam, ýeňem gysgarak edip biçilýär. Küleçäniň ýerligi gök ýa-da ýaşyl bolsa ýanynyň başyny gyzyl sanjakdyr begeýik oturdyp, özüne kybapdaşrak reňkli galyňsak matadan işlikläp tikilýär. Gyrmyzy dondan çyzyklaryny gyýak düşürip, üç barmak inlikde kesip alýarlar, edil çabydyndaky ýaly küleçänem bütin gyrasyna, iç ýüzüne parawuz alýarlar. Soňra gyzyl ýüpekden sekiz el edip, jähek çalýarlar. Jähegiň gyrasyna aldymgaç tutýarlar. Jähegiň düýbünden alaja basýarlar. Onuň bärsinden bir inlikde gara mata tutup, onuň ýokary tarapyndan alaja basýarlar. Ondan soň gowy hilli gyrmyzy dondaky ýaly üç barmak inlikde parawuz alýarlar. Parawuzyň ýokarsyndan sähelçe çylgym ýer goýup, gyzyl matadan çagajygyň barmajygy ýajak inlikde ýabşyryp çykýarlar. Şondan soň küleçäniň esasy nagyşlary lybasa öwürýän bejergisi başlanýar. Gyzyl begrese salynjak nagşa görä inlilikde kesip alýarlar, haýran galyp oturmaly nepislik bilen gyrkyp, kertip giden bir gözellik emele getirýärler. Soňra ony häki gyzyl çylgamyň ýokarsynda goýup, her deşiginiň kertigiň, öwrüminiň gyrasyny gyzyl ýüpek bilen gaýap berkidip çykarýarlar. Şol nagşyň inliligi käte bir sere çemesi bolýar. Ýerligi gyzyl küleçelerem bolýar. Häzirki ýaşlarymyz küleçäni geýmänsoň, käbir adamlar ýaşy gaýdyşan aýallar geýýärler diýip, ýalňyşrak pikir edýärler. Geýilýän döwründe ony ýaş gelinlerem geýýärler. Ýaşy heniz 30-a ýetmedik aýallaryň geýendiklerini garry aýallar gürrüň berýärler. Ýöne şonda bir aýtmaly zat: küleçäni gyzyl geýmeýärler. Gelin gaýdyp gelensoň düşen ýerine ýagşy ornaşansoň, ýagdaýyna görä edinip geýiberýärler. Gyzlaryň geýmeýänligi üçin başbogy ýapar diýen hasap bilen küleçäniň ýakasynyň ýeňse tarapy nagyşlanmaýar. Aýal maşgalalar öň baş daňyly gezensoň, köýneginiňem ýakasynyň ýeňsesini bejermezdiler.

Keşde çekmek, haly dokamak, keçe etmek sungata öwrülip galan el işleri türkmen gelin-gyzlaryna has gadymdan bäri mahsus bolan hünärlerdir. Türkmen zenany çekýän keşdesine, dokaýan halysyna öz söýgüsini, arzuw-islegini, içki dünýäsini hem bütin älemiň gözelligine geçirmegi başarýar. Hut şonuň üçin häzir tikin önümleri owadan nepis döredilýär.

Hünär adamyň bezegi. Eli hünärli adam hiç wagt hor bolmaýar.

Adam gymmatlyklarynda gözellik paýyny alan türkmen milli lybasy, zenan maşgalanyň kaddy-kamatyna ýaraşyk berýär. Keteni, çyrpy, kürte ýaly ajaýyp eşikler gelin-gyzlarymyzyň akyl-paýhasynyň, sülük barmaklarynyň zähmeti bilen döreýär.

Zygyr ýa-da ketan diýlip atlandyrylýan ösümlikleriniň süýüminden ýüplük taýýarlap, türkmenleriň keteni köýnegini we çyrpydyr kürtäniň matasyny döredýärler.

Keteniniň al-ýaşyl reňki türkmen sährasynyň bahardaky keşbiniň nyşany. Gelin-gyzlaryň akyl-paýhasy göwün göteriji, görejiňe nur çaýyjy ajaýyp reňkleri lybasa geçirilen. Keteniniň gyra bezeginde köňül arzuwlar ýerleşdirilýär. Gyrasynyň her iki gyrasyndan zowwam geçýän çylşyrymly zolak hem keteni bir reňkli bolmakdan halas edýär. Öňler keteniniň gyrasarylary, esasan, bir görnüşde, ýagny uz boýuna geçirilip, köýnek tikilýän bolsa, indi bu görnüşden başga-da gyrasarylar arkaly köýnege bezeg berýär. Gyrasarylar köýnegiň iki gapdalyndan ýa-da öňünden üçburçluk görnüşde ýa-da diňe eteginden goýbermeklik, ýaka dereginde dürli görnüşde tikilýär. Kähalatlarda gyrasylar bilen bezemegiň çylşyrymly ýagdaýynda olar gyrkylyp alnyp, gerek ýerlerinde dürli görnüşlerde sazlaşykly ýerine ýetirilýär.

Geçmişde-de toý lybasy bolan keteni, häzirki döwürde-de durmuşa çykýan gyzlaryň isleg bildirýän toý lybasy bolmagynda galýar. Emma olaryň biçilişi düýpgöter özgerdi. Ýagny ýewropa biçüwinde tikilip, täzeçe öwüşgin berilýär.

Şeýle biçüwdäki keteni köýnekler diňe gyzyl reňkli bolman, eýsem olar ak, gök, sary, ýaşyl reňkli ketenilerden hem tikilýär. Emma gyzyň başyna kürte atyp, atasy öýünden çykarylanda, edil geçmişdäki ýaly häzirki döwürde-de köne biçüwde tikilen gyzyl keteni geýdirilýär. Bu bolsa biziň milli mirasymyzyň häzirki döwre çenli saklanandygynyň aýdyň şaýadydyr.

Ýurdumyzyň beýleki senagat pudaklary bilen birlikde dokma senagatynda hem uly özgerişlikler amala aşyryldy. Iri dokma senagat kärhanalary gurulýar. Ol kärhanalarda halkyň ösen isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýokary hilli, dünýä standartyna laýyk gelýän önümler öndürilýär. Mata fabriklerinde gelin-gyzlaryň tikin işine niýetlenen isleg bildirilýän nepis matalar dokalýar.

Durmuşyň, medeniýetiň ösmegi bilen türkmen aýal-gyzlarynyň owadan, özlerine gelşip duran egin-eşikleri geýmek islegi barha ösýär. Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň zenanlary indi döwrebap geýinmek üçin biçim-tikimi kämilleşdirilen nusgalary döredýärler. Bu nusgalar, esasan, ýewropa biçüwinden ugur alýan-da bolsalar, olar has irki döwürlerde ulanylýan nagyşlara täzeçe öwüşgin berip, bejermek bilen, olary has gelşikli kämil görnüşe getirýärler. Beýle görnüşde tikilen eşikler türkmen zenanlarymyzyň görküne görk goşýar. Beýle kämil owadan nusgalary döretmek, arzuw hyýallaryň joşgunydyr, reňkleriniň sazlaşygydyr.

Ýakalar diňe bir usul bilen däl-de, bir ýakanyň özünden gaýma gaýamaklyk, keşde çekmek we pugtamak arkaly nagyşlar ýerine ýetirilipdir. Şu hili bejergileriň

gadym nusgasyna eýermegi biziň döwrümizde dowam edýär. Köýneklerimiziň biçilişinde, reňkleriň saýlanmagynda, ýakalaryň bejerilmeginde ençeme özgertmeler ýüze çyksa-da, onuň asyl milli nusgasy gadymy döwürden saklanyp galypdyr. Gelin-gyzlarymyzyň köýnegine salynýan häzirki nagyşlar öz köklerini gadymdan alyp gaýdýar. Keşdeler, nagyşlar hem ýöne atlandyrylmaýar.

Gülýaýdy – sekizýapraklyja, gülüp duran güljagazyň şekili.

Kertigi gaýanyň kertiklerini göz öňüne getirip şekillendirýärler.

Başga-da, darak, sekizgoçak, sekiz keşde, gyzyllama, tegbent, gök, kürte goçak, älem we ş.m. nagyşlar keşde çekilende ulanylýar.

Könäniň täze görnüşinde, täze biçüwde ulanylmagy nagyşlara hem keteni matasyna täze öwüşgin berýär.

Ene-mamalarymyzyň el keşdesiniň şan-şöhraty ençeme asyrlardan bäri dilden düşmän gelýär. Türkmen zenany eger-de dünýäde bir zat bilen beýik bolsa, onda ol döreden nepis elişleri bilen beýikdir.

Keşde çekmegiň, gaýma gaýamagyň güzaply işdigini hemmeler bilýär. Käte bir nusgany tikmek üçin aýlar hatda ýyl hem gerek bolýar. Şeýle uzak möhletleýin bejeriş işi, hiç bir boş ýer goýulman keşdeleýän aýallaryň gelinleriň başlaryna atýan çyrpysyna degişlidir. Geçmişde ene-mamalarymyzyň agyr zähmet siňdiren, keşdeläp atýan çyrpylary, häzirki döwürde durmuşa çykýan gyzlaryň köp isleg bildirýän bürenjegine öwrüldi. Bu bolsa biziň gadymdan gelýän el sungatymyza häzirki döwürde goýulýan sapaklaryň aýdyň subutnamasydyr.

Milli lybasymyz häzirki döwürde diňe keşde bilen bezelmän, eýsem tarada dokalan düýp gyňaçlaryň nagyşly ýerlerinden, köýneklerinden ýakasyna, ýeňine, biline tutmak bilen olara milli öwüşgin berýär.

Mundan başga-da düýp gyňaçlar başa oralman, eýsem ýaglyk hökmünde egne atylyp ulanylýar.

Türkmen gelin-gyzlarynyň egin-eşiklerini baýlaşdyrýan, gözelleşdirýän zatlaryň biri-de milli şaý-seplerimizdir. Zenanlaryň boýdan başyna gyzyl çaýylýan kümüş bilen beslenen şaý-sepleri beýik sungatyň hakyky eseridir. Olaryň her biri meşhur türkmen zergärleriniň elinden çykýan gözellik duýgusynyň beýany bolup, edil türkmen gelin-gyzlary ýaly owadandyr. Tyllaýy günüň şöhlesine beslenen türkmen şaý-sepleri, asyrlaryň jümmüşinden bize gelip ýetipdir, olar aýawlylyk bilen nesilden-nesle geçipdir.

Türkmen milli gelin-gyzlarymyzyň milli şaý-sepleri: gupba, şelpeli maňlaýlyk, şelpesiz maňlaýlyk, şelpeli ildirgiç, egmeleň dürli görnüşleri, bilezik, bukaw, gyňaç

ujy, teneçir, çekelik, tumar, asyk, boýun tuwak adamlyk, bäzbent, ok ýaý, göwüsbent, ýeňselik, gülýaka, apbasy, çapraz-çaňňa, heýkel ýaly birnäçe şaý-sepleri dakynypdyrlar.

Olardan 25-nji suratda görkezilen milli şaý-sepleriniň niýetlenilişine üns bereliň. Asyk-peýkam uçly, ýürek şekilindäki şaý bolup, gelinler ýeňsede saç örümlerini bilelikde saklamaklyk üçin niýetlenilen gelinleriň hojalyk hyzmatyna päsgelçilik döremez ýaly gaýynenaleriň sowgady bolupdyr. Bu saçyň şaýynyň bezegini kümüşden zergärler taýýarlap, bezegine gyzyl çaýyp, hakyk daşynyň ýekejesini merkezde ýerleşdiripdirler. XXI asyrda asyk şaýyny türkmen gyz-gelinlerimiz boýun zynjyrynda döşde dakynmaklygy modaly hasaplaýarlar. Asyk gündelik dakynmaga biçüwi amatly hasaplanylýar. Ol egin-eşigiň goşmaça bezegi bolup hyzmat edýär.

**Şelpeli maňlaýlyk** – gelinleriň başgaby bolan börügiň maňlaýynda birikdirilýär.

**Egme** – şaý-sepini börügiň maňlaý tarapyna berkidilip, esasan hem, gelinler börügine bezeg bolup hyzmat edipdir. Ol beýik bolup şelpeli we şelpesiz zergärler tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**Bukaw** gelinleriň boýnuna dakylýar. Döşde uly şaý bezegini ýerine ýetirýär. Uly ölçegde bolanlygy sebäpli toýlara, baýramçylyklara dakylýar.

**Gyňaç ujy şaý-sepi**, esasan, gelinler gyňajyň ujuna berkidip, gelniň kellesindäki börüge berkidilýär. Gelniň agzynyň ýaşmagyny börükde berk saklamaga kömek edýär.

**Teneçir** börügiň iki gapdalyna berkidilýär.

**Tumar**, esasan, orta ýaşly gelinleriň gursagyna nagyşly ýakanyň ýüzünde bezeg hökmünde dakylýar. Tumaryň içine dogajyklar salypdyrlar, ol hem gözden-dilden gorasyn diýip yrym edipdirler. Çünki ol dogajyk ýerleşdiriler ýaly gapakly ýerine ýetirilýär. Ol dürli ölçeglerde taýýarlanylýar. Täze görnüşli nusgalaryň sany örän kändir.

**Boýun tuwak şaý-sepi**, esasan hem, orta ýaşly günbatar ýomut we saryk gelinleri, esasan, bokurdagyna dakypdyrlar.

**Adamlyk**, esasan hem, orta ýaşly demirgazyk ýomut gelinleri kellesindäki baş geýmiň iki gapdal tarapyndan berkidilýär. Şeýle hem gyz gupbasynyň gapdalyndan sallanýan şaý. Onuň gaşly şelpeli we akýan zynjyrly görnüşleri bolýar. Täze biçüwli görnüşleri kändir.

**Bäzbent** – bu şaý-sep tegelek görnüşde ýasalyp, esasan hem, türkmen esger ýigidiniň eşiginiň iki egnine berkidilýär.

**Ok ýaý şaý-sepi** – bu hem türkmen ýigidiniň arkasynda bezeg hökmünde berkidilýär.

**Göwüsbent** – bu şaý-sep türkmen gelniniň gursagyna dakylýan alty gönüburçly şelpeli gyzyl çaýylan kümüş hakyk gaşly döş ölçegini ýapýan bezeg.

**Ýeňselik** – bu şaý-sep gupbanyň arka tarapynyň merkezinden sallap berkidilýär.

**Gülýaka** – bu şaý-sep, esasan hem, gursaga dakylýar. Şelpeli we şelpesiz görnüşleri bardyr. Onuň ölçegi dürli ölçeglerde ýerine ýetirilýär.

**Apbasy** – bu şaý-sep tegelek görnüşinde bolup, merkezinde hem hakyk daşly we gaşsyz görnüşleri bolýar. Ol, esasan, çabyda we keteni köýnegiň ýüzüne bezeg üçin elde tikilip berkidilýär. Milli erkek köýneklerinde bezeg görnüşinde ýerine ýetirilýär.

**Çapraz-çaňňa** – bu şaý-sep, esasan hem, täze gelniň çabyt donunyň iki gapdal tarapyndan berkidilýär. Bu matanyň ýüzüne tikilip, dona berkidilýär. Bu şaý gaşly we gaşsyz görnüşde ýerine ýetirilýär.

**Heýkel** – bu şaý-sep, esasan hem, ene-mamalarymyzyň milli şaý-sepi bolup durýar, heýkeliň içine hem doga-tumar musulman ýazgylaryny salypdyrlar, gözden-dilden gorasyn diýip yrym edipdirler. Bu şaý-sep hem boýundan gapdalyna sallap goýupdyrlar.

Geliň, gözellikde ketenä deňeçer bolan käbir milli matalara, nagyşlara, türkmen gelin-gyzlarynyň el işlerine üns bereli.

**Göwderi** – aýal-gyzlar üçin tarada dokalýan köýneklik mata.

**Daraýy** – erşi gyzyl, argajy ýaşyl ýüpekden gyrasarysyz edilip, tarada dokalýan köýneklik mata. “Daraýy donluk” halk sazynda waspy ýetirilen daraýy-gelin-gyzlaryň hoşroý synasynyň bezegi diýilýär.

**Ganawuz** – erşi gyzyl, argajy gök ýa-da ýaşyl edilip tarada dokalýan, lowurdap gök-ýaşyl öwüsýän gije-gündiz gadymy ýüpek mata.

**Kesatym** – nah gatyşykly ýa-da ýüpekden tarada dokalýan gyrasaryly mata. Ol erşi gyzyl, argajy gyzyl we gara sapagyň iki gezekden çalşyrylyp geçirilmegi bilen dokalýar.

**Üzülmez** – gaýma we keşde bilen bejerilýän türkmen milli egin-eşiklerine salynýan, burçlary biri-biri bilen birleşip, yzy üzülmän gidýän kerpiç-kerpiç nagyş.

**Gülýaýdy** – kürte başga we el işlerinde pişmä meňzedilip ýa-da üç sany atanaklaýyn çyzykdan ybarat edilip salynýan nagyş.

**Çepbetew** – sary, gara, gyzyl, reňkli ýüpek sapaklar gezekleşdirilip ýüwürdilip, argajyna sap gyzyl atylyp tarada dokalýan mata. Çepbetew ýüwürdilende, her zolagyň arasyndan tersine towlanan “alaja” sapak geçirilýär.

**Çepbetew** ady hem şondan gelip çykýar. Çepbetewden gelin-gyzlar çabyt tikinseler, garry aýallar başatgyç edinýärler.

**Sowsany** – erşi gyzyl, argajy gök ýa-da gara sapak edilip, öý şertlerinde dokalýar.

# II BÖLÜM

# BEDENIŇ GURLUŞY WE NUSGALARYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

## §9. BEDENIŇ DEŇ ÖLÇEGLERE BÖLÜNIŞI

Heýkeltaraş ýadygärlikleriniň taslamasyny taýýarlamak üçin şekiliň suratyny deňölçegli böleklere bölmek bilen ýerine ýetirilýär.

Tikinçilik senagat kärhanalarynda taýýarlanýan nusgalary hem synag önümçiligindäki manekenleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Ýagny taýýarlanýan nusgalaryň ölçeglerini, bedeni deňölçegli bölege bölmek esasynda alynýar. Çünki adamyň bedeni relýef görnüşinde endigan bolýar. Munuň üçin biz beden skletine üns bereliň. Bedendäki oňurga, kelle, el, aýak birigýär. Beden oňurgasy 33-34 sany bolýar. Bedeniň ölçegini tikin önümini taýýarlamak üçin kesgitli deňölçegli bölekler boýunça alynýar. Ölçeg bedeniň uzynlygyny, döş, bil, bykyn, boýuň uzynlygyny hasaba almaklyk üçin, ýeňsede ýerleşýän 7-nji oňurgadan ölçeg alynýar. Beden deňölçegli böleklere bölünýär. Beden ölçegi ýaşyň köpelmegi esasynda assimmetriýasy üýtgeýär. Assimmetriýanyň üýtgemegi egniň ýaýramagy, döş we kebzäniň dürli ölçegde bolmagy bilen kesgitlenilýär. Tikinçilik senagatynda ýedinji oňurga ölçege girişýän nokat hökmünde oňa başlangyç nokat diýilýär. Bedendäki dürli bölekleriniň biri-birine bolan tutuş durkunyň gatnaşygyna, bedeniň deňölçegli bölekleri hasaplanylýar.

Bedeniň deňölçegli böleklerine laýyklykda ülňi gurulýar. Her ülňiniň tory beden bölekleriniň ölçeglerine gabat gelmeli. Ylmy taýdan adam bedeniniň deňölçegli bölekleri öwrenilende, kanunalaýyk etalon görnüşli beden heýkellerine gabat gelinmedi. Adamyň bedeni jynsyna garamazdan, hor ýa-da daýaw, gysga ýa-da uzyn, gaýyşgak ýa-da hökgüräk bolup biler. Modelýer işleýän bedenlerine owadan ýa-da gelşiksiz diýip bahalandyrmaga hukugy ýokdur. Ol döşlek ýa-da hokgy, girdenek boýly bedenleriň kemini ýapýan nusgany, modaly egin-eşigi döretmegi başarmaly. Şonuň üçin hünärmeniň ussatlyk tejribeden ýüki ýetik bolmaly.

Modaly egin-eşikleri nusgalary taýýarlananda, adamyň dürli talaplary hünärmen hökmünde göz öňünde tutulýar. Taýýarlanýan nusganyň salgysy önüm nirä geýinmeli diýen soraga jogap tapmaly. Gözellik tarapdan seretmek bilen döwrüň talaby, daşyny gurşaýan jemgyýetiň ýaşaýjylary bu täze nusgany kabul edişini

hünärmen üçin uly meseledir. Täze nusga taýýarlananda, onuň eskiziniň üstünde işlenende haýsy jynsa, ýaş aýratynlygyna üns bermeli bolýar.

Her müçede adamzadyň jynsyna laýyklykda geýnişi üýtgeýär. Adam müçe çalyşmagynda öz ýaşynyň bezegini, geýnişinde üýtgeşmeleri girizmegi dogry hasaplaýar. Ýagny jemgyýetiň ösüşinden hem-de oňa bolan gatnaşygyndan habar berýär. Adam öz häsiýetine görä nusga saýlaýar. Ýagny onuň geýnişinden häsiýetini, işleýän ýerini, daşyny gurşaýan durmuşyny, ýagdaýyny, aň-düşünjesini kesgitläp bolar. Işewür adam ýa-da sungat işgäri bolsun tapawudy ýok, ol ýaşaýan ýeriniň adamlarynyň kabul edişi ýaly geýinýär. Meselem, aktýor ýa-da jaz aýdymçysy obada ýaşaýan bolsa, ol şol ýeriniň ýerli milletiniň däp-dessurynyň kabul edip biljek egin-eşiginiň nusgasyny geýinmeli bolýar. Eşigini üýtgetse-de özüni oňaýsyz duýýar.

Adam döwrüň modaly geýnişine seredip, şol wagtyň modasynyň hökmüne görä geýinýär.




**31-nji surat. Çaganyň bedeniniň bölünişi. Ölçegiň alnyşy**

1-2 ýaşly gyzjagazlara taýýarlanýan köýnekler we beýleki egin-eşikler, gysga bedeniň dyzçanaga çenli uzynlykda bolmaly. Eşigi hereket etmäge oňaýly ýarym syrlaşan görnüşde bolmaly. Olar üçin ýöremäge, ylgamaga egin-eşik päsgel bermeli däl. Bu ýaşly çagalarda bedeniň bil deň ölçegi bolmaýar.

5 ýaşly gyzjagazlara taýýarlanýan köýnejikler dyzçanak beden ölçegindäki uzynlykda ýerine ýetirilýär. Bulara ýarym syrlaşan, trapesiýa siluetde (sudur) nusga taýýarlamaly. Bu ýaşdaky çagalarda bil ölçegi bolmaýar.

10 ýaşly gyzjagazlara taýýarlanýan egin-eşikler saldamly biçüwde ýerine ýetirilýär. Adam ölçegine laýyk geler ýaly etek kesigi giňeldilen güneş biçüwdäki görnüşdäki nusga taýýarlamak maslahat berilýär. Çünki şol döwürde gyzjagazlaryň bil ölçegi ýüze çykýar.

15 ýaşly gyzlar eýýäm uly gyzlara meňzeş bedende ösüş ýüze çykýar. Çünki göwüs beden ölçegi emele gelýär. 18-20 ýaşly gyzlaryň bedeni bekäp, ulugyz bolýarlar. Bykyn beden ölçegi ýaýraýar.

*1-nji tablisa*

**Aýal-gyzlaryň dürli ýaşlarda beden aýratynlyklarynyň yzygiderliligi**

| Kesgitli ýeten ýaşy | 1-2 ýaşly gyzjagaz | 5 ýaşly gyzjagaz | 10 ýaşly gyzjagaz | 15 ýaşly gyz | 18 ýaşly gyz | 20-25 ýaşly gyz | 30 ýaşly zenan | 40 ýaşly zenan | 50 ýaşly zenan |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| I | aýagy | kellesi | bili | göwsi | bykyn | göwsi | saçy | ýüzi | saçy |
| II | kellesi | aýagy | aýagy | eli | göwsi | ýüzi | aýagy | aýagy | aýagy |
| III | eli | eli | eli | aýagy | aýagy | bykyny | bykyny | saçy | ýüzi |
| IV | – | – | – | saçy | saçy ýüzi | aýagy | göwsi | bykyny | bykyn göwsi |

*2-nji tablisa*

**Erkek adamlaryň we oglanlaryň dürli ýaşlarda beden aýratynlyklarynyň yzygiderliligi**

| Kesgitli ýeten ýaşy | 1 ýaşly oglanjyk | 5 ýaşly oglan | 10 ýaşly oglan | 15 ýaşly oglan | 20 ýaşly oglan | 25 ýaşly adam | 30 ýaşly adam | 40 ýaşly adam | 50 ýaşly adam |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| I | aýagy | saçy | aýagy | kellesi, saçy | kellesi | kellesi | kellesi | kellesi | kellesi |
| II | kellesi | aýagy | egni, bili | egni | aýagy | eli | aýagy | aýagy | penjek |

***Bedeniň deňölçegli bölekleriniň çyzgysy.*** Munda eliň, saçyň, aýagyň bezelişine üns berilýär. Bu önümlere hajat önümleri diýilýär.

40 ýaşly we ondan uly ýaşly zenanlar tablisada görkezilişi ýaly öz ýaşyna görä salyhatly göni siluetli (sudurly) modaly egin-eşik geýinýär. Şeýle hem olar ýaşaýan jemgyýeti oba, etrap şäher ýaşaýjysynyň medeniýetiniň geýnişine görä, egin-eşigiň nusgasyny geýýärler.

Erkek adamlaryň geýnişi öz ýaşaýyş müçesine görä beden ölçegine laýyklygy tablisada görkezilen. Kiçi ýaşly oglan çagalara, esasan, sport egin-eşikleriniň görnüşleri modelýerler tarapyndan taýýarlanylýar.




**32-nji surat. Bedeniň bölünişi**

Uly ýaşly oglanlar, erkek adamlar üçin nusgawy, sport, romantika biçüwindäki (stilindäki) modaly egin-eşikler beden deňölçegli böleklerine laýyklykda, modelýerler tarapyndan taýýarlanylýar.

Hünärmenleriň arasynda iki sany mesele boyunça hemişe çekeleşikli soraglar ýüze çykýar. Adamlary döwrüň höküm edýän modaly egin-eşigini geýinmekligi ýa-da bedene gelişýän nusgaly egin-eşigini geýinmekligi üpjün etmeli diýen soraga ýygy-ýygydan seredilýär. Şeýlelikde, tablisa salgylanyp, reňkini gabatlap, hünärmenler modaly nusgalar taýýarlaýarlar. Taýýarlanan nusgalar reňkler bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Çünki reňkli mata adamyň ýüz keşbi bilen gabat gelmeli. Ýüz keşbiňe ýakyn bolmaly. Reňkli mata bedeniň gurluşyna gabat gelmeli (hor, daýaw we ş.m.).

Egin-eşigiň durky onuň zähmet döredijiligi, hünäri bilen baglanyşýar. Adam dürli gurşawda we fiziki zähmetiniň dürlüligine işleýän kärhanasyna, fabrikasyna, zawodyna ýa-da ýokary, ýörite, orta okuw mekdeplerinde, döwlet edaralarda, sport toplumlarda okaýan hem-de işleýän zähmetiniň talabyna görä geýinmeli.

Medeni ojaklaryna geýmäge niýetlenen eşigini öýde dynç almak üçin geýip bolmaýar. Öý eşigi bedene ýakymly, asuda, hereket etmäge amatly hasaplansa-da,

ol egin-eşikleri zawoddaky ýa-da edarada işleýän ýeriňe geýip bolanok. Sportsmen sport eşiginde, agşamlyk myhmançylyga ýa-da tans etmäge gidip bilmez. Paltoly üstki eşikde buzly köşgünde taýmaklyga baryp bolmaz. Şonuň üçin adamlaryň öz jemgyýetiniň ojaklaryna laýyk kesgitli geýnişi bolýar.

Adam jemgyýetde ornaşan ýerine bagly şäherde, etrapda, tokaýda, çöllükde, derýanyň, deňziň ýakasynda ýaşaýan bolsa, ol şoňa görä egin-eşigini laýyklap geýinmeli. Bedeni güýz, gyş pasly ýelden, çyglylykdan, sowukdan, tozandan, bahar, tomus pasyllarynda günden goramaly bolýar. Tomus paslynda geýilýän egin-eşik ýeňil bolmaly. Pasyl çalşanda adamyň diňe egin-eşigi däl-de, onuň häsiýeti hem üýtgeýär. Pasyllar adamlara öz aýratynlygy bilen täsir edýär. Çünki bu üýtgetmeler, esasan, adamyň emosional psihologiýasy durmuşyň geçişi, tebigatyň täsiri bilen düşündirilýär.

Egin-eşigiň durkuny we onuň reňkiniň öwezini saç bezegi, goşmaça bezeg aksessuarlary dolduryp, üstüni ýerine ýetirýär. Şeýle hem ýüz keşbiňe serenjam bermeklik hem adamyň keýpiniň neneňsidiginden, ýylyň täsir edişinden habar berýär.

Suratkeş bu täsinliklere dogry düşünmeklik bilen, modaly egin-eşigiň nusgasyny taýýarlanda, adamlaryň isleg-arzuwlaryny ornaşdyrmagy başarmaly.

Ýyl wagtlarynyň çyzgydy, esasan, dört pasyl boýunça bölünýär. Bu meselä hünärmeniň düşünjesi ýokary bolmaly. Pasyllaryň ylalaşýan reňkleri bilen baglanyşykly matalar saýlanylyp, modaly egin-eşikleriň nusgalary taýýarlanylmaly. Bahar paslynyň çyzgydy biziň tebigatymyz boýunça bu döwür tebigata jan giriji döwür bolup geçýär. Durmuşyň gülleýän pursaty tämizlik ýaşlygy ýatladýan, ruhuňy göterýän döwür hasaplanýar. Adamlaryň ýagty, tekiz reňkdäki egin-eşikleri geýmäge islegleri artýar. Ýagty reňkdäki aýakgap geýmeklik, torba götermeklik şol döwür ýoň hasaplanýar.

Tomus paslynda gyz-gelinler gülli, açyk reňkli matalardan, taýýarlanan önümlere isleg bildirýärler. Boýunlaryna açyk reňkli ýogyn monjuk, zynjyr dakynmaga höwesleri artýar. Şeýle hem ýüzüň keşbine laýyk reňkli uly gülli matadan taýýarlanýan tikin önümlerini geýýärler. Tomus möwsümi, esasan, adamlaryň dynç alynýan pursatlary hasaplanylýar. Şol döwürlerde romantika stilindäki (biçüwindäki) modaly egin-eşikler taýýarlamak hünärmen üçin uly meseleleriň biri hasaplanylýar.

Güýz pasly howanyň salkynlaýan pursaty. Ýapraklar saralyp ýere dökülmek bilen bolýar. Güýz, alabahara niýetlenilen aýakgaplar geýilýär. Syk dokalan matalardan taýýarlanan egin-eşigiň nusgalaryna adamlaryň islegi artýar. Erkek adamlar dok reňkde, gözenekli, çyzykly, geometriýa şekilli bomazi, flanel, sütükli, jinsi matalaryndan taýýarlanan modaly nusgalary geýinmäge isleg bildirýärler. Bu nusgalar,

esasan, sport stilinde (biçüwinde) taýýarlanylýar. Jins ýarym ýüň, ýarym nah matalardan güýz pasly üçin egin-eşik üçin nusga taýýarlanylmaga ulanylýar.

Gyş möwsümine taýýarlanýan nusgalaryň matalary dok reňkli bolup, olar syk dokalan bolsa-da, tikin önümi ýeňil bolmaly. Boýna, ele dakylýan bžuteriýalar, kümüş, gyzyl, agaç bezegleri, tapawudy ýok, olar ýeňil görnüşde bolmaly. Erkek adamlar üçin başgapler sütükli deriden ýa-da emeli deriden taýýarlanylýar. Gyşky üstki önümler üçin lama, kaşemir, emeli sütükli matalardan ýeňil we ýyly tikin nusgalaryny taýýarlamak amatly hasaplanylýar.

Şu ýokarda görkezilen maglumatlar boýunça adamlar geýnende, olar özüni psihiki we fiziki taýdan oňaýly duýýarlar. Durmuşyň hökmany talaplaryndan ugur alyp, egin-eşigiň nusgalarynyň durky taslanylmaly we işlenilip taýýarlanylmaly.

Reňkler boýunça pasyllar bilen sazlaşykly taýýarlanýan nusgalaryň açyk reňkli tikin önümleri şu aşakdaky görkezilen göterim esasynda geýnilýär:

- Bahar paslynda – 50 % açyk reňkli egin-eşik geýýärler;
- Tomus paslynda – 80 % açyk reňkli egin-eşik geýýärler;
- Güýz paslynda – 30 % açyk reňkli egin-eşik geýýärler;
- Gyş paslynda – 10 % açyk reňkli egin-eşik geýýärler.




**33-nji surat. Pasyl boýunça reňkleriň sazlaşykly ulanylyşy**

Bedeniň deňölçegli böleklerinde, esasan, modaly egin-eşik taýýarlananda, modelirleme we bezeg işleri ýerine ýetirilýär. Şol işiň tehnologiýasy aşakdaky görkezilen beden ölçegine laýyklykda amala aşyrylýar. Bedeniň deňölçegli böleklere bölünişi aşakda görkezilýär:

– kelläniň deňölçegli böleginde – baş örtgüji, kopýuşon, atynja we ş.m. üçin niýetlenen;

– boýnuň deňölçegli böleginde – ýakalaryň dürli görnüşlerini modelirlemek göz öňünde tutulýar;

– döş we kebze deňölçegli böleginde – koketkalary modelirleme we bezeg işleri ýerine ýetirýär;

– göwüs, deňölçegli böleginde – göwüs danlary modelirleme işleri ýerine ýetirilýär;

– bil deňölçegli böleginde – kemer we bil tikini geçirmek, dan almak modelirleme işi ýerine ýetirilýär;

– bykyn deňölçegli böleginde – modaly jalbar, ýubka guşaklygyny taýýarlamak we dan bilen modelirlemek işleri ýerine ýetirilýär;

– ýanbaş deňölçegli böleginde – ýubkalary we jalbarlary koketkalar bilen mode-lirlemek, bezeg zolaklary ornaşdyrmak işleri ýerine ýetirilýär;

– dyzçanagyň ýokarky deňölçegli böleginde – bermud, ýubka tikin önümleriniň uzynlygyny kesgitlemek, gade görnüşli ýubkalar modelirleme işleri ýerine ýetirilýär;

– dyzçanagynyň üstki deňölçegli böleginde – köýnekde, ýubkada we jalbarda etek kesigi ýerine ýetirilýär;

– dyzçanagyň aşaky deňölçegli böleginde – köýnekde, ýubka, jalbar, bermud etek kesigi ýerine ýetirilýär;

– topuk deňölçegli böleginde – ýubka, jalbar, köýnek etek kesigi ýerine ýetirilýär;

– eliň tirsekden ýokarky deňölçegli böleginde – ýeňiň etek kesigi ýerine ýetirilýär we modelirleme işi amala aşyrylýar;

– tirsegiň üstki deňölçegli böleginde – ýeňiň etek kesigi we modelirleme işi ýerine ýetirilýär;

– bilek deňölçegli böleginde – ýeňiň etek kesigi we modelirlemek işi ýerine ýetirilýär.

Beden deňölçegli bölegi bilen baglanyşykly modaly egin-eşik taýýarlananda, onuň ýaşy boýunça ýerine ýetirilýär.

Meselem:

– 5-6 ýaşly çagalar 4 deňölçegli bölege bölünýär;

– 7-8 ýaşly çagalar 5 sany deňölçegli bölege bölünýär;

– 9-13 ýaşly çagalar 6 sany deňölçegli bölege bölünýär.

– Uly ýaşly beden 8 deňölçegli bölege bölünýär.

## §10. NUSGANYŇ GÖRNÜŞINI DÖRETMEK ÜÇIN BEDENIŇ HEREKETINI ÖWRENMEK

Adamyň beden hereketini öwrenip, nysaklaryň görnüşleriniň gowy oňaýly tarapyny tapmak üçin, öz tejribäňi doly ulanmaly we edilen işiň doly talabalaýyk edilişini görkezmeli. Şonuň üçin jemgyýetde modaly eşiklerde dabaralarda görkezmegiň uly ähmiýeti bolup, köptaraplaýyn (professional) ýöräp başarmak, dabarada özüňi dogry alyp barmagy hökmany suratda başarmaly. Modaly eşikler görkezilende, ýöreýiş hereketi ýönekeý ýöreýiş ýa-da ýönekeý hereket diýip aýdylmaýar. Professional ýöreýiş medeniýetiň we hereketiň gözelligidir.



**34-nji surat. Beden hereketi**

Modaly egin-eşik görkezilende, göwräniň bedeni (oky, korpusy) dik, owadan saklanylmagy, ýöreýiş hereketiniň gözelligi näzik akymda, alyp barmagy başarmaly bolýar. Modaly egin-eşik görkezmek üçin, şowhunly dabara geçirmek üçin ýörite taýýarlyk görülýär. Bu dabara sergilerde, baýramçylyk agşamlarda geçirilýär.

Moda görkezilende, nusgany **gapdaly, öňi, arka** taraplary doly görkezilýär. Modeliň suraty çekilende hem öňi we arkasy doly çekilip görkezilýär. Adam bedeni çylşyrymly guralma bolup, dik okdan gapdal çyzyklara bölünýär. Ýagny bedendäki oňurga pilçe, boýun, aýak birigýär. Göwräni dik saklamasaň, adamyň beden pilçe-

si hökgerip başlaýar. Nusganyň ölçeg (diapazon) görnüşini taýýarlanylmagyna, tegelek görnüşdäki çyzgynyň üsti bilen kesgitläp bolýar. Bu çyzgyda gorizontal, frontal çyzyklar doly görkezilýär. Bu suratda beden hereketleriniň soňky nokatlary görkezilen nokatlarynyň esasynda setka gurulýar. Setkalar we nokatlar esasynda modaly ülňüsi tapylýar.

Tikiljek egin-eşigiň nusgasy taýýarlananda, geýjek adamyň edilýän işiň netijesini anyklamak üçin, beden çyzgysynyň ähli görnüşini (wariantlaryny) öwrenmeli. El hereketiniň nokatlaryny, dürli görnüşde eliň öňe, gapdala, yza, eplenme, ýokaryk hereketini öwrenmeli bolýar. Şeýle hem aýak hereketiniň görnüşlerini, ädimlerini öwrenmeli. Eliň hereketi öwrenilenden soň, goltuk proýmasy kesgitli tapylýar. Ädim hereketinde gysga adamyň ädimi gysga, aýagy uzynyň ädimi uzyn bolýar.

Köp mukdarda tikiljek geýmiň taslamasy ýerine ýetirilende, öndüriljek prosesinde detallar birleşende, süýndürmän, asuda goýup taýýarlamak görnüşi göz öňünde tutulýar. Tegelek çyzgyda nokat belgileriniň üsti bilen tikilýän lybasyň ýerganatly ýeňiň modeli, lifli köýnegiň ýokarky böleklerini tapylýan nokatlary görüp we döredip bolýar. Ol taýýarlykda nokat bilen nokat birigip, ýewropa modellerinden açyk görnüşde oturtman, ýeňi we ýapyk görnüşde oturtmak üçin ýeňi goltugyň aýlaw biçüwini tapyp bolýar. Bilinden aşagyndaky nokatlardan köýnegiň aşaky bölegi tapylýar. Şu çyzgy bilen gurulýan geýmiň doly durkuny nokatlar esasynda ýerine ýetirilýär. Göwrümdäki hereketiň giňişliginiň uzynlygynyň düzümini gurup tamamlanandan soň, ortalyk tapylan netijesinde ülňi taýýarlanylýar.

***Hereketi öwrenip, modeliň durkuny döretmek.*** Gyşky paltonyň durkuny döretmek synag işi üçin, tejribe işi geçirmäge biz gabardin matadan taýýarlamak amatly bolup durýar. Ýagny emeli deriden taýýarlanýan paltonyň durkuny işlänişinde, suratda görkezilişi ýaly tor taýýarlanylýar. Emeli deri howanyň ýagşyny yzyna serpikdirmegi bilen tapawutlandyrylýar. Hili ýokary deriler ýumşak görnüşinde, hili pes deriler gödek görnüşli bolýarlar. Deriden taýýarlanýan nusga gurnalan görnüşde ýerine ýetirilýär. Dörtburçluklaryň esasynda, ýolka görnüşde hem-de parket görnüşinde bezemen ýerine ýetirilýär. Bu nusgalar göni we trapesiýa siluetde (sudurda) amala aşyrylýar.

Kiçi mekdep ýaşly çagalaryň egin-eşigi taýýarlananda, gyz çagalaryň köýneginiň etegi maksimal giňişlikde ýerine ýetirilmeli. Şonuň üçin bilden aşaky ölçegde güneş biçüwi ýa-da epinli modelirleme işleri ýerine ýetirilmeli. Taýýarlanýan nusgada beden özüni rahat duýar ýaly hünärmen şert döretmeli. Çünki ylgamaklyk çagalaryň söýgüli endikleridir. Nusga üçin saýlanýan mata sürtülmä, ýuwmaga çydamly, howa geçirýän, çyglylygy özüne siňdirip çalt guraýan häsiýetli bolmaly.

Taýýarlanýan modaly egin-eşikleriň köpüsi beden bilen bile hereket edýär. Şol nusgalara hökman at berilýär. Bu modaly egin-eşigiň nusgasyny taýýarlamak üçin ýuka, şifon, krepdeşin, ýüpek matalar saýlanylýar. Bu nusgalara näçe giňlik berseň hem, ol her hereketde üýtgeşik şekil döredýär. Meselem: uzyn bilege çenli biçimde, giňeldilen görnüşli ýeň taýýarlanylsa, şol ýeňiň etegine manžet goýulsa, ol armyda meňzär. Bu nusgany taýýarlamak üçin ýeňiň esasy ölçegine şifon matasy, manžede ýüpek matasy saýlanylsa, talabalaýyk bolar. Olara şeýle görnüşli atlar berilýär: "Çyra ýeňi", "Armyt ýeňi", "Galyp duran ýeň", "Akymly görnüş", "Tans edýän önüm (ýubka)" we ş.m. Sport görnüşli nusgalary taýýarlamak üçin adam bedeniniň, hereketiniň doly öwrümlerini hasaba alynmaly. Bu nusgalary taýýarlamak üçin süýnýän örme matalar saýlanylýar.



**35-nji surat. Zenanlaryň milli we deriden taýýarlanan paltolaryň nusgalary**

Ýeňil bolan eşigiň nusgasy tapylyşy, onuň kanuny taýdan ýönekeý siluetiň (suduryň) görnüşi bilen baglydyr. Egin-eşigiň esasynyň tilsimatly bölekleri, köýnegiň bilden ýokarky böleginden, bilden aşaky böleginden we ýeňden durýar. Geýim taýýarlanmazyndan öň, nysaga görä mata saýlamaly. Matanyň häsiýetini öwrenmeli. Nusga tikilip taýýarlanan soň, matanyň görnüşine baglylykda ýumşak ýuka bolsa, bir görnüşiň netijesini berýär, gaty matadan taýýarlanan ýagdaýda başga görnüşi häsiýetlendirýär. Tikilýän lybasyň nusgasyny gaty matadan taýýarlamaly. Onuň ýeňiniň görnüşi manžetli diýeli. Gaty matadan taýýarlanan ýeň çyra (fonar) ýaly dik durýar. Eger-de ýumşak matadan manžetli ýeň nusgasy taýýarlansa, ol armytyň görnüşinde bolup, ýeliň we bedeniň ugruna hereket edýär.

Köýnegiň ýokarky bölegi (lif) hem dürli-dürli siluetlerde (sudurlarda) taýýarlanylýar. Giňeldilen görnüşde, dar görnüşde, bilden goýberilen görnüşde taýýarlanylýar. Işine ökde nusgaçy, tikýän lybaslaryna dürli atlar we kesgitleme berýär. Hünärmenler bu atlandyryşlar bilen, önümiň taýýarlanyşynyň hilini, häsiýetini, amatlylygyny özüniň müşderisine çuňňur düşündirmegi başarýarlar. Bu maglumatlar işiň guramaçylyk tarapy bolup durýar. Lif diýip köýnegiň bilinden ýokarky bölegine aýdylýar. Bular geometriýanyň dürli görnüşinde bolup, göni, trapesiýa görnüşlerinde bolýar. Lifler köýnegi bilden geçen we bykyna çenli uzynlykda bolup biler.

**Siluet (sudur)** haýsy hem bolsa bir görnüşli tekizligiň konturly predmetiň şekillendirilmegine aýdylýar. Siluetler dört görnüşde ýerine ýetirilýär. **Göni siluet (sudur) ýarym syrlaşan, syrlaşan, trapesiýa** siluet esasy bolup, olardan drob, arka, X – atanak, S – ellips we şuňa meňzeş görnüşli siluetler tebigata, arhitektura ýadygärlige salgylanyp döredilýär.

## §11. EGIN-EŞIGIŇ SILUETI (SUDURY)

Ol anyk egin-eşigiň durkuny görkezýär. Siluet (sudur) çyzyklar bilen kesgitlenilýär. Ýagny siluet boýunça geýnen adamyň egin-eşiginiň çyzyklary esasynda onuň näzini, saldamlylygyny, agraslygyny, ýumşak häsiýetlidigini, mertligini, talap edijiligini, ýönekeýligini, hususy edýän işileri boýunça açyş edip bolýar. Ilki durmuş başlan pursatyndaky siluetler (sudurlar) ýapynja esasynda döredilýär. Ýapynjalar agaçlaryň gabygyndan, haýwanlaryň derisinden, guşlaryň perlerinden, taýýarlanylyp, ýagmyrdan, ýelden, sowukdan, yssydan tenlerini gorapdyrlar. Suratda görkezilişi ýaly, bu nusgalaryň durky düşnüksizdir. Wagtyň geçmegi bilen adamlar daýhançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolup, ýüň, zygyr, pagta süýümlerini öndürýärler. Ilki halkalaryň kömegi bilen örme matalary dokalýar. Soňra ýönekeý dokma stanoklarda öý şertlerinde mata dokaýarlar. Inçeldilen süňklerden, balyk gylçyklaryndan iňňe taýýarlap, egin-eşigiň görnüşlerine üýtgeşmeler girizýärler, kesgitlenen tikin siluetlerini döredýärler. Tikin önümiň biçüwinde egin, etek kesiklerine ýeň biçüwlerine täzelikler girizýärler.

Siluetler (sudurlar) esasy iki ugra bölünýär:

1. Skulptura ugry – bedeniň kemini, durkuny, derejesini egin-eşikde ýüze çykarýar.

2. Dekoratiw ugry – daş-töweregindäki adamlaryň ünsüni özüne çekýän, bedeniň kemini ýapýan, bedeniň deňölçegli böleklerini üýtgedýär.



**36-njy surat. Siluetiň görnüşi**



**37-nji surat. Siluetiň arhitektura görnüşi**




**38-nji surat. Siluetleriň (sudurlaryň) görnüşleri**




**39-njy surat. Siluetler we dekoratiw siluetler**

Siluýetler geometriýanyň çyzyklary we şekilleriniň görnüşleri bilen hem düşündirilýär. Suratda görkezilişi ýaly, parallel çyzyklar bilen göni biçüwdäki siluet ýerine ýetirilýär. Bu dörtburçluga meňzeş bolup, biçüwi göni, modelirleme işi ýönekeý ýerine ýetirilýän nusgalardyr. Siluet çyzyklarynyň egin bilen etek kesigi, gapdal kesikleri biri-birine paralleldir. Göni siluet bilen baglanyşykly dürli milletiniň erkek-aýallarynyň egin-eşikleriniň biçüwi ýerine ýetirilýär. Çünki olaryň ýaşaýan tebigatynyň yssy şertleri şol siluetde geýinmegi talap edýär. Göni siluet bilen baglanyşykly orta ýaşdan geçen aýal we erkek adamlara üstki paltonyň, plaşyň modelleri we beýleki nusgalar taýýarlanylýar. Erkek adamlara taýýarlanylýan nusgawy biçüwdäki köýnekler, penjekler göni siluet bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär.

Çylşyrymly geometriýa şekilli ýarym aýlaw görnüşde ýa-da gönüburçlar bilen baglanyşykly trapesiýa silueti çagalara we göwreli zenanlara modelýer tarapyndan nusgalar taýýarlanylýar. Bu siluetiň niýetlenen ugrunyň esasy çagalaryň we göwreli zenanlaryň bil ölçegi bolmaýar. Ýagny garyn ölçegi uly bolanlygy sebäpli, bedene amatly bolar ýaly, trapesiýa siluet bilen baglanyşykly sarafan, koketka bilen modelirlenen nusgalar taýýarlanylýar. Soňky döwürde syrlaşyp duran, ýarym syrlaşan, göni şekilindäki modaly egin-eşikler geýmek adata öwrüldi. Syrlaşan siluet adam bedeniniň görnüşini doly görkezýär. Bu siluetde bil, göwüs, relýef, danlary bilen modelirlenýär. Ýarym syrlaşan siluet taýýarlananda, goýberme, ätiýaç ölçegler ulanylýar. Bu nusgalar syrlaşan siluetden giňräk bolup, önümde danlar alynýar we bedeniň sudury saklanylýar.

**Drop** görnüşli siluet, esasanam, bilinden danyň geçmegi bilen ýokarky bölek lif koftaly, aşagy ýubka görnüşli bolýar. Ýubkalar dürli görnüşde bolup biler. Drop siluet boýunça bütewi nusga hem taýýarlanýar.

**X** görnüşli siluet egni uly, etegi gade görnüşünde taýýarlanylýar.

**S** görnüşli siluet, esasanam, häzirki toý lybaslarynda ulanylýar we 1990-njy ýyllarda geýlipdir. Bu siluetde kellesinde şlýapa, köýnegiň etegi yza süýrelýän şleýf görnüşdedir. Şeýle-de ýeňler hem dürli-dürli biçüwde ýerine ýetirilýär. Ýeňler trubka, jaň, armyt, fonar, syrlaşan kebelek görnüşli bolup biler. Bu nusgalaryň görnüşlerine görä mata tikin üçin dogry saýlanmalydyr.

Moda ir döwürde döredi. Ol jemgyýetiň talabyna görä hüküm edýär. Kompozisiýa köp görnüşli çylşyrymly görnüşdir. Kompozisiýa esasynda siluetlerde bezeg işleri geçirilýär. Muňa garamazdan, hemişe elementleriň baglaşmaklygy mahsus bolup durýar. Baglaşma göz öňünde tutulanda, baş element 2 görnüşde bolýar. Syratly göwre eşigiň esasy görnüşi bolup, hemme bölekleri birikdirýär we egin-eşik emele gelýär.

Egin-eşigiň görnüşi konstruktiw görnüşde alynýar. Tikinde birigýän çyzyklara konstruktiw çyzyklar diýilýär. Egin-eşige bezeg berýän çyzyklara dekoratiw çyzyklar diýilýär. Konstruksiýa çyzyklary estetika funksiýany ýerine ýetirýär. Konstruktiw çyzyklara relýef, danlar, koketkalaryň birikmeleri, bölekleriň birikmegine aýdylýar.

Dekoratiw çyzyklara dan, relýef degişli bolup, tesma, deri lentasy bilen bezelen çyzyklar degişlidir. Moda üýtgände esasy siluet bilen baglanyşýar. Ýoň (moda) üýtgände esasy ýakasy, jübüsi, durkly alamatlary üýtgeýär. Dekoratiw çyzygynda detallaryň kenar kesigi serpme ýaka, erňek, laskan emele getirýär. Göni görnüşli siluetde, köplenç, palto, erkek köýnegi tikilip taýýarlanylýar. Egin-eşikdäki proporsiýa deňölçegli birlik diýip kabul edilýär. Deňölçegli bölekler ýönekeý gatnaşykda bolup, önüm 7-8 deň bölege, ýeňi 3-4 deň bölege bölünýär. Deňölçegli rasional gatnaşyk drob görnüşli bolup, ol geometriýa gurluşyny döredýär. Dyzyna çenli bölünen deň ölçeg suratda görkezilen. Ölçeg boýunça detallar takyklanan deň ölçeg bölekleri az many bermeýär. Deňölçeg böleklerinde geýmiň suduryny tapmak maslahat berilýär.

Siluet boýunça nusga taýýarlananda, ýörite şowhunly dabaralarda täze döredilen modeller görkezilýär. Şowhunly dabarada siluetiň **öň** tarapyndan**, gapdal** tarapyndan, **arka** tarapyndan syn edilýär. Modelleriň egin kesiginiň siluet ölçeglerinde üýtgeşmeler girizilýär. Bu üýtgeşmeler döwrüň modasyna laýyk ýerine ýetirilýär. Ýagny egin ölçeginde kömekçi egin goýmak bilen, siluet giňeldilýär. Ýa-da bedeniň ölçegine laýyk egin ölçegi ýerine ýetirilip, siluet amala aşyrylýar. Giňeldilen eginde bitewi biçüwde ýeňiň modelirlenmegi, epinli, büzülen, girizme esaslarynda modelirleme işleri ýerine ýetirilýär. Şeýle hem epinli ýeňleri oturtmak üçin, ýeň oýugy adaty ölçegden uly alynýar.

Zenan maşgala taýýarlanýan modaly eşikleriň nusgasyny taýýarlamak üçin bykyn aýlawynda siluet çyzygyna üýtgeşmeler girizilýär. Silueti owadan ýerine ýetirmek üçin syrlaşyp duran görnüşde koketkaly modelirleme işi ýerine ýetirilýär.

Şeýle hem tikin önüminiň etek kesiklerinde siluetlere özgertmeler girizilýär. Ýagny etek kesikleriniň biçüwi dürli görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Etek kesigini gyýa, aýlawly, öňi gysga – yzy uzyn, şleýf görnüşde, etegiň gapdal gyra kesikleri ölçegden kän uzyn, zigzag, köp dilikli, iki dilikli, bir dilikli görnüşlerde modelirlenýär. Taýýarlanýan önümiň göwüs ölçeginde modelirleme işi dürli görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Silueti has modaly görkezmeklik üçin, homut, buf, rýuşa, žabo, epin, daňy, göwüs merkezi büzülen bezegleri ýerine ýetirilýär.

Siluetiň bil çyzyklaryna modelýerler tarapyndan deň ölçege bölünmegi boýunça özgerişlikler ussatlyk bilen girizilýär. Ýagny 1801-nji ýylda Ýewropa

zenanlarynyň egin-eşiklerinde göwüs ölçeginiň aşagyndaky ölçegde bil kesigi ýerine ýetirýärler. Bu bil kesigi, bil ölçeginden has ýokary bolup, modeli geýen adamyň aýagyny uzyn görkezýär. Önümiň silueti trapesiýa görnüşindedir. Ýeňiniň biçüwi ýönekeý görnüşde modelirlenýär.

1819-njy ýylda şol nusga özgertmeler girizilip, bil ölçegi sähelçe, şol ölçegden aşagrak düşürilýär, ýeňi fonar görnüşde modelirlenilýär. Lifden aşakdaky böleginiň eteginde wolan tolkunlary yzygider gat-gat görnüşinde ýerine ýetirilýär.

1830-njy ýylda taýýarlanan siluetde bil ölçegi öz bellenilmeli nokadynda ýerine ýetirilýär. Ýeňi has epinli çişirilen, top görnüşli modelirlenýär. Lifiň ýubkasy arka siluet bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär.

1850-nji ýylda model üýtgedilip, ýeňiň biçüwine üýtgetmeler girizilýär. Ýeňiň biçüwi göni bolup, onuň etegine wolan zolagy ornaşdyrylýar. Ýeňdäki wolan zolagy ýubkada yzygider gaýtalanýar.

1865-nji ýyllarda taýýarlanan modele üýtgeşmeler girizilýär. Ýagny köýnegiň ýeňi syrlaşan siluet bolup, ýeňiň tirsekden aşagy giňeýär. Köýnegiň ýubkasynyň gat-gat wolanlary şleýf bezege getirmeklik üçin, arka tarapy uzaldylan biçüwi ýerine ýetirilýär. Model bezemen baýlaşdyrylan görnüşde ýerine ýetirildi.

1870-nji ýylda modeliň, ýeňiň, lifiň, biçüwi saklanyp galýar. Ýöne topuga çenli ýubka üýtgeşmeler girizilýär. Şleýf bezegi wolanly däl-de, bitewi biçüwde ýerine ýetirilýär. Ýubka böleginiň gatlarynyň sany azaldylýar.

1885-nji ýylda şol nusga has bedene ýeňil bolar ýaly ýeňilleşdirildi. Ýeňi syrlaşyp duran görnüşde nusga taýýarlanylyp, şol nusga bilege çenli uzynlykda ýeňi ýeri-ne ýetirildi. Ýeňiň etegini kiçi rýuşa bezegi ornaşdyrylypdyr.

1916-njy ýylda ýewropaly zenanlar topuga çenli uzynlykdaky köýnegi geýdiler. Asyryň çalyşmagy bilen egin-eşikleriň siluetiniň uzynlygyna täzelik girizildi. Ozal topuga çenli uzynlykda egin-eşik geýen bolsalar, topukdan has ýokardaky ölçegde modaly egin-eşikleri geýip başladylar. Şol siluetler trapesiýa silueti bilen baglanyşykly ýerine ýetirildi.

1927-nji ýylda ýewropaly zenanlar göni biçüwde, oglanlara meňzeş geýnip başladylar. Ýagny bil, bykyn aýlawy bolman, tekiz görnüşdäki modaly eşikleri geýip başladylar. Suratda görşüňiz ýaly egin-eşigiň nusgasyny göni siluet bilen baglanyşykly geýnendiklerine şaýat bolýarsyňyz (bedende gös-göni şekili saklamak üçin göwüs meýdany daňypdyrlar).

1927-1940-1945-nji ýyllarda ýewropaly zenanlar dyzçanaga çenli, dyzçanakdan sähelçe geçýän maksi uzynlykdaky egin-eşikleri geýmek üçin modaly nusgalary döredýärler. Köýnekleriň, ýubkalaryň uzynlygyna **mini, midi, maksi**

atlandyrmalary girizýärler. Ýagny mini siluet bilen baglanyşykly ýubka, köýnek, ýanbaşa çenli uzynlykdaky ölçegde ýerine ýetirilýär.

Midi siluetde ýerine ýetirilen ýubka, plaş, palto ýa-da köýnegiň ölçegi dyzçanakda we dyzçanakdan ölçegdäki uzynlyklarda ýerine ýetirilýär.

Maksi silueti bilen baglanyşykly ýubka, palto, plaş topuga çenli uzynlykda ýerine ýetirilýär. Egniň siluet çyzyklary gorizontal we bedene görä ýapgyt görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Bu görnüşde taýýarlanan modeliň egniniň biçüwi üýtgedilende, olar biri-birine meňzemeýär. Egni gorizontal görnüşde taýýarlanýan nusgalaryň ýeň öýi giňeldilip biçüwi ýerine ýetirilýär. Şeýle hem egin meýdanynda kömekçi egin goýulýar. Ýapgyt eginde ýeň öýüniň meýdany kiçi ölçegde ýerine ýetirilýär.

## §12. SILUETIŇ (SUDURLARYŇ) ÇYZGYLARY

Siluet bu çarçuwa meýdanynda işlenen egin-eşigiň durky we onuň biçüwidir (fason). Modeliň durky bir görnüşde bolup, onuň biçýwi dürli-dürli köp görnüşli bolýar.

Modeller syrlaşan siluetde taýýarlanylsa, onuň biçüwleri aýry-aýry görnüşlerde biri-birinden tapawutlanýar. Fasonlarda syrlaşan siluetiň ýakalarynyň, ýeňleriniň, bezeg işlerinde, etek çyzgysynda özgertmeler girizilýär. Emma bu modeliň esasy biçilişi meňzeş yzygider gaýtalanýar.

Ýakasynyň bezegini, salyhatly, şadyýan, agras görnüşlerde ýerine ýetirilse, eýýäm fasona üýtgeşme girizilýär we olar biri-birinden tapawutlanýarlar. Siluetleriň gurluşynda dekoratiw, bezemen görnüş çyzgylary ýerine ýetirilýär. Siluetiň häsiýetiniň çözgüdi içki konstruksiýasynda işlenilýär. Bir siluet yzygider gaýtalansa-da, onuň işlenmegi bilen birnäçe çözgüt tapylýar.

Bir siluet bilen baglanyşykly nusgalaryň işlenişiniň birnäçe mysallary bar. Geliň, muny anyklaşdyralyň. 1-nji mysaly siluetiň gurluşy. Silueti gurmaklygy kontur çyzgylary bilen ýerine ýetirýäris. Suratda göni siluet bilen baglanyşýan ýubkanyň kenar çyzgylary görkezilýär. Bu ýubkanyň çyzgysy bedeniň durkuny ýerine ýetirýär.

Ol iki tikin bilen ýerine ýetirilýär. Ýubkanyň etegi klýoş görnüşli giňeýär. Bu ýubkanyň çyzgylary dört tikinli ýa-da alty tikinli görnüşde ýerine ýetirilýär. Bu ýubkalar bilen geýilýän lif, koftalar döwrüň modasynyň talabyna görä geýilýär. 2-nji mysal boýunça dekoratiw siluetiň çyzgysyna üns bereliň. Dekoratiw siluetiň çyzgysynyň tapawudy kändir. Bu ýubkany çyzgysy güneş görnüşde tikinsiz ýa-da iki tikinli görnüşinde ýerine ýetirilýär. Çyzgy esasy çyzga esaslanyp ýerine ýetirilýär. Çyzgy ýarym gün, doly günüň şekili boýunça ýerine ýetirilýär.




**40-njy surat. Suraýy bedeniň modaly saklamagyň görnüşleri**

*Çyzgynyň häsiýetnamasy we klassifikasiýasy*. Egin-eşigiň kompozisiýasy göni, egri, döwülýän çyzgylar bilen ýerine ýetirilýär. Egin-eşikdäki çyzgylar esasy dört toparlar boýunça tapawutlanýarlar:

1. Siluet ýa-da kontur.
2. Gurnalyş.
3. Gurnalyş dekoratiw.
4. Dekoratiw çyzgylary esasynda ýerine ýetirilýär.

Siluet ýa-da kontur boýunça adamyň bedeni bellenen siluet bilen baglanyşykly çyzgyda ýerine ýetirilýär.

Gurnalyş boýunça esasy işçi çyzgylar bolan lifiň ýa-da ýubkanyň gapdalynyň, egniniň, ýeň oýugyň kenar gyralary degişlidir. Ýeňiň sepleşýän gyra çyzgysy gurnalýan çyzgylara degişlidir. Gurnalyş çyzgylary boýunça egin, göwüs, bil, bykyn danlarynda hem ýerine ýetirilýär. Bu mysallar 41-nji suratda görkezilendir. Taýýar bolan modaly egin-eşikde gurnalýan çyzgylara adamlaryň ünsi çekilmeýär. Olar kän göze ilenok. Çünki modeldäki gurnalýan çyzgylara adamlaryň gözleri öwrenişen. Bu çylşyrymly döredijilikdir. Ol fasonyň kanuny bolmaly gurluşynyň esasy hasaplanylýar.




**41-nji surat. Modaly egin-eşikleriň görnüşleri**

Dekoratiw gurnalýan çyzgylar modeliň estetika taýdan gelşige getirýän gurluşlary boýunça ýerine ýetirilýär. Bu çyzgylar gorizontal, dik, diogonal, tolkun görnüşleri boýunça ýerine ýetirilýär. Suratda görkezilişi ýaly, dik çyzgylar önümiň arkasynyň merkeziniň dik okunda, gorizontal çyzgysy kebzäniň koketkasy, ýanbaşda ýerine ýetirilýär. Diogonal çyzgysy alty tikinli dandaky biçüwde ýerine ýetireliň. Tolkun, egin çyzgysy relif danlarynda ýerine ýetirilýär. Dekoratiw gurnalýan çyzgylarda jähek, epin, bezeg tikini bilen bezeg işleri ýerine ýetirilýär.

Dekoratiw fasonyň işlenişinde çözgütli çyzgylara görä hasaplanylýar. Tor, jähek, parawuz, nagyş, kružewa bezeg önümleri bilen dekoratiw çyzgylary ýerine ýetirilýär. Bu işler relýef tikinde, jübi, ýaka, ýeňiň manžetiniň gyrasynyň kesiklerinde amala aşyrylýar.

Dekoratiw çyzgylary ýerine ýetirmek üçin ilki bilen model taýýarlanýar. Şol modelde bezeg işleri mälim görkezilýär. Modeliň ýakasynyň açylyşy hem dekoratiw çyzyklara degişli hasaplanylýar. Zenanlaryň milli ýakalarynyň açylyşy kömelek, aýlawly açylyşda açylýar. Boýunýakanyň açylyşy jemgyýetiň ýaşaýşyny kämilleşmegi esasynda birnäçe özgertmeler döredildi. Häzirki

döwürde ýakalaryň açylyşynyň dekoratiw çyzgylary dürli görnüşler boýunça modelirlenýär. Ýürek, damja, ýyldyrym, gurçuk, dörtburçluk dürli ölçegde, dürli ölçegdäki üçburçluk, gämi, bitewi dik görnüşdäki dekoratiw çyzgylar bilen ýerine ýetirilýär. Paltonyň arka böleginiň bilinden aşakdaky epinli dekoratiw çyzgylar bilen ýerine ýetirilende, tikini birigýän meýdanynda hlýastikli bezeg bölegi ýerine ýetirilýär. Bu bezeg ikinji derejesi siluet çyzgysynyň görnüşidir. Ýakalaryň dekoratiw çyzgylarynyň beýany saldamly, baýramçylyk, nusgawy, romantika stil bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär.

Ýakanyň açylyşy göni, egri, tolkun, burçly, kese görnüşlerde çyzylýar.

Bu çyzgylar koketkada, bil, bykyn, etek kesiklerinde sazlaşykly gaýtalanýar. Ikinji derejeli goşmaça siluet çyzgylaryna jübüleriň gyralary bezeg tikinleri degişli bolup, olar aýlawly, burçly görnüşlerde ulanylýar.

Ýanbaş kesiginiň siluetiniň çyzgysynda nusganyň giňeýän ölçeginiň şekili ýerine ýetirilýär. Şu çyzgyda kesik emele getirilip, epinleriň dürli görnüşleri ýerine ýetirilýär. Öň we arka böleginiň aşyrasynyň iki gyrasynda biri-birine seredýän epini ýerine ýetirilýär. Siluet çyzgysyny gyýa almaklyk esasynda yzygider epinli, büzülen dekoratiw işleri ýola goýulýar. Siluetiň eteginiň çyzgysy esasy kompozisiýanyň egin-eşikdäki deňölçegliligi kesgitleýär. Etek kesiginiň çyzgysy eşigiň gelşigine tutuş täsir edýär. Syrlaşan modelde göni, beýleki modellerde kese, aýlawly, süýnýän, zigzagynyň görnüşlerinde etek kesiginiň çyzgysy ýerine ýetirilýär. Modeliň etegi ýönekeý işlenilende tikin çyzyklary dekoratiw görnüşde ýerine ýetirilýär. Etek kesigi modeliň boýuny kesgitleýär we keşbini düşündirýär. Epinli etek çyzgysy sport hem işewür stiliniň häsiýetini berýär.

Etek kesigi döwülýän, zigzag görnüşli bolup, örän göze ilýän model hasaplanylýar. Palto önümleriniň etek çyzgysynyň siluetinde sütükli deri, guşuň perleri, wolan, bezegleri ornaşdyrylsa, ol ýiti dekoratiw siluet çyzgysy hasaplanylýar. Modelleriň etegi giňeýär, gade, tolkun atýan nusgalary döredilýär ýa-da syrlaşan ýubkanyň etek kesiginde dilik bezegi, çuň epin bezegi ýerine ýetirilýär. Bu bezegler estradaçylaryň köýneginde ýa-da ýubkasynda ýerine ýetirilse, önümiň durkuna gelşik berýär. Eşigiň kompozisiýasynda estetika taýdan çyzgynyň aňladylyşy yzygider gözegçilikde saklanylýar. Bu meseleler siluete degişli bolşy ýaly, kontur çyzgysyna we modeliň içki kompozisiýasynyň işlenişine hem degişlidir. Wertikal çyzgylar özüniň agraslygy bilen tapawutlanýar. Bu çyzgyda önümiň we bedeniň uzynlygy kesgitlenýär. Bu çyzgyda egin-eşigiň kompozisiýasyny dik epinli görnüşlerde gurmak täze döwrüň talaby hasaplanylýar.



**42-nji surat. Göni siluetiň üýtgemegi**

Gorizontal çyzgy bedeniň we modeliň göwrümini gysgaldýar. Bu meseläniň çözgüdi görüş organda syn edeniňde netijesini görýärsiň. Gurnama-dekoratiw çyzgyda koketka, bil we beýleki görnüşleri ýerine ýetirilýär.

Diogonal çyzgy hereketi we dinamikany ýüze çykarýar. Täze döwrüň diogonal çyzgysy epinde, üstme-üst durýan siluet çyzgysy ýumşak we gödek görnüşde ulanylýar. Bu tehnologiýa boýunça nusga döretmeklik boýunça modelýer üçin amatly.

Aýlawly çyzgylar ýumşaklyk häsiýetnamasyny berýär. Bu siluet çyzgyda ýubka, koketka, modelirleme işleri ýerine ýetirildi. Relýef danlary, tolkun homutlary aýlawly siluet çyzgylary ýerine ýetirilýär.

Egin-eşikde çyzgylaryň baglanyşygy fason taýýarlananda, bir model üçin wertikal, gorizontal, aýlawly diogonal, çyzgylary ulanylýar. Meselem, nusga taýýarlananda epinler wertikal boýunça ýerine ýetirilen, bil guşagy gorizontal çyzgy esasynda ýeri-ne ýetirilen. Wertikal epini modeliň esasy kompozisiýa çyzgysy hasaplanylýar, gorizontal bil çyzgysy hasaplanylýar. Ol bil kesigini we beden ölçegini kesgitleýär.

Garaşsyz çyzgylara, esasan, bezeg tikinleri degişlidir. Bu çyzgylar palto, plaş, kurtka, köýnek, jalbar we ş.m. önümlerde ýerine ýetirilýär. Bu tikinler berkidiji hadysany ýerine ýetirýän garaşsyz çyzgydyr.

## §13. EGIN-EŞIGIŇ GRAFIKI DERŇELIŞI. SILUETLERIŇ (SUDUR) GRAFIKI GÖRNÜŞLERI

Döredijilik işinde suratçy modelýere önümçilik ukybyny ýokary derejede ulanyp, nusganyň grafikasyny çyzgy görnüşi çäklendirýär. Suratçy modelýer nusgasyny ilki bilen döredýär. Ilkinji döredilen nusga niýetlenen, ýaşaýan halkyň sanyna görä öndürmäge iş maksatnamasy düzülýär. Döredilýän nusgada önüme döwrüň modasy, halkyň islegi ornaşdyrylýar.

Moda – bu güni, wagtyň talabyny, halkyň islegini kesgitleýär. Durmuşy sazlaşdyrýar, önümçiligiň öndürýän nusgalary ilatyň ruhuny, islegini kanagatlandyrýar. Nusga siluet bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär. Esasan, modelýer üçin dört siluet bolup, olar göni, ýarym syrlaşan, syrlaşan, trapesiýa görnüşlerindedir. Tebigatlara, arhitektura ýadygärliklere salgylanyp, şol dört siluet bilen baglanyşykly drop, atanak, arka we ş.m. dürli siluetler döredilýär.

Täze modanyň gelmegi bilen adamlaryň egin-eşikleriniň durky täzelenýär. Täzelenýän geýmiň görnüşini suratçy modelýersiz döretmek we amala aşyrmak mümkin däldir. Ýagny model özüne bolan zähmeti talap edýär. Bu kompozisiýanyň çylşyrymly ösüşidir. Işiň jümmüşine berk girişmek bilen tikin çyzygy, matanyň reňkleriň görnüşi ornaşýar. Edilýän teklip näçe giňişleýin, içgin bellenilse-de, nusganyň adama bolan şertleri gowy aýdyň görkezilse, suratçynyň kärine, şu gününe we ertirine uly täsir edýär. Suratçynyň teklibi, egin-eşigiň durky, halkyň arasynda ýoň bolmagy bilen dünýä önümçiliklerine, tikinçilik senetiniň durmuşyna berk täsir edýär. Ýagny tikinçilik pudagy halkyň islegni kanagatlandyran, suratçy modelýeriň teklibini önümçilikde ornaşdyrylýar. Sebäbi täze modeliň üsti bilen kärhananyň ykdysady ösüşi göz öňüne tutulýar. Ýokary derejeli hünärmen inžener-tehnolog modeli gowy öwrenip, tehnologiýa boýunça resmi kagyzlary taýýarlap, işi ýola goýýarlar. Suratçy modelýeriň wezipesi täze matadan modeliň täze durkuny döretmek işini ýerine ýetirýär. Nusga grafik çyzgyda ýerine ýetirilýär. Bu çyzgyda boýunýaka bedeniň ýokarky bölegi, aşaky bölegi, aýakgaby görkezilýär. Model boýunça sungat döredijilik işi şu günden ýa-da geçmişiň durmuş çeşmesinden tapylýar. Bu işiň akymy gutarnyksyzdyr we aýlawlydyr. Çünki bu döredijiligi suratçy işiniň netijesini hertaraplaýyn düşünjede taýýarlamaly bolýar. Jemgyýet adamlary täze moda sabyrsyz garaşýandyr. Suratçy modelýeriň grafiki işiniň netijesini jemgyýet adamlary gowy kabul etmegi mümkin ýa-da tersine kabul etmezligi mümkin.




**43-nji surat. Bedeniň we siluetiň grafiki görnüşi**




**44-nji surat. Grafiki suduryň görnüşleri**

Hünärmen işini doly ýerine ýetirmek üçin modaly egin-eşigiň durkunyň grafiki usulyny derňäp döretse kynçylyk çekmeýär. Ýagny grafiki şekilde modelleriň işini haýsy görnüşe getirmeklige ýykgyn etmäge kömek berýär. Ýagny bu grafiki çyzgysynda geýmiň görnüşiniň hyzmat eden döwri, taýýarlanjak önümiň deň ölçege bölünişi ýönekeý görkezilýär. Meselem, grafiki görnüşler ýumurtga görnüşde, T – görnüşde, S – görnüşde, I – görnüşde, trapesiýa görnüşde ýerine ýetirilýär. Meselem, suratda 1900-njy ýyllarda trapesiýa görnüşli gyş daşky, agyr paltosy il arasynda ýiti ýoň bolupdyr. Paltonyň içinden zenanlar bili kemerli, uzyn köýnek geýipdirler. Trapesiýa görnüşdäki palto hem uzyn bolupdyr. Baş örtgüjiň depesi ýapgyt tekiz bolupdyr. Ýagny başgap erkek adamyň şu döwürdäki geýilýän telpegine meňzeşräk bolupdyr. Onuň beýikligi 8 sm bolupdyr. Grafiki çyzgyda palto trapesiýa görnüşinde onuň köýnegi atanak grafiki çyzgyda ýerine ýetirilýär.

1904-nji ýylda aýal köýneginiň grafiki çyzgyda derňelişi şeýle düşündirilýär. Ol uzyn syrlaşan görnüşde bolupdyr. Bu şekili modelirläniňde döş bölegi daýaw, gözilginç relýef görnüşde görkezilýär. Bilinden aşagy bykynyň arka tarapy ýaýraň görkezilendigi grafiki çyzgyda ýerine ýetirilen. Ýagny bu beden ölçeginde uly bant ýa-da tolkun bezegleri ýerine ýetirilýär.

1908-nji ýylyň egin-eşiginiň şekili göni bolup, grafika çyzgyda ýerine ýetirilen. Nusganyň uzynlygy topuga çenli bolandygyny, aýakgabyň pes ökjeli bolandygyny grafiki çyzgyda görmek bolar. Baş örtgüji uly saýawanly görnüşdäki şlýapa.

1913-nji ýylda zenanlaryň geýnişiniň garfiki şekili ýumurtga görnüşde bolupdyr. Başgap üçin ýaglyk ulanylypdyr. Bu grafiki çyzgyda ýeňiniň biçilişi bitewi reglan görnüşde ýerine ýetirilendigini kesgitleýärsiň. Şeýle hem bu çyzga laýyk masgarabazlaryň kartoşka, hlopuşka atly täze ýyl lybasy taýýarlanylýar.

1916-njy ýylda zenanlaryň geýen köýnegi topuga çenli uzynlykda bolup, göni şekilde üstünden trapesiýa görnüşli bezeg ýubkasy, bykyna çenli koftasy, döşüni ýapýan penjegi geýipdirler.

1923-nji ýylda zenanlaryň geýnişiniň şekili göni görnüşde bolup, aýal köýnegi dyzçanagyndan aşakdaky ölçege çenli bolupdyr. Grafiki çyzgyda göni görnüşde ýerine ýetirilýär. Şeýle hem şol ölçegden aşakda tolkun, epin bezegleri ýerine ýetirilýär. Pes ökjeli köwüş geýilýär.

1925-nji ýyldaky egin-eşigiň grafiki çyzgysynda zenanlaryň geýen köýneginiň şekili bykyna çenli göni şekilde ýerine ýetirilýär, bykyndan aşagy bezeg zolagy bolup, gade görnüşde modelirlenýär. Bu bezegiň dyzçanaga çenli ýerine ýetirilendigi grafiki çyzgyda görkezilýär. Ökjeli köwüş grafiki şekilde görkezilýär.

1927-nji ýylda zenanlaryň geýen köýnekleriniň şekiliniň göni bolandygy grafiki çyzgyda görkezilýär. Ol bykyna çenli bolup bykyndan aşagy daraldylan görnüşinde modelirlenen. Elbetde, bu nusganyň arka böleginde dilik kesigi ýerine ýetirilmeli. Çünki ýöremäge amatlylyk döredilmeli. Bu döwürde ökjeli köwüş geýmek zenanlaryň arasynda ýoň bolupdyr. Olar uzyn, bilden geçýän monjuk ürç edilip dakylandygyny grafiki çyzgyda görmek bolar.1932-nji ýylda zenanlaryň geýýän köýnekleriniň şekili syrlaşan bolandygyny grafiki çyzgyda görýäris. Çakdanaşa syrlaşan görnüşdäki nusga süýnýän örme matadan taýýarlanandygyny seljermek mümkin. 1939-njy ýylda zenanlar trapesiýa görnüşli üstki paltony geýipdirler. Onuň uzynlygy dyzçanaga çenli bolupdyr. Baş örtgüji beret bolandygyny grafiki çyzgyda görkezilýär. Gyz eşiginiň uzynlygy dyzyna çenli bolupdyr. Zenan köýnegi bili tikinli, bilden aşagy, etege çenli jaňjagaz görnüşdäki biçüwde ýerine ýetirilendigini grafiki çyzgyda ýerine ýetirilýär.

1940-njy ýylda görkezilen grafiki çyzgyda zenanlar göni şekilindäki, dyzçanaga çenli uzynlykda bolan egin-eşik geýipdirler.

1947-nji ýyldaky görkezilen grafiki çyzgyda zenanlar dyzçanaga çenli uzynlykdaky syrlaşan ýubka geýipdirler, koftalar bykyna çenli uzynlykda göni görnüşinde ýerine ýetirilýär. Eginde goşmaça bezegler ornaşdyrylýar.

1950-nji ýyldaky grafiki çyzgyda zenanlaryň geýýän egin-eşikleriniň nusgasy drob şekilinde bolup, köýnegiň ýubkasy arka görnüşinde ýerine ýetirilýär. Arka görnüşli ýubkanyň aşagyndan topuga çenli uzynlykda jaňjagaz biçüwdäki nusga ýerine ýetirilýär. Grafiki çyzgynyň maglumatlaryna görä, şol döwürde pes ökjeli köwüş geýlendigini anyklap bolýar.



**45-nji surat. Bezeg işiniň grafiki derňelişi**

1957-nji ýyldaky grafiki çyzgyda nusga özgertmeler girizilen. Gyş möwsüminde arka görnüşli egin-eşigiň geýendigini görmek bolýar. Daşky we üstki egin-eşikleriň uzynlygy dyzçanaga çenli uzynlykda ýerine ýetirilýär. Köýnegiň taýýarlanylyşy, bili rezinli büzülen görnüşde ýerine ýetirilendigini köýnegiň ýeňiniň biçüwi bitewi görnüşde biçilendigini görmek bolýar. Ökjeli ädik, aýakgap geýlendigini grafiki çyzgyda düşündirilýär.

1960-njy ýylda zenanlaryň egin-eşiginiň grafiki derňelişi çyzgy boýunça şeýle düşündirilýär. Üstki eşigi ellips görnüşinde bolup, uzynlygy dyzçanakdan ýokarda ýerine ýetirilýär. Geýýän köýnegi syrlaşan siluet bolup, uzynlygy dyzçanakdan aşakda ýerine ýetirilýär. 1960-njy ýylda ökjeli ädik, köwüş geýmek il arasynda ýoň bolandygy grafiki çyzgyda görkezilýär. Olar ýönekeý bili tikinli görnüşde taýýarlanypdyrlar. Köýneginiň ýokarky bölegi erkin biçüwde taýýarlanylýar. Köýnegiň uzynlygy dyzçanakdan aşakdaky ölçegde ýerine ýetirilen. Daşky geýýän paltosy ýumurtga şekilinde bolup, ýeňi relýef görnüşde taýýarlanan, etek kesigi içe tarapa daraldylyp modelirlenýär.

1964-nji ýylda zenanlaryň egin-eşiginiň şekili derňelende gatlakly görnüşde bolup, bili tikinli köýnek geýlipdir. Köýnegiň uzynlygy dyzçanakdan aşakdaky ölçegde ýerine ýetirilýändigi grafiki çyzgyda görkezilen. Köýnegiň içinden uzyn bolan göni siluetli ýubkanyň geýlendigini grafiki çyzgyda derňäp bolýar. Ýubkanyň uzynlygy topuga çenli uzynlykda ýerine ýetirilýär.

1970-nji ýylda zenanlaryň geýen egin-eşikleriniň grafiki çyzgysy bykyna çenli göni bolup, bykyndan aşagy büzülen görnüşde tatýana modelde nusga ýerine ýetirilýär. Bykyndan ýokarsy bil, göwüs danlary bilen modelirlenmän göni görnüşinde ýerine ýetirilendigi grafiki çyzgyda görkezilýär.

1978-nji ýyldaky grafiki çyzga salgylansa zenanlaryň geýen egin-eşigi ýarym syrlaşan görnüşdedigini kesgitläp bolýar. Bu grafiki çyzgy boýunça egin-eşik geýmäge ýurdumyzdaky 45-50 ýaşly zenanlar özleri üçin oňaýly hasaplaýarlar.

## §14. BEDEN GURLUŞYNYŇ DURKUNDA MODELIŇ KOMPOZISIÝASY (TEKTONIKA)

Adam suraty sungat bilen baglanyşyp, uly ussatlyk bilen beden hereketi öwrenilip, geýimde model kompozisiýasy düzülýär. Eşigi taýýarlamak usulyny taryhda gadymy grek halkynyň sungat ussatlyk alamatlaryny ýokary derejede ýerine ýetirmegi başarypdyrlar. Model taýýarlamak üçin zähmet ussatlygy hem-de çeperçilik ussatlygy durmuşda talap edýär. Onuň üçin beden maýyşgaklygy, hereketini göz öňünde tutmak hökmany. Gysga söz bilen aýdylanda, modelýer öz işiniň ussady bolmaly.

Adam bedeniniň gurluşyndaky kelle, el, aýak bölekleri oňurga birleşýär. Ylmy tarapyndan aýdylanda, adam bedeniniň göni wertikal ok geçmegi esasynda baglanyşdyrylyp, model taýýarlanylýar. Çünki bedeniň gurluşyny heýkeltaraş wertikal ok geçirip, deň böleklere bölüp, işini ussatlyk bilen ýerine ýetirýär.

Heýkeltaraş modelde bezeg işinde kompozisiýa etmek üçin bölümleriň esasynda işi dowam etdirýär. Mysal üçin, kelle bölüminde adamyň maňlaýynda, gaş, göz, burun, gulak, agyz, eňek ýerleşen. Kelle şekiline görä baş örtgüji saýlamagy başarmaly. Meselem: erkek adam süýri ýüzli bolsa, oňa şlýapanyň haýsy görnüşi gelşer diýýän sorag ýüze çykýar. Sorag esasynda baş örtgüjiň görnüşleri saýlanylýar. Aýal maşgalada-da ýüzüniň keşbine görä, durmuşyň akymyna laýyklykda ýaglyk, göräk tahýa görnüşlerine görä ulanylýar (*46-njy a surat*).

Eşik hereketdäki arhitektura diýlip hasaplanylýar. Adam bedeniniň gabarasy öwrenilip, adama gelişýän model taýýarlanylýar. Ýagny adamyň beden gurluşy dürli-dürli bolup, egniň ululygynyň aýratynlygy, göwüs-döşüň gurluşynyň pilçe arkanyň hökgüligi, dikligi, biliň inçeligi ýa-da ýogynlygy modeliň görnüşlerine salgylanmaga mejbur edýär. Beýle gabaraly adamlar üçin model taýýarlamaga aýratyn çeperçilik duýgusy, sungat ussatlygy hünärmen üçin hökmany bolup durýar. Gabaraly adamlar üçin ýörite aýratyn modeliň ülňi galyby taýýarlanylýar.


a)


b)

**46-njy surat. Başgabyň bezeginiň görnüşleri:**
*a – milli baş geýimleri; b – ýewropa baş geýimleri*

Tektonika – bu esasy kompozisiýanyň häsiýetiniň derejesidir, gurluşynyň yzygiderliligidir. Matany saýlamak, egin-eşigi taýýarlamak prosesiniň häsiýetlendirilişine we doly taýýarlanan durkuna inçe tehnologiýa diýilýär.

Adamyň ýüzüniň keşbi geýinmekde uly rol oýnaýar. Adamyň ýüzüniň keşbiniň ýedi görnüşi bar. Model döredilende hünärmen müşderiniň ýüzüniň gurluşyna üns

bermeli. Ýüzüniň gurluşy boýunça modeliň ýakasynyň açylyşy ýerine ýetirilýär. Ol usul ýüzüň keşbini ýa-da adam suduryny owadan görkezýär. Saç bezegi hem her bir ýüz keşbine gelişmeýär. Zenan ýüzüniň kiçelmegi onuň ýüzüne edýän makiýažyna we saçynyň bezelişine baglydyr. Gözüniň boýagynyň ölçegini uly alsa, maňlaý saçyny gysgaltsa, ýüz keşbi kiçelmek bilen bolýar. Muny ýürek we süýri ýüzlilere ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Göz gaşynyň hem birnäçe görnüşi bardyr. Ýaý burçly, gorizontal we ş.m görnüşleri bardyr.



**47-nji surat. Adamlaryň ýüz keşbi:**
*a – tegele; b – trapesiýa; ç – süýri dört burçly; d – ellips; e – üç burçly; ä – dörtburçly; f – ýürek şekilli*

Tektonikada saçyň bezeginiň adama täsiri uludyr. Saçy bezegli bejermek üçin orta bilimli hünärmen taýýarlanýar. Saçy bejermekde ulanylýan himiki serişdeler kada boýunça ýerine ýetirilýär. Saça aýratyn üns berilýär we ideg edilýär. Serişdeleriň saçy zaýalaýandygy sebäpli, seýrek baýramçylyklarda bu usullar ulanylýar. Suratda görkezilişi ýaly, saçyň bezeginiň dürli nusgalary bar. Saç bezegi

tehnikanyň kömegi, gyzgynlyk howasy bilen hem ýerine ýetirilýär. Saçy yzyna darap, göwrümini ulaltmak bilen şekil döretmek usulynda estetika gözelligi ýerine ýetirilýär. Şol döredilen şekil serişde bilen gatadylýar.

Egin-eşigiň durkuny modelirlemek üçin oýlanmagy, görmegi, döretmegi başarmaly. Nusga taýýarlajak adamyň heýkeli hor, daýaw bolsa, onda ussatlyk bilen şol bedeni gelşige getirmeli. Hor adamlar beden gurluşynda döş ölçeginiň meýdanynda özlerini gelşiksiz duýýarlar. Hünärmenler şol süňkli kapasany ýapmaga çalyşýarlar. Emma heýkeltaraş ýa-da modelýer şol döşi gelşikli görner ýaly, açyk görnüşdäki nusgany döretmeli. Çünki modele görä mata saýlamaly. Meselem, dokalmadyk mata, atlas mata, ýüň mata, nah matalaryna gabat geläýjek, model baglanyşdyrylyp jynsyna görä şekilini çekmeli.

Eşik tikmek üçin täze model taýýarlananda, adamyň gabarasyna görä täze ülňüsi taýýarlanylýar. Ülňi taýýarlanmanka adam göwrüminiň nokatlaryna, gabarasyna görä beden nokatlaryna esaslanyp ölçeg alynýar. Bu ölçeglerde egin, döş, kebze ölçegi, bykyn aýlaw nokady we ýanbaş aýlawy, boýuň, eliň nokady hasaba alynýar. Şeýlelikde, nokatlar esasynda ölçeg sanlaryny taýýarlap, matanyň böleklerinden ülňini taýýarlamaga başlamaly. Ülňüde biçilen böleklerini kökläp, manekene geýdirip barlamaly. Tejribeçilik ukybyňy doly ulanyp, maketiň üstünde artykmaç ýerlerini aýyrmak üçin bellik edip, aýryp, täzeden kökläp, makede geýdirip nusgany taýýarlamaga ugrukdyrmaly. Makede geýdiren nusgaň ykjam oturandan soň, täzeden şol ölçegler esasynda galyp taýýarlanylýar we egin-eşik tikmäge ugrukdyrylýar.

“Ussat” nemes sözi bolup, ol “syratçy” diýen manyny berýär. Ussadyň aňyrsynda sungatdaky öwrenmeli, tanyşmaly ençeme syrlar ýatyr. Ussat nusgaçynyň hemişe teklipleri bolmaly. Teklipler nusga boýunça dürli-dürli görnüşde bolmaly. Dogry tapylan nusga eşigi geýjek adamda sungata ruhubelentlik döretmeli. Şonuň üçin egin-eşigiň nusgasy sungatyň jümmüşinden döreýär diýilýär. Heýkel – nakgaşçynyň edýän işinde şekiliň şahsyýetini görkezmek we açyş etmek. Egin-eşik hem şonuň ýaly bedeniň şekiline höküm (diktatorlyk) etmek bilen, çeperçilik kanunyna ýakynlaşýar. Oňat beden, elbetde, dikje, uzynja, boýny, bili inçe bolsa, onda ol bedene nusga tapmak ýeňil we modeliň dürli görnüşini taýýarlap bolýar. Bu bedene taýýarlan lybasyň gelşikli bolýar.

Ýöne hünärmeniň durmuşynda dürli görnüşli bedenler gabat gelýär. Döş ölçeginiň bolmalysyndan has kiçi bolmagy ýa-da erkek adamlaryň aýaklarynyň ýaý ýaly bolmagy modelýeri nusga taýýarlananda oňatja pikirlendirýär. Bedeniň durkuny

saklamak üçin bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmeli, hereketde bolmaly. Tersine özüňe seretmeseň, artykmaç semizlik beden gurluşyny üýtgedýär. Beden gurluşy kadalaşandan soň, tapawutlanyp taýýarlanýan lybasa tarypyny ýetirmek galýar.

Adamyň daşky duýgusyndan, geýmiň owadanlygyndan, ýüzüniň owadanlygyndan daşary, onuň içki duýgusy, keýpi, iş başarjaňlygy, duýgy işjeňligi ýokary bolmaly. Taýýarlanýan nusgalar ýokarda görkezilen meseleleriniň belli bir bölegini çözýär.

Dünýä boýunça nusganyň manysyny fransuzlar ýokary derejede saklaýarlar. Medeniýetdäki egin-eşigi “fransuzlaryň – belli işi” diýilýär. Adamlar berhiz saklamak bilen gelşikli bolmagyň aladasyny edýärler. Munuň saglyga hem peýdalydygyny ylym ykrar edýär.

## §15. ERKEK ADAMLARYŇ BEDEN GURLUŞY

Anatomiýa bedeniň aýratyn gurluşynyň durkunyň esasy baradaky ylymdyr. Ol tutuş bedeniň düzülişini öz içine alýar.

Morfologiýa adam bedeniniň aýratynlygynyň kanuny ölçegi baradaky ylymdyr. Adamyň bedeniniň aýratynlykda üýtgäp durmagy, teniň beden deň ölçeginiň ýaşy boýunça üýtgemegi degişlidir.

Antropologiýa – adamyň teniniň gurluşyny öwrenmek.

Anatomiýanyň plastikasy boýunça adam teniniň daşky durky öwrenilýär. Bedeniň aýagy, eli, göwresi, boýny, kellesi teniň daşky durkunyň uly adaty böleklerine bölünýär.

Erkek adamyň egni dürli görnüşde bolup, 48-nji suratda görkezilişi ýaly, a) adaty egin; b) inli egin, ç) insiz egin. Egniň ýapgytlygy hem dürli görnüşde bolýar: a) adaty; b) beýik; ç) pes.




**48-nji surat. Egniň ininiň we beýikliginiň görnüşleri**

Erkek adam skletiniň aýagy üç görnüşde bolýar: a) adaty görnüşde bolmaly durkunyň şekili; b) X görnüşli durky; ç) O görnüşli durky; d) suratdaky aýagyň durky sirkul şekilinde bolýar.

Erkek adamyň garnynyň meýdany esasy üç görnüş boýunça tapawutlanýar: göni, çöken, çykyp duran. Köplenç, ýaşyň geçmegi bilen beden ýag ýygnaýar, kebzäniň görnüşleri hem dürli-dürlüdir: göni, hökki, arka gaýyşýan görnüşlere bölünýär.

Has iri alamat total alamata degişli hasaplanylýar: boýuň uzynlygy, döş perimetri, (aýlaw) we agramy. Täze dünýä inen oglanjygyň boýy ortaça 51,5 sm deňdir.



**49-njy surat. Aýagyň gurluşynyň görnüşleri**



**50-nji surat. Erkek bedeniniň görnüşi**

6. Sargyt №1256




**51-nji surat.**
**Kebzäniň kadalaýyk, hökgi, gaýyşýan görnüşi**

18–20 ýaşdaky oglanlaryň teniniň gutarnykly ortaça uzynlygy 167–168 sm deň bolýar. Bu uzynlyk erkek adamda 45–50 ýaşa çenli saklanýar. Soňra her 5 ýyllykda 0,7 sm beden gysgalmaklyk bilen bolýar. Antro-pology boýunça döş aýlawy egin pilçesi ýaşyň geçmegi bilen ýaýraýar. Garrylyk gelende şol ölçegler hem kiçelmek bilen bolýar. 1 ýaşa ýeten oglanyň döş aýlawy 49 sm deňdir. Ýetginjekleriň döş aýlawy 25–26 ýaşlarda durky gelşige gelýär. 40 ýaşdan soň erkek adamyň bedeni ýag ýygnap ugraýar we bedeni ýaýraýar. 60 ýaşa ýetende gözegçiligiň üsti bilen perimetriň döş tory käbir nokatlary kiçeltmek bilen bolýar.

Ortaça erkek adamyň agramy 64 kg deňdir. Kiçi agramy 40 kg, iň uly agramy 99 kg deň bolup, bu ýarawsyz adamyň agramy hasaplanylýar. Ösýän döwründe oglanlaryň göwresi agralýar. 55 ýaşa çenli ortaça 1,5 kg agralýar. “Erkek adamyň arasynda üç görnüşli bedeni bar” diýip, W.W. Bunak belläp geçýär we şeýle atlandyrýar:

a) suratda görkezilişi ýaly dolihomornyý görnüşli bolup, oňurganyň bil ölçegi inçe görnüşdedir. Bu beden hünärmeniň iş hadysasynda ýygy-ýygydan gabat gelýär;

b) suratdaky bedeniň şekili mezomorfnyý ortaça bedeniň görnüşi;

ç) suratda “brahimorfnyý” diýlip atlandyrylyp, gysga bedenli ýaýraň şekiller degişlidir.

Erkek adamyň bedeni çaga müçesinden kellesi bir ýarym esse, bedeni üç esse, bil oňurgasy üç esse, eli dört esse, aýagy dört esse, boýny ýedi esse ulalýar. Erkek adamlar küýki, muskully, bedenli, garynlak şekilinde bolýarlar. Küýki erkek adamlaryň garyn meýdany içe giden, çöken görnüşde bolýar. Şeýle hem küýki bedenli, adam tekiz ýagsyz döşli bolýar. Muskul bedenli erkek adamlaryň bedeniniň ýagy çäkli, orta ýa-da güýçli muskully döşlek, arkasy adaty ýa-da göni bolýar. Garynlak (brýuşnoý) görnüşli adamlaryň bedeni ýagly, orta hem-de gowşak muskully, egni pes, küýki ýa-da adaty arkasy bolýar.

Alym W.G. Ştefko oglanlaryň bedenini çyzgyt boýunça 4 esasy görnüşe bölýär (*52-nji surat*):

a) astenoid tipli oglanlaryň muskuly gowşak ösýän, döşi dar, küýki arkaly egni gysga, aýagy uzyn bolýar (*52-nji a surat*);




**52-nji surat. Ýetginjek oglanlaryň bedeniniň görnüşleri**

b) torakal tipde muskullary orta we haýal görnüşde ösýär. Dar döşli, ösgün bedenli, göni garynly, relýef arkaly bolýar (*52-nji b surat*);

ç) etli tip – orta ösýän muskully, döşlek, göni garynly, eginlek bolýar (*52-nji ç surat*);

d) digestiw tip – bedeni ýokary ýagly, orta we gowşak muskully, pes eginli, garynlak, arkasy göni bolýar (*52-nji d surat*).

Bedeni oky wertikal görnüşde bolup, tutuş göwräniň deňagramlylygyny saklaýar. Onuň kömegi esasynda adam erkin asuda ýöreýär. Beden oklary dürli tip boýunça häsiýetlendirilýär. Tikinçilik senagatynda üç bedeniň okunyň häsiýetli boýunça iş geçirilýär. Adaty beden oky küýki, gaýyşýan görnüşde (*52-nji a, b, ç suratlar*) bolýar.




**53-nji surat.**
**Bedeniň antropometriýa nokatlary**

Polşaly alymlar oňurganyň üç egri görnüşini ýüze çykaryp, olaryň hersi üç wariantyny öz içine alýar. Kifotiçeskiý häsiýetlendirmede oňurgadan döş tarapyna egilýär. Bil ölçeginiň arkasy içe gaçýar. Deňagramly häsiýetnamada döş

ýykylma, biliň ýykylma deň derejeli. Beden lokantiçeskiý görnüşde döş yza gaýyşýar, bil öňe gidýär.

Bu oňurgalaryň häsiýeti üçe bölünme bilen häsiýetlendirilýär. Eşigi modelirlemek üçin birnäçe bölünme boýunça bedenlere laýyk nusga taýýarlanylýar. Taýýarlanýan eşigiň ölçegleri synag işleriň netijesi esasynda antropometriýa gözlegi bilen köpçüligiň esasy böleginiň bedenine laýyk taýýarlanylýar. Şonuň üçin nusgany modelirlemäge antropometriýa kesgitli ölçeg ýöredilýär. Antropometriýa hadysalary esasynda bedeniň bölekleriniň ölçegi hasaba alynýar. Ýagny bu bölekler bedeniň nokatlary boýunça alynýar.

Ol ölçeg bellenen araçäkler boýunça tende ýerine ýetirilýär. 53-nji suratda görkezilişi ýaly, ölçegi ýerine ýetirmek üçin indiki antropometriki nokatlar ulanylýar:

a – nokat boýunça göze we gulaga perpendikulýar ölçegiň alnyşy;

b – nokat boýnuň esasy nokady bolup, ýedinji oňurganyň nokadyndan ölçegi almak;

ç – boýnuň esasy nokady boýnuň aýlawyny hasaba almak;

d – ölçege giriji nokat, döşüň iň ýokarky nokady;

e – dördünji gapyrganyň kentlewügiň ujundan alynýan döş nokady, döşüň soňky nokady;

ä – el bilen egin bognuň birleşýän nokady;

f – egin tirsek bognunyň nokady;

g – döş nokady;

h – dyzçanagyň bogun nokady;

i – eliň beden bilen sepleşýän öňdäki burçunyň nokady;

j – eliň beden bilen sepleşýän arkadaky burçunyň nokady;

z – miweligiň nokady;

k – biliň gapdal nokady.

Ähli ölçegler gorizontal we wertikal çyzyklar boýunça alynýar. Wertikal ölçeg oňurga okundan alynýar. Antropometriki ölçeg almaklyk üçin erkek adamyň teni boýunça alynmaly (plawada bolmaly, aýakgaby bolmaly däl).

# III BÖLÜM
# EGIN-EŞIKLERIŇ MODELIRLENILIŞI

## §16. MODELIŇ BIL ÖLÇEGINIŇ MEÝDANYNYŇ HÄSIÝETLENDIRILIŞI

Ýubkanyň silueti (sudury) onuň durky, uzynlygy, danlaryň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly. Haýsy nusgany hem alsak, dan mesele bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär. Ýönekeý durky öz içine alýan göni nusgawy şekilde hem şol düzgün amala aşyrylýar.



**54-nji surat. Bil kesikleriniň ýerine ýetirilişi**

XX asyryň 30-40-njy ýyllarynda geýilýän ýubkalaryň bil meýdany syrlaşan görnüşde ýerine ýetirilýär. Ýöne bykyn meýdany biçüwde bedeniň erkin bolmaklygy göz öňünde tutulýar. Bykyn meýdanynyň erkinligini üpjün etmek üçin öň we arka bölegiň bil kesiginde birnäçe danlar ýerine ýetirilýär. Elbetde, zenan we gyz maşgalanyň bykyn meýdany, göwüs meýdany göze mälim, bili inçe bolsa ol has suraýy bedenli hasaplanylýar. Bykyn meýdanynyň kemini ýapmak üçin döredilen nusga modelýerleriň ussatlygy diýip hasaplanylýar. Ätiýaç giňliginiň döredilmegi biçüwi arkaýyn oturtmagyna şert döredýär. Ýubkanyň etegi daraldylýar, arka böleginiň merkezi kesiginiň etek kesiginde dilik ýa-da epin bezegi ýerine ýetirilýär. Bu nusga göni biçüwde ýerine ýetirilýär. Suratdaky biçüwiň gapdal kesiginiň tikini bolman, onuň yz bölegi göni bir tikinli görnüşde modelirlenen. Bir tikiniň etek kesiginde epin şlisa modelirlenýär. Yz bölekde ýerine ýetirilýär. Bu nusga has modaly ýubka hasaplanylýar. Epin şlisa erkin ädim herekeine kömek edýär. Ýubkanyň

uzynlygy maksimal ölçegde ýerine ýetirilýär. Ýagny dyzçanagyndan aşakdaky beden ölçege laýyk uzynlykda ýerine ýetirilýär. 30-40-njy ýyllarda ýubkanyň bil meýdany öz bolmaly ölçeginde ýerine ýetirilýär.

60-njy onýyllykda döredilýän ýubkalaryň ölçegi midi ölçeg boýunça ýerine ýetirilýär. Ýagny bil ölçeg meýdany bykyn ölçegine getirilýär. Bykyn meýdanynyň erkin ölçegi saklanylýar. Ýubkanyň biçüwi öň we arka guşak böleklerden durýar. Ýagny iki tikinli ýubka hasaplanýar. Öň böleginde danlar bilen modelirlenen koketka şekili bermek üçin jübi zolagy goýlan. Bu bölek bezeg we koketka şekili berýän zolak bolup hyzmat edýär. Ýubkanyň etek kesiginde dilik ýa-da epin bezegi ýerine ýetirilmeýär. Çünki ýubkanyň uzynlygy dyzçanakdan ýokardaky ölçegde ýerine ýetirilýär. 45-nji suratda ýubkalarda goşmaça özgertmeler goşulýar.

Ýagny midi biçüwdäki ýubka dört tikinli ýubkalarda modalaşdyrylýar. Bu biçüwdäki köýnege il arasynda “otreznoý” diýlip atlandyrylýar. Bil ölçegi bolmaly meýdanynda ýerine ýetirilýär. Ýubkanyň etegi giňeldilip, ol jaň şekilini berýär. Bil dany ýerine ýetirilmeýär. Ikinji ýubka göni maksi ölçegdäki uzynlykdaky modeliň şekili üýtgedilýär. Bu biçüw ýarym gün biçüwdäki modeliň şekiline golaý ýerine ýetirilýär. Bil meýdan guşaklygy syrlaşan beýik guşak ýerine ýetirilýär. Bykyn meýdanyna erkinlik berer ýaly kiçi epin berilýär. Koketkaly ýubkada guşaklyk meýdany bykyna düşürilýär. Bil guşaklygy inçe köprüli görnüşde hem ýerine ýetirilýär. Ýubka koketka bilen modelirlenen model bykyndan etege çenli giňelýär. Ýagny koketkanyň sepleşýän meýdandan, aşakdaky esasy bölekleri alty tikinli biçüwde ýerine ýetirilýär. Suratda görkezilen maksi ýubkasy il arasynda “Gül gunçasy“ diýilse, hünärmenler tarapyndan “Wostok” diýlip atlandyrylýar.

**Jalbarlar.** Zenan jalbaryny hünärmenler 1930-njy ýylda döredýärler. Bu döwürde döredilen jalbar giň görnüşde ýerine ýetirilýär. Bil ölçegi syrlaşan görnüşde ýerine ýetirilýär. XX asyryň 50-nji onýyllygynda zenanlar tarapyndan bu modele isleg az bildirilýär. Şonuň üçin zenan jalbarynyň modelini üýtgedýärler. Jalbaryň şekiliniň biçüwi mylaýym, bedeni gelşikli görner ýaly biçüw ýarym syrlaşan görnüşde modelirlenýär. Bil ölçegi bil ölçeginden aşakda ýerine ýetrilýär. Jalbaryň uzynlygy dyzçanakdan ýokarda, topukdan ýokarda, injik ölçeglerinde ýerine ýetirmek ýola goýulýar. Munuň sebäbi erkek jalbaryndan hökmany zenan jalbarynyň tapawudy göz öňünde tutulýar. Bilde guşaklyk bezegi ýerine ýetirilende, danlar bilen mode-lirlenip bykyn meýdany giňeldilýär. Jalbar bluzka, kurtka penjek bilen geýmek maslahat berilýär. 70-nji ýyllarda zenan jalbarynyň eteginiň ölçegi 36-38 sm çenli giňeldildi. Bu jalbarlaryň etegi aýakgaby görkezmeýär. Bil danlary çuň we ýeňil görnüşlerde modelirlenýär.

## §17. MODELIRLEMEGIŇ ESASY WE ÇYZGYSYNYŇ GURLUŞY




55-nji surat. Bedeni çekip öwrenmegiň usuly

Modelýer dogry çyzgyny gurmak we oňa düşünmek üçin bedeniň gurluşynyň bölünişini göz çen bilen kesgitlemäge endik edýär. Göz ölçegi hünärmeniň esasy biliminiň netijesi hasaplanýar. Beden we onuň bölekleri, adamyň bedeniniň çylşyrymly tanyşdyrylyşy meseläniň esasynda ýerleşýär.

Modeliň çyzgysyny ukyply ýerine ýetirmäge, eger-de seniň ukybyň çyzga gowşak bolan ýagdaýynda-da taýýar nusgany okap öwrenmäge mümkinçiligiň bolýar. Her tikinçiniň göz görejiň kabul etmegi bilen işi gurnamagy hökmany. Modaly žurnallardan, kataloklardan model göçürmek bilen täze nusga döretmäge mümkinçiligi döreýär. Žurnallardan element böleklerini alyp döredilýän nusga ornaşdyrylýar. Tötänden duşýan modeli hem gözüň kömegi bilen ýatlap, çyzga geçirmek ussatlygyň bir görnüşi hasaplanýar. Ilki bilen bedeniň gurluşy we bölünişi bilen tanşalyň. Zenanyň beden gurluşyna üns bereliň. Suratda görkezilişi ýaly zenan bedenini siluetiniň çyzgysy ýerine ýetirilýär. Zenan bedeni deň 8 bölege bölünen:

- 1-nji bölek – eňek bilen kelle aralygy;
- 2-3-nji bölek – bedeniň boýnundan biline çenli ölçegi eliň tirsegi bilen bil ölçegi gabat gelýär;
- 4-nji bölek – bilden aýagyň başlanýan ölçegine çenli;
- 5-6-njy bölek – aýagyň başlanýan ölçeginden dyzçanaga çenli;
- 7-8-nji bölek – dyzçanakdan dabana çenli.

2-nji bölegiň merkezi aralyk ölçeginde egin bogunlary ýerleşýär. Egin bogny bilen bil ölçeginiň merkezinde aralygynda göwsüň iň beýik nokady ýerleşýär.

3-4-nji bölegiň bölünýän kesiginde bil we tirsek kesigi ýerleşýär. 4-nji bölegiň merkezi ölçeginde bykyn we garnyň beýik nokady ýerleşýär. 4-5-nji çyzygy bölýän kesiginde oturýan miweligiň meýdanynyň iň beýik nokady ýerleşýär.

Eliň gutarýan ölçegi bykynyň ortasyna ýetýär. Egin bogunlaryndan wertikal çyzyk geçirseň bykyn süňküniň üstüne düşýär. Zenanyň bedenini çekip öwrenmek üçin kletkaly kagyzy alýarys. Çeken bedenimize işlän modelimizi geýdirip bilýäris. Kletka kagyzymyzyň merkezinden wertikal göni çyzyk geçirýäris. Wertikal çyzygymyzy 4 kletkadan 8 bölege bölýäris. Suratda görkezilen 1-nji bölekde 1-2-nji bölegiň kesiginde direnip duran "nal" çyzgysy ýerine ýetirilýär. Bu çyzgy eňegiň kontury.




**56-njy surat. Siluet suratyny çekmegiň usuly**




**57-nji surat. 1 – aýagyň suratyny çekmegiň usuly; 2 – eliň suratyny çekmegiň usuly**

55-nji suratyň 5-nji kletkasyndaky çyzgyda egin bogunlary ýerleşýär. Egin bogunlary 2-nji bölege degişli hasaplanylýar. 2-3-nji bölegiň kesişýän merkezinde egniň düşýän goltuk kesigi ýerleşýär. 3-4-nji bölekleriň kesişýän çyzygynda bil kesigi ýerleşýär. 4-5-nji bölegiň kesişýän çyzygynda bykyn ölçegi ýerleşýär. 5-6-njy bölegiň kesişýän çyzygynda ýanbaş ölçegi ýerleşýär. 6-7-nji bölegiň merkezinde dyzçanagyň ölçegi ýerleşýär. 7-8-nji bölegiň merkezinde injik ölçegi ýerleşýär.

Suratda bogun nokatlary eginde, bykyn, dyzçanakda we tirsekde görkezilýär. Soňra şol nokatlar göni çyzyklar bilen birleşdirilýär. Suratda görkezilişi ýaly bedeniň şekili kletkalar esasynda ýerine ýetirilýär.




**58-nji surat. Ýakanyň suratynyň çekilişiniň usuly**

Suratda eňegiň naly, goltuk, biliň ölçeginiň birikmesi, bilden bykyn, dyzçanak çyzgysy görkezilýär.

Suratda boýnuň şekili, egin kesigi, eliň şekili, göwüs meýdany, dyzçanakdaky etek kesiginiň çyzgysy görkezilýär.

Suratda eliň şekili doly ýerine ýetirilýär. Suratda egin-eşik geýdirýäris. Punktir çyzyklar bilen ýubkanyň şekilini görkezýäris. Eliň şekilinde ýeňiň uzynlygyny görkezýäris. Bölünen setkanyň kömegi esasynda aýagyň durkuny çekýäris.

Suratda aý agyň şekili bilen bilelikde görkezilýär. Aýagyň şekili hökmany bolmagynyň sebäbi, zenanyň göwresine görä modeliň uzynlygyny görüp bolýar.

Suratda köýnegiň eteginiň aýlawly modelirlenilişi görkezilýär. Eger-de iki nokatda göni çyzgy geçirilmän, orta nokady 1,5 kletka çenli çalaja giňeýär.



**59-njy surat. Modaly ýubkanyň çekilen suraty**

57-nji suratyň 1-nji böleginde aýagyň şekiliniň çekilişi beden bölekleri boýunça görkezilýär.

Ýeň we eliň suratyny çekmek üçin kynçylyk döremeýär. Suratyň 2-nji böleginde ýeň öýüniň suraty çekilen, çünki ýeň öýünden el gysga. El ýeň öýünde ýerleşmäge oňaýly bolmagyny göz öňünde tutulmaly. Suratda ýeňde eliň oturdylyşy punktir çyzgy bilen görkezilýär.

58-nji suratda ýakanyň çekilişi görkezilen. Boýunýakasy bedene golaý çekilen: a) ýaka nädogry hasaplanýar; b) ýakanyň çekilişi dogry hasaplanýar; ç) suratda özboluşly (fantaziýa) ýakanyň çekilişi görkezilýär. Ýakalarda, köplenç, bant bezegleri ýerine ýetirilýär.

## §18. MODALY ÖNÜMLER

***1-nji model. Kostýum.*** Bu kostýum ýeňil zenan maşgalanyň egin-eşigi bolup, alabahar, güýz möwsümine geýmäge maslahat berilýär. Bu nusgany ýeňil ýarym ýüň, keteni matadan taýýarlamak maslahat berilýär. Model iki bölekden durýar. Ýeňil penjek we göni ýubka. Bir tikinli ýubka. Etek ölçegi bykyn ölçeginden sähelçe giňeldilýär.



a) b)

**60-njy surat. 1-nji assimmetriýa modeliň modelirlenilişi**

Ýubkanyň uzynlygy dyzçanaga çenli. Bir tikinli göni ýubka dyzçanakdan uzyn bolsa, ol ýöremäge ädim bermeýär. Ýubkanyň bykyn ölçeginde iki hatar bezeg zolagy geçirilen. Bezeg işi nagyş tesma bilen bezeg işi ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Kostýumyň penjeginiň uzynlygy bil ölçegden geçýär. Bykyn ölçegden ýokarda. Ýakasy üçburçluk görnüşde açylýar. Göwüs aýlawynda bezeg zolagy geçirilen. Bezeg zolaklary bedende gorizontal çyzyklar bilen gaýtalanýar. Bezegde gapyrga bezeg diýilýär. Gapyrga bezeginden bant daňysy döredilýär.

***2-nji modeliň*** modelirlenilişi assimmetriýa görnüşde bolup, arka böleginiň ülňüsi simmetriýa görnüşinde ýerine ýetirilýär. Nusganyň öň böleginiň ülňüsi assimmetriýa görnüşde bolansoň, onuň doly üstünde işlemeli bolýar. 61-nji suratda görşüňiz ýaly, nusgany öňünde Z şekili ýerine ýetirilen. 61-nji suratyň a çyzgysynda göni çyzyklar bilen modelirleme işleri punktirde görkezilen. Ýagny bilden 7 sm ýokarda, göwüs danyň aşagyndan punktir çyzygy göwsüň beýik nokadyň etegine çenli çyzylýar. Şol punktir çyzgy çep gapdalyň bil danyny aşakdaky nokadyna çenli punktir çyzgysy geçirilýär.




a) b)

**61-nji surat. 2-nji assimmetriýa modeliň modelirlenilişi**

Soňra çep gapdalyň bil nokadyndan 9 sm bil nokadynyň aşagyna çenli punktir çyzgysy dowam edýär. Netijede, suratda görkezilişi ýaly, Z şekili emele gelýär. Soňra sag ülňiniň bölegi göwüs, bil etek kesigi degişli bolýar. Ülňiniň çep bölegine döş, göwüs, bil meýdany degişli. Göwüs meýdanynda düzülen meýdany modelirlemek üçin sag gapdalynyň bykyn meýdanynda we çep gapdalyndaky göwüs

meýdanyny büzmäge modelirleme punktir çyzgysyny geçirýäris. Gyrkyp ülňini giňeldýäris. b) çyzgyda ülňiniň ulaldylyşynyň ölçegi doly görkezilýär. Şeýlelikde, modelirlenen ülňide Z şekili üýtgeýär-de, aýlawly geometriýa çyzyklary gurulýar. Modeli büzülip taýýarlandan soňra önümde ýene-de Z şekili emele gelýär.

***3-nji modeliň*** gurluşy simmetriýaly ýeňi bitewi kimano biçüwde ýerine ýetirilýär. Arkasy bykyn ölçege çenli tikinde bykyndan bil danyň çuň ölçegine modelirleme çyzgysy geçirilýär, çyzgyda görkezilýär. Bitewi ýeň ýapgyt çyzgysy boýunça ýerine ýetirilýär. 3-nji modeliň öň böleginiň merkezinden dik wertikal çyzgysy modelirlenip bölünýär. Çyzgyda görkezilişi ýaly döş meýdanyndan dan meýdany punktir çyzgy bilen modelirlenýär. Punktir çyzgy gyrkylyp giňeldilýär. Iki dan meýdanda modelirlenen suratdaky görkezilişi ýaly zolak çykarylýar. Suratda taýýar ülňiniň şekili görkezilýär. Iki zolak sag, çep egne, çep sag egne birikdirilýär. Iki zolak saklanar ýaly dok reňkli gaty matadan bezeg işlenilip ilik bilen berkidilip oturdylýar (*62-nji surat*).




**62-nji surat. 3-nji simmetriýa modeliň modelirlenilişi**

***4-nji model*** bili tikinli zenan köýnegi. Modeliň ýokarky böleginiň modelirlenilişi assimmetriýa görnüşde ýerine ýetirilýär (*63-nji surat*). Şonuň üçin öň bölegiň tutuş ülňüsinde modelirleme çyzgylary geçirilýär. Suratda görkezilişi ýaly, boýunýakanyň nokadyndan 10 sm aşaklygyna, göni çyzgy geçirip, nokady belleýäris. Boýunýakanyň iki gapdalyna nokady bilen birleşdirýäris. Göwüs dany egniň üsti bilen ýerine ýetirýäris. Bil nokatdan çep goltuga çenli aralygyna göni çyzgy geçirýäris. Şol çyzga parallel çyzgyny döş merkezinde sähelçe çepe süýşürýäris. Çyzgyda siz ýokarky böleginiň modelirlenilişini görýärsiňiz. Sag we çep goltuga göni çyzgy geçirilýär. Bu çyzgyda nokatdan aşakdaky üçburç çyzgy dan zolagy hökmünde aradan aýrylýar. Sag gapdaldaky üçburçly zolak hem aýrylýar. Şeýlelikde, çyzgyda modalaşdyrylan

taýýar ülňiniň şekilini görýärsiňiz. Köýnegiň aşakdaky bölegi güneş görnüşde modelirlenýär. Bu köýnegi gözenekli we tekiz reňkli matadan taýýarlamak maslahat berilýär. ***5-nji model*** assimmetriýa biçüwde ýerine ýetirilýän sarafan (*64-nji surat*). Zenan tomus köýnegi sarafan, esasan, ýewropa zenanlarynyň tomus möwsüminde isleg bildirilýän köýnegi. Sarafan, esasan, deňiz, derýa ýakalarynda dynç almaga hem uly isleg bildirilýär. Sag egin kesigi ýerine ýetirilip, çep egni zolak bezegi saklaýar. Sag egin kese goltuk aýlawynyň gyrasy iki hatar rýuşa bezeg bilen bezelýär. Sarafanyň ýokarky böleginiň modelirlenilişi assimmetriýa esasynda ýerine ýetirilýär.




**63-nji surat. 4-nji assimmetriýa modeliň modelirlenilişi**

Şonuň üçin bu nusgany ülňiniň doly görnüşini modelirlemeli bolýar. Sarafanyň bilden aşagy 6 tikinli görnüşde modelirlenen. Çyzgynyň I arka bölegi II öň böleginiň modelirlemesiniň taslamasynyň çyzgysy görkezilýär. Arka böleginde we öň bölegiň merkezinden wertikal çysgysy çyzylýar. Boýunýakanyň A4 П nokada kesgitlenýär. C1 nokatdan çepe goltuk öýüne çenli aýlawly çyzgyny çyzýarys. Arka bölegi dört punktir çyzgy boýunça açylýar. Arka bölegi eginde gelşikli oturar ýaly kese bil

danyň ýokarky nokadyna çenli çyzgysyny punktir bilen geçirýäris. Köýnegiň modelirlemesi ülňiniň gurluşynyň torunyň kömegi esasynda ýerine ýetirilýär. Öň bölegi II baş ugur boýunça punktir çyzgy bilen modelirlenýär. Punktir çyzgylar gyrkylyp açylýar. Bilden aşakdaky bölegi 6 tikinli etmek üçin bil tikini we gyra kenara giňeldilýär. Orta kesigi 4 sm bykyn kesikden etek kenara çenli giňeldilýär. Gyra kesigi 6 sm giňeldilýär. Çyzgyda arka bölegiň taýýar ülňiniň görnüşi, öň böleginiň ülňileriniň taýýar görnüşi ýerine ýetirilýär.




**64-nji surat. 5-nji modeliň modelirlenilişi**

## §19. ÇAGALARA NUSGALARYŇ TAÝÝARLANYLYŞY

Çaga geýimleriniň toplumy ýaşajyk eneler üçin niýetlenendir. Çaganyň pasyl boýunça geýindirmekligini we oňa gowy eşik saýlamak meselesini eneler çözmeli bolýar. Çaganyň geýnişini hem eneler hemişe gözastynda saklaýarlar. Enelere geýim saýlamak aňsat bolar ýaly, modelýerler möwsümleýin çaga eşikleriniň toplumlaryny döredip, öndürmekligi kärhanada ýola goýýar. Çagalar bedeni boýunça iri süňkli çagalar we ownuk süňkli çagalara bölünýär. Çagalara niýetlenen eşikleri uly şäherlerde, çagalar dünýäsi dükanlarynda ilata hödürlenýär. Kiçi etraplarda, obalarda dükanlaryň çagalar bölüminde çagalaryň egin-eşigi ilata hödürlenýär. Tikinçilik sungatynda öý şertlerinde-de çaga geýimlerini taýýarlamak maslahat berilýär. Çünki çagalar gaty çalt

ösýärler. Ýetginjekler eşiginden çykan ýagdaýynda, şol önümiň matasy çaga eşigini taýýarlamaga amatly bolsa, onda ony söküp, timarlap täzeden çaga niýetlenen geýim taýýarlap bolar. Bu görnüşe çaga geýmini taýýarlamagyň ykdysady bähbitli, has amatly diýip hasaplanylýar. Bäbeklere taýýarlanylýan eşikleriň tikininiň görnüşi beden tarapynda däl-de, önümiň daşky tarapynda ýerine ýetirilýär. Çünki bäbegiň bedeni örän näzikdir. Tikini iç ýüzünden ýerine ýetirilse, bäbegiň bedenine zyýan ýetmegi mümkin. Bitewi ýeňli, ýeňil biçüwdäki bäbek köýneginiň taýýarlanmagynyň sebäbi, ýüzüni dyrmamazlyk üçin niýetlenilýär. Çünki doglan bäbek gorkak bolýar, ol gundagsyz wagty elini-aýagyny gymyldadyp, ýüzüni dyrmamak bilen bolýar. Şonuň üçin bäbegiň geýim toplumynyň düzüminde hökmany ellijekler bolmaly. Bäbeklere tikilýän köýnekleriň ülňüsi iki-üç mm ýerine ýetirilýär. Gyşartma ölçegde esasynda taýýarlamak maslahat berilýär. Olara taýýarlanylýan eşikler üçin sap nah matasy ulanylýar. Şonuň ýaly hem gyş möwsümi üçin bomazy, flanel matasyndan önüm taýýarlanylýar.



**65-nji surat. Çaga bedeniniň bölünişi**

Bäbek geýminiň ölçeginde beden bölegi: boýy, kellesi, egni, döşi, aýagy hasaba alynýar.

Şu ýokarda görkezilen niýetlenen maglumatlara görä, bäbekler üçin nusgalar taýýarlanylýar.

Çagalar bagyna gatnaýan çagalaryň häsiýeti bilesigeliji bolýar. Olar çagalar bagyna 1,5 ýaşdan 7 ýaş aralygynda gatnaýarlar. Çaga kiçi wagty erjel, bilesigeliji, soranjaň, gürläp öwrenesi gelýän häsiýetleri üçin olara bezemen nusgalar döredilýär. Çagalar şol modeliň tarypyny säginmän baha berýärler.

Çaga geýimleri aşakda görkezilen görnüşlere bölünýär:
– oglan eşigi;
– gyz eşigi.

Egin-eşikler gyş, tomus, güýz we bahar möwsümine niýetlenilip taýýarlanylýar. Şonuň ýaly hem içki we daşky, üstki eşiklere bölünýär. Modelýer, çaga üçin model taýýarlanýan möwsüminde ähli hünärmen mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, nusga taýýarlaýar. Taýýarlanylýan nusgada çaganyň aňynyň ösüşine, durmuşyna, ruhubelent bolmagyna täsir eder ýaly bezeg işlerini köpräk ulanmak hökmany hasaplanylýar. Gürlemäge başlan çaganyň eşiginiň taýýarlanyşyny, nusga berilýän bezegi tebigatdaky gözelliklere salgylanyp alynýar. Näzijek haýwanjyklaryň şekilleri ulanylýar. Çaga taýýarlanylýan nusgalar göze ýakymly näzik reňkli matalardan bolup, taýýarlanýan önümiň deňölçegli böleginde dürli bezegler hünärmen tarapyndan ýerine ýetirilýär. Tebigatdaky baglar we

güller, haýwanjyklaryň şekilleri geýimde ornaşdyrylýar. Şonuň ýaly hem dürli furnituralar ulanylýar. Çaga ajaýyp bezelen eşik geýende, onuň durmuşa bolan höwesi artýar.

Çaga geýimlerini taýýarlamak üçin matany saýlamak esasy meseleleriň biri hasaplanýar. Çaga hyzmat edýän eşigiň matasy önüm taýýarlamazdan öňürti öwrenilýär. Çaga eşigine näzik reňkli mata saýlanylyar. Bu reňkli mata bahar, tomus möwsümine niýetlenilip saýlanylýar. Matanyň güli, geometriki şekili ownuk bolmaly. Taýýarlanýan önüm ýeňil bolmaly. Tutuksy matadan taýýarlanan nusgany özüňe çekiji görkezmek üçin gapma-garşy bezegi ulanmaly. Açyk reňkler bilen baglanyşykly bezeg işleri ýerine ýetirilmeli. Şeýlelikde, döreýän mesele aradan aýrylýar. Çagalara näzik reňkli matanyň ýüzünde älemgoşar dürli reňkli nokatly nah, örme matasyndan öý, daşky egin-eşikleri taýýarlamak maslahat berilýär. Örme nah matasy bir ýaşamadyk çagalara geýdirmäge we çykarmaga amatly hasaplanýar. Bedene hem ýakymly hasaplanýar.



**66-njy surat. Nusgalaryň görnüşleri**

Mata öwrenilip oňa häsiýetnama berilýär. Ýagny çaga geýmini taýýarlamazdan öňürti, taýýarlanýan matanyň bedene ýakymly, hapasy aňsatlyk bilen aýrylýan, matanyň ýumşaklygy, ütük alşy, ýygyrt atmazlygy, tenine ýylylyk berijiligi, suw çekijiligi tejribe bölümde barlanylýar.



**67-nji surat. Çaga nusgalarynyň görnüşleri**

Matalar dokalanda, eriş we argaç bilen baglanyşykly dokalýar. Matanyň görnüşlerine görä argaç, eriş, gyýa tarapa süýnmek ukyby bardyr. Eriş boýunça ülňi biçüwde ýerleşdirilýär. Çaga eşigi taýýarlanylanda pasyl möwsümi bilen baglanyşykly önüm taýýarlanylýar we şoňa görä reňkli gülli mata saýlanylýar. Meselem: tomus we bahar möwsümine önüm taýýarlamak üçin nah, zygyr, ştapel we ýüpek matasy ulanylýar.

Güýz we gyş möwsümlerine ýarym ýüň, ýüň, örülen mata, dokalmaýan mata we ş.m. ulanylýar.

Çaga eşikleriniň nah matadan taýýarlamagyň ähmiýetinde onuň berkligi we suw geçirijiligi, oňat ýuwulýan, ýuwlandan soň çalt guraýanlygy we hapasy aýrylýan, ütügiň gyzgynlygyna çydamly matalar göz öňünde tutulýar. Lawsan matasy pagta bilen zygyr süýümlerinden taýýarlanan ýüplükden dokalýar. Ol berkdir we syk dokalandyr. Nah matasyndan çaga üçin tomusky we içki geýimler tikilip taýýarlanylýar.

Ýuka we ortatap galyňlykdaky matalar, jins matasyndan çagalara bezemen egin-eşikler taýýarlamak amatly. Bu matadan taýýrlanýan önümi ýuwmak amatly. Aýratyn nusga ütük talap edenok. Nusga hatardan çykýança çaga hyzmat edýär.

Modeli hiç haçan modadan aýrylanok. Taýýarlanan önüme 180°–200° gyzgynlykda ütük edilýär. Taýýarlanýan önüme bezeg tikinleri üçin 10-njy we 20-nji belgili sapaklar ulanylýar. Bu sapaklary tikmek üçin tikin maşynlarda 120-nji we 130-njy iňňeler ulanylýar. Çagalar üçin: kurtka, köýnek, jalbar, kombinzon, gyz çagalara ýubka, sarafan, kofta nusgalaryny taýýarlamak maslahat berilýär.

Ştapel matasyndan çagalar üçin nusga taýýarlamak bähbitli hasaplanylýar. Bu önümiň iç tarapyndan ütük edilýär. Sebäbi ütügiň ýylpyldysy matanyň ýüzünde galýar. Matany ýuwsaň girýär. Bedene hyzmat edende ýygrylmak häsiýeti bardyr. Ýöne biziň howa şertlerimize görä, bu matadan önüm taýýarlap geýmek amatlydyr. Ştapel matasyndan tomusky we içki eşikler tikip taýýarlamak maslahat berilýär. Önüm $160^0$-$180^0$ gyzgynlykda ütüklenýär. Ýüpek matasy näzikligi sebäpli, önüm taýýarlananda özüne ünsi talap edýär. Ýüpek matasy süýşýär. Biçilende mata üns bermeli. Önümi tikmek üçin 65-nji we 33-nji belgili kapron sapak ulanmak maslahat berilýär. Ýüpek matalary hil-hil bolup, onuň düzümine 50% emeli sintetik süýümi goşulýar. Önüm taýýarlanýan wagtynda ütügiň gyzgynlygy 140°–150° aralykda bolmaly. Matanyň näzikligi sebäpli, hasa-marlysy goýlup ütüklenilýär. Çagalara taýýarlanýan gyz köýneklerinde güneş biçüwinde modelirlenen nusgalaryň dürli görnüşlerini geýmäge ulanyp bolýar.

Ýüň we ýarym ýüň matasy çagalara güýzki we gyşky önümleri taýýarlamak amatlydyr. Bu önüm taýýarlananda 120°–200° gyzgynlykda çyglylyk berip ütüklemeli. Ütük edilen wagty iki gat marli bilen ütüklenilýär. Trikotaž matasyndan çaga üçin dürli modelde önüm taýýarlap bolýar. Trikotaž matasy ýüňden, nahdan, sintetikadan, emeli we ş.m. ýüplüklerden örülýär. Çaga köýnegini, türgenleşik-sport eşigini, bermud balagyny we ş.m. taýýarlamak maslahat berilýär.

**Çaga eşikleriniň taslanylyşy.** Neslimiziň estetika düşünjesini artdyrmak üçin, çaganyň egin-eşiginiň modeliniň döredilişi we taslanylyşy uly sungat döredijiligi bilen baglanyşdyrylýar.

Modelýer nusga döredijiliginde çaga terbiýesine – onuň dünýägaraýşyna täsirli bolmaly. Bilesigeliji çagany arassaçylyk şygary bilen terbiýelenmegini göz öňünde tutmaly.

Bu maksatnamalar göz öňünde tutulyp, bäbekleriň eşiginiň toplumynda hökmany birnäçe kirlik we içki eşikler taýýarlanylýar. Olara taýýarlanýan model owadan we bedene oňaýly ykjam ýerleşýän bolmaly.

Çaganyň egin-eşiginiň modeli daş-töweregindäki adamlaryň ünsüni özüne çekýän bolmaly. Çünki olar adamlar bilen gürleşmäge, sorag-jogap alyşmagy durmuşda öwrenip başlaýarlar. Bu meselede egin-eşigiň modeliniň döredilişiniň täsiri uludyr.

Taýýarlanýan model hereket etmäge, oýnamaga oňaýly bolmagy hünärmen tarapyndan göz öňünde tutmaly. Bu çözgütler çaganyň beden taýdan ösmegine täsir edýär. Taýýarlanýan modele matanyň berkligi hökmany. Sebäbi olara taýýarlanýan önüm ýygy-ýygydan ýuwlansoň, matanyň häsiýeti sürtülmä çydamly bolmaly. Mata bedeniň ýylysyny saklamaly, howa geçiriji häsiýeti bolmaly. Taýýarlanan önüm yzygiderli ýuwmaga we ütüklemäge çydamly bolanda, bu önüm ykdysady taýdan önüm has amatly hasaplanylýar.

Çagalaryň nusgalaryny taslamak hem edil uly adamlaryň nusgalary ýaly topar-lar boýunça pasyllar bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Gyz bahar-güýz, tomus möwsümine niýetlenilip taýýarlanylýar. Taýýarlanýan model hojalyga, sportda we ýörite egin-eşikleriň toparlaryna niýetlenilip taýýarlanylýar. Hojalyga niýetlenen nusgalar, öý şertinde geýilýän gündelik egin-eşikleri degişli.

Sport boýunça taýýarlanýan model sportuň ugurlary boýunça ýerine ýetirilýär. Ýörite niýetlenen egin-eşigine çagalaryň mekdebe geýilýän egin-eşikleri degişli.

Taýýarlanýan nusganyň modelirlenilişi uly adamlaryňka meňzeş kompozisiýa-da iş alnyp barylýar.

1. Adam teni we durky bilen egin-eşigiň nusgasy baglanyşdyrylýar. Uly adamlaryň, köplenç, bedeni bir durkda saklanýar. Çagalaryň bedeniň bölekleri we parametri yzygider üýtgeýär. Bedeniň üýtgemegi bilen çaganyň egin-eşiginiň ölçe-gi yzygiderlilikde üýtgeýär.

2. Ýaşynyň alamatlaryna görä çaga eşigi taýýarlanylýar.

3. Uly adamyň modeli çaganyň eşiginde gaýtalanmaýar.

4. Uly adamyň egin-eşiginiň nusgasyndan çaganyň modeliniň aýratynlykly ala-matlary bolmaly.

5. Taýýarlanýan model şol döwre, ýyla, daşyny gurşaýan ýaşaýşynyň kadasyna laýyk bolmaly.

6. Taýýarlanýan model şol döwrüň modasyna gabat gelmeli.

Çaga taýýarlanýan modele matany we bezeg önümleri tygşytly ulanmaly. Taýýarlanýan nusga geometriýa şekiline modelýer saýlanylýar. Siluet çaganyň ýaşyna, bedeniň gurluşyna görä ýerine ýetirilýär. Beden ölçegi çaganyň kellesiniň bedeniň, eliň, aýagyň gurluşy boýunça silueti ýerine ýetirilýär hem-de bedeniň ýo-karky we aşaky bölegine bölünýär:

Çagalara egin-eşiginiň nusgasy bäş ugur boýunça taýýarlanylýar:

1. Bakja gatnaýan çagalara niýetlenip 3 ýaşa çenli.

2. Mekdebe çenli çagalara 3-6 ýaşa çenli.

3. Kiçi mekdep ýaşly çagalar 6-12 ýaşa çenli.

4. Uly mekdep ýaşly çagalar 12-15 ýaşa çenli.
5. Ýetginjek topar 15-17 ýaşa çenli.




**68-nji surat. Çagalaryň bedeniniň bölünişi we modeliň üýtgedilişi**

Bäbekleriň bedeniniň 4:1 bölegi kelle ölçegine degişli. 2 ýaşly çaganyň 4,5:1 bölegi kelle ölçegine degişli.

5 ýaşly çaganyň 5,5:1 bölegi kelle ölçege degişli. 8-10 ýaşly çagany 6:1 bölegi kelle ölçegine degişli. 12-14 ýaşly çagany 7:1 bölegi kelle ölçegine degişli. 15-17 ýaşly çaganyň 7,5:1 bölegi kelle ölçegine degişli.

Suratda görkezilişi ýaly çagalaryň oglan ýa-da gyz bolsun, olaryň ösüş derejesi deň. 8-10 ýaşly gyzyň boýy 131, oglanyň boýy 128 sm deň. Ýetginjek gyzyň boýy 161, oglanyňky 167 sm deň.

Tejribede model taýýarlananda, hökman antropologiki ölçegiň maglumatlary boýunça ýerine ýetirilýär. Nusganyň şekili çekilende uly adamlara niýetlenýän bolsa, onda olaryň bedeni kämil görnüşde döredijilik işi ýerine ýetirilýär. Ýagny ýetginjek gyz bolsa, onda onuň bili inçe, boýy uzyn keşbi we ş.m. alamatlara suratçy tarapyndan uly üns berilýär.

*3-nji tablisa*

| Çagalaryň topara bölünişi | Ýaşy | Ölçegi | Beden böleginde kelläniň ölçegi |
|---|---|---|---|
| Bakja gatnaýan | 1,5-dan 2,5 çenli | 26 | $\frac{5}{1}$ |
| Okuwa çenli | 3,5 den 5,5 çenli | 30 | $\frac{6}{1}$ |
| Kiçi mekdep ýaşly | 8-den 10 çenli | 34 | $\frac{6,5}{1}$ |
| Mekdep | 12-den 14-e çenli | 36 | $\frac{7}{1}$ |
| Ýetginjek | 15-den 17-ä çenli | 38-40 | $\frac{8}{1}$ |

Çagalaryň keşbini onuň tersine, olary gysga boýly, uly kelleli görnüşdäki keşbi çekilýär.

Çagalar bakjasyna gatnaýan çagalaryň bokurdagynyň boýy örän kiçi ölçegde bolýar. Bil, kelle, bykyn aýlawynyň ölçegi meňzeşräk bolýar. Eli we aýagy gysgajyk. Bäbek 1 ýaşa çenli ýatyp, oturyp oýnaýar. 1 ýaşa ýeten soň ol ýöräp başlaýar. Bulara niýetlenilip taýýarlanýan nusgalaryň tikini az bolmaly. Önüm ýeňil, bedende gelşikli we asuda durmaly.

Taýýarlanýan nusga üçin has ownuk gülli mata saýlamaly. Bäbegiň bukjasy birnäçe arlyk, başgap, köýnek, ellik, öňlükden, durýar. Oglan bäbeklere açyk gök, gyz bäbege gülgüne reňkli matadan nusga taýýarlanylýar. Çagalaryň eşikleri, köplenç, ýokarsy we aşagy bitewi görnüşde taýýarlanylýar. Olaryň ýorgan, düşek, ýassyk daşlyklaryna açyk ýaşyl, gök, gülgüne, sary, ak reňkli matalar saýlanylýar. Bäbegiň eşiklerindäki bezeglerinde inçe kružewa, rýuşa, ýönekeý nagyşlar applikasiýalar ýerleşdirilýär.

Bäbegiň köýneginiň uzynlygy göbek nokadyndan 2 sm geçmeli, ondan uzyn bolmaly däl. Çagalara we bäbeklere taýýarlanýan önüm üçin: sap nah matasy, nah örme matasy ulanylmaly. Kombiinzon ýa-da bukja taýýarlamak üçin ýarym sintetika matalar hem ulanylýar.

1,5-2,5 ýaş aralygynda çagalaryň bedeni 5:1 bölegi kellesi bolup, olaryň boýny gysga, garynlak, aýagy gysga bolýar. Çagalar bagyna gatnaýan çagalara gündizki we ýatanda geýilýän egin-eşikler taýýarlanylýar. Bu ýaşdaky çagalar howluda oýnamagy halaýarlar. Şonuň üçin bulara taýýarlanýan nusganyň matasy ýuwmaga

çydamly we bedene ýakymly bolmaly. Ýarym nah, ýarym ýüpek, ýeňil matalar saýlanylýar.

Gyz çagalara çagalar bagyna geýer ýaly trapesiýa siluet bilen baglanyşykly köýnek, halat, sarafan, ýubka, sport egin-eşikleri, bermudy taýýarlanylýar. Gyş möwsümi üçin: kurtka, sarafan, köýnek, palto, başgaply palto-kurtka taýýarlanylýar. Gyşky nusgalar üçin flanel, bomazi, welwet we ş.m. matalar önüm taýýarlamaga saýlanylýar. Oglan çagalara tomus möwsümi üçin sport eşigi, bermudy, şorty, kombinzon, köýnek, pižama taýýarlanylýar. Gyş möwsümi üçin penjek, ýarym palto, başgaply palto, jalbar önümleriniň nusgalary taýýarlanylýar. Mekdebe çenli 3 ýaşdan 6 ýaş aralygyndaky çagalaryň egin-eşikleriň nusgalaryny taýýarlanylýar. Bu ýaşdaky çagalara taýýarlanýan nusgalaryň biçüwi çylşyrymlaşýar we önümiň görnüşleri giňeldilýär. Bu ýaşdaky çagalar öňküsinden hem işjeň bolýarlar. Olaryň durmuşynda sport we sungat, bilim ugurlary bilen meşhur bolup başlaýarlar.

Gyz çagalaryň saçlaryny timarlap, dürli bezegler ýerine ýetirilýär. Ýagny saçy ösgün bolansoň, bezemen ýeňil bezegler dakylýar. Kebelejik gül gysyjylary, tomzak we ş.m. gysyjylar çaganyň saçy gözüne düşmez ýaly näzik teni tenmez ýaly ýeňil aksessuarlar ulanylýar. Bu bezegler çagany ykjam we arassa görkezýär. Çaganyň ruhuny göterýär. Çaga goşmaça tansa, sporta gatnaşar ýaly olaryň garderobynyň öwezi doldurylýar. Bu ýaşdaky çagalara trapesiýa siluetli nusgalar taýýarlanylýar. Gyzlara taýýarlanylýan köýnekleriň bilinden etege çenli epin, büzme modelirlemeler ýerine ýetirilýär. Çünki bular ylgamagy, agaçlara, haýata dyrmaşmagy gowy görýärler. Köýnegiň uzynlygy dyzçanaga çenli ýa-da dyzçanakdan sähel geçýän bolmaly. Uzyn köýnek çaganyň ýöremegine päsgel berýär.

Mekdepde okaýan 7 ýaşdan 14 ýaşa çenli çagalaryň taýýarlanýan nusgalaryň taýýarlanylyşy. Bu ýaşdaky çagalar ösmek bilen boý alýarlar. Garynlak çagalaryň garny çekilýär. Bili emele gelýär, bu çagalaryň egin-eşigine zähmet sapagynda we bedenterbiýe sapagynda geýinmegi üçin goşmaça egin-eşikleriň nusgalary taýýarlanylýar.

Mekdebe gatnaýan egin-eşikleriniň biçüwi saldamly, bezeg işleri ýerlikli bolmaly. Bu taýýarlanýan nusgalaryň modelirleme işleri ýarym syrlaşan görnüşinde ýerine ýetirilýär. Bularyň bedeni 6,5:1 deňdir. Uly ýaşly mekdep okuwçylaryna taýýarlanylýan egin-eşikler. Bu ýaşly çagalara 12 ýaşdan 15 ýaşa çenli çagalar degişli hasaplanylýar. Olaryň bedeni 7-ä bölünip, onuň kellesiniň ölçegi 1-e deňdir. Beden ölçegi 7:1 deň hasaplanylýar. Bu ýaşdaky gyzlaryň göwsi ulalýandygy

sebäpli, modelirlemede dan almak hadysalary başlanýar. Şonuň ýaly hem onuň bykynlary ýognaýar. Bil ölçeginiň meýdany gelşige gelýär.

Oglanlaryň bedenleriniň egin ölçegi giňeýär bili takyklanýar. Bedeni saldamly ykjam şekile öwrülýär. Gyzlaryň bedeniniň yzygiderliliginiň göwsi, eli, aýagy bedende saýlanýar. Oglanyňky kellesi, egni, aýagy boýunça bedeni saýlanýar. Nusganyň taýýarlanylyşy ýarym syrlaşan, syrlaşan siluet boýunça modeliň şekili ýerine ýetirilýär. Oglanlara taýýarlanylýan nusgalar göni, ellips siluet bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär.

15-18 ýaşa çenli ýetginjekleriň egin-eşikleri. Ýetginjekleriň egin-eşigiň stili (biçüwi) uly adamlaryň nusgalaryna golaý stilinde ýerine ýetirilip başlanýar. Bu ýaşdaky ýetginjeklere modelýerler stili egin-eşikleriň nusgalaryny taýýarlap başlaýarlar. Ýagny bularyň ösüşi toplanýar. Bedeniň şekiliniň silueti gelşikli hasaplanylýar. Bularyň egin-eşiginiň düzümi her maşgalada giňeldilip sanyny köpeldýärler.

Ýetginjeklere dik bedenli bolmak üçin mekdepde we öýde düşündiriş işleri geçirilýär. Beden ösüşinde gyzlar döşüni öňe egende, arka ölçeginiň hökgi bolmagy mümkin.

Ýetginjeklere taýýarlanylýan model hereket edýän döwrüň höküm edýän modasyna laýyk nusga taýýarlanylýar. Taslanýan nusgalar nusgawy, sport, dabaraly stillerde ýerine ýetirilýär.



**69-njy surat. Bäbege taýýarlanýan nusgalaryň görnüşleri**

## §20. ÝAKALARYŇ MODELIRLENILIŞI

Ýakalar erkek, aýal penjeklerinde, aýallaryň bluzkalarynda, erkek adamlaryň köýneklerinde, halatlarda, işewür egin-eşiklerde dürli-dürli görnüşlerdäki modaly görnüşlerde ýerine ýetirilýär.

Erkek köýnegine niýetlenilip taýýarlanan ýakalar iki bölekden bolup, dik we serpme ýakadan durýar. Dik ýakaly köýnegiň modasynyň üýtgemegine görä, şol ýakalaryň beýikliginiň ölçegleri üýtgeýär. Erkek köýnegiň ýakalaryny iki gat matadan tikilip, olaryň arasyna ýelimli kömekçi mata ulanylýar. Gaty ýuka karton kagyzy, plastmassa bölekleri ulanylýar.

Boýunýakalaryň aýlawyna beden ölçegi ulanylýar. Penjekleriň ýakalary, köplenç, matanyň kese ugruna biçilýär. Aýal maşgalalaryň köýnekleriniň ýakalary dürli biçüwde ýerine ýetirilýär. Olardan gaýtarma, iňlis, dik ýakanyň dürli görnüşi, aýlawly, burçly, ýaýraň, şal, kertikli we ş.m. ýakalar taýýarlanylýar. Ýakalaryň gyrasyny ýüpek, jähek, kružewa tutmak, nagyşlamak maslahat berilýär.

Geliň, indi 70-nji suratdaky 1-nji çyzgyda görkezilen serpme bezeg ýakasynyň çyzgysyny guralyň. A, Б, Г, D dörtburçluk çarçuwa çyzýarys. Bu çarçuwamyzyň ini 22 sm, beýikligi 8 sm. Ýagny biz ýakanyň dik merkezinden ýarym ölçeginiň çyzgysyny ýerine ýetirýäris. A, D nokatlary merkezi kesýän çyzgydyr. Ýakany modelirlemek üçin A nokatdan aşaklygyna 2 sm çarçuwany belläp, B nokady belleýäris. Serpme ýakany modelirlemek üçin ýakanyň önüme sepleşýän nokadyny tapmaga B nokatdan içe B1 nokadyny belleýäris. Şeýlelikde, biz ýakanyň çyzgysyny gurduk. Çyzgyda görkezilişi ýaly B, B1, Г, D nokatlar birleşdirilýär. Ýakanyň çyzgysy emele gelýär. Ýakany modelirlemek üçin biz A, Б nokatdan içe 4 sm aýyrdyk. Sepleşýän nokadyň çyzgysy 18 sm deň boldy. Ýakanyň gyra kesigi hasaplama boýunça 22 sm deň boldy. B, B1 nokatlary boýunýaka sepleşýän kesik.

18 + 4 = 22 sm 2-nji suratyň çyzgysyny ýerine ýetireliň. Bu suratda görkezilişi ýaly gönüburçly ýaka bluzkalarda, halatda, zenan köýneginiň bilinden tikin geçirilip, öňi ilikli görnüşde model taýýarlananda ýerine ýetirilýär. Gönüburçly ýakany modelirlemek üçin A, Б, Г, D çarçuwa çyzgysyny ýerine ýetirýäris. Çarçuwanyň ini 22 sm, beýikligi 8 sm. Çyzgyny ýerine ýetirmek üçin A, Б, Г nokatlaryň arasynda modelirleme hadysany ýerine ýetirýäris. A nokatdan Б nokada tarap içe 6 sm ölçeg belläp, B nokadyny belleýäris. Б nokatdan içe 4 sm ölçegi belläp B1 nokadyny belleýäris. B1 nokatdan wertikal aşaklygyna 2 sm ölçeg boýunça B2 no-

kadyny belleýäris. Bellenen A, B, B2 Г, D nokatlary birleşdirip, ýakanyň şekilini ýarty ölçegini modelirläp doly taýýarlaýarys. Boýun aýlawyny modelirlemek bilen ýakanyň gyra kesigi hasaplanyldy. 18 + 4 = 22 sm.




**70-nji surat. Ýakalaryň görnüşleri**

B nokatdan alnan 4 sm, we B1 nokatdan alnan 2 sm modelirleme hadysalarynda ulanyldy. A, B, B2 nokatlary boýunýaka sepleşýän kesik.

3-nji suratdaky ýakamyz çylşyrymly ýakalaryň biri hasaplanylýar. Görşümiz ýaly bular dik we gönüburçly serpme ýakadan durýar. Ýaka, esasan, bluzkalarda, erkek adamlaryň köýneklerinde ýerine ýetirilýär. Ýakany modelirlemeklik üçin tekizlikde A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Ilki serpme gönüburçly ýakanyň çyzgysyny modelirleýäris. A nokatdan wertikal aşaklygyna 7 sm düşüp B nokadyny belleýäris. A nokatdan aşaklygyna 3 sm ölçegde B2 nokadyny belleýäris. Б nokatdan içe 2 sm ölçeg boýunça B3 nokadyny belleýäris. B2, B3 nokalar arasynda ştrih çyzgysyny geçirýäris. Ştrih çyzgysynyň ölçegini hasaba alyp, merkezine modelirleme belgisini goýýarys. Bu modelde 2 ýaka ýerleşýär.

Şol belgiden aşaklygyna wertikal 1 sm ölçeg boýunça nokadyny belleýäris. Nokatdan wertikal aşaklygyna 7 sm ölçeg boýunça nokady belleýäris. Nokatdan çarçuwa 2 sm ölçegde gorizontal B1 nokadyny belleýäris. Şol nokatdan ýokarlygyna 05 ölçegde B8 nokady belleýäris. Dik ýakanyň modelirleme hadysasyny ýerine ýetirmek üçin D, Г nokatlarynyň merkezini tapyp, modelirleme belgisini goýýarys. Г nokatdan ýokarlygyna wertikal 1,5 sm ölçeg boýunça B6 nokadyny belleýäris. B6 nokatdan gapdala 05 sm süýşüp B7 nokadyny belleýäris. B, B2, B3 B4 gönüburçly serpme ýakanyň şekili taýýarlanyldy. B, D, B6, B7, B1, B8 nokatlary boýunça dik ýakanyň şekili guruldy. Serpme ýakanyň ölçegi 18 sm bolup, dik ýakany taýýarlamaklyk üçin 2 sm goşuldy. 18 + 2 = 20 sm.

Çarçuwanyň beýikligi 11 sm, ini 20 sm. D, B6, B7, nokatlary önümiň boýunýakasyna sepleşýän gyra kesigi.

4-nji suratdaky aýlawly serpme ýakanyň çyzgysyny gurýarys. Bu ýaka, esasan, gyz çagalaryň köýneginde ýerine ýetirilýär. Eger-de ak matadan taýýarlanylsa, onda ol aýrylyp, ýene-de yzyna goýulýan ýaka hökmünde hem ulanylýar. Bu ýakanyň çyzgysyny ýerine ýetirmek üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Çarçuwanyň beýikligi 11 sm, çarçuwanyň ini 19 sm. Ýakany modelirlemek üçin D nokatdan ýokarlygyna wertikal B nokady belleýäris. Б nokatdan içe 2 sm ölçeg boýunça B1 nokady belleýäris. B nokatdan B1 nokat aralygyna ştrih çyzgysyny geçirýäris. Şol çyzgynyň ölçegini hasaba alyp 3-e bölýäris. Şeýlelikde, B2, B3 nokatlary emele gelýär. Ýagny şol ştrihden 1-nji nokatda modelirleme belgisini belläp, aşaklygyna 1,5 sm ölçegde B2 nokady bellenilýär. Ikinji modelirleme belgisinde 2 sm aşakdan B3 nokady bellenilýär. Б nokatdan aşaklygyna 4 sm ölçegde B8 nokady belgilenýär.

Г, D nokadyň ölçegi 2-ä bölmek bilen B5 modelirleme belgisi belgilenýär. D, B5 ölçegi 2-ä bölünip B4 nokady belgilenýär. B5 modelirleme belgisinden wertikal ýokarlygyna 1,5 sm ölçegde B8 nokady belgilenýär. Г nokatdan 45° gyşarma esasynda B7 nokady belgilenýär. Şeýlelikde, biz ýakany çyzga taýýarladyk. B, B1, B8, B7, B8, B4 D nokatlary birikdirip, ýakanyň şekilini gurýarys. B, B1 nokatlar boýuna birigýän gyra kesige degişli.

5-nji suratda burçly serpme ýakanyň şekilini görýärsiňiz. Bu serpme ýakany modelirlemek üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Çarçuwanyň beýikligi 11 sm, ini 23 sm. Ýakany modelirlemek üçin Б nokatdan 5 sm içe süýşüp, B nokady belleýäris. Boýun aýlawyny ýerine ýetirmek üçin A nokatdan aşaklygyna wertikal 3 sm ölçegde B1 nokadyny belleýäris. B, B1 nokatlaryň arasynda ştrih çyzgysyny çyzýarys. Ştrih çyzgynyň merkezini tapyp, modelirleme belgisini goýýarys. Şol belgiden aşaklygyna 1sm ölçeg goýup, B2 nokadyny belleýäris. Г nokatdan ýokarlygyna wertikal 3 sm ölçegde B3 nokadyny belleýäris. D, Г nokatlaryň merkezinde modelirleme belgisini belleýäris. Tapan nokatlarymyz boýunça B1, B2, B, B3, B2 D nokatlary birikdirip, ýakanyň şekilini tapýarys. B1, D ýakanyň merkezi epiniň kesigi. B1, B ýakanyň boýunýaka sepleşýän kesigi. D, B2, B3 ýakanyň gyra kesigi. Ýakanyň gyra kesigini tapmak üçin sepleşýän gyra kesige 5 sm goşýarys.

18 + 5 = 23 sm; 11 – 3 = 8 sm.

Çarçuwa esasynda hasaplamalary ýerine ýetirip, ýakanyň ini 8 sm-e deň boldy.

6-njy suratdaky ýaýraň modelirlenen serpme ýakasy. Bu ýakany modelirlemek üçin gönüburçly üçburçlugyň çyzgysyny ýerine ýetirýäris. Çyzgynyň ini 36 sm, boýy 18 sm. Şeýlelikde, bu çyzgylary B, A, Б nokatlary bilen belleýäris. Ýakany modelirlemek üçin A nokatdan ýokarlygyna 9 sm ölçegde nokady belleýäris. B nokatdan içe 5 sm ölçegde nokat belleýäris. Iki nokadyň arasyndan ştrih çyzgysyny geçirýäris. Ştrih çyzgysynyň merkezini tapyp modelirleme belgisini goýýarys. Modelirleme belgisinden 2 sm ölçegde ýokarlygyna nokat belleýäris. Şeýlelikde, biz önüme sepleşýän kesigi tapýarys. B nokatdan Б nokady aralyga ştrih çyzgysyny geçirýäris. Bu meýdany üçe deň bölmek üçin iki ýerde modelirleme belgisini belleýäris. Şol modelirleme belgiden ýokarlygyna 6 sm ölçegde nokat belgisini belleýäris. Biz ýakany gurmak üçin nokatlary tapdyk. Nokatlary owadan, geometriýa çyzgylary boýunça birikdirýäris. B, 5, 2, 9 çyzgy boýunýaka sepleşýän kesigi. Б, 9 ýakanyň merkezi kesigi.

7-nji suratda görkezilişi ýaly, dikýakanyň modelirleme çyzgysyny ýerine ýetireliň. Bu ýaka nusgawy stile (biçüwe) degişlidir. Ýakany gurmak üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Çarçuwanyň beýikligi 4 sm, ini 18 sm. A, Б nokadyň merkezinden

modelirleme belgisini belleýäris. D, Г nokadyň merkezinden modelirleme belgisini B nokadyny belleýäris. Г nokatdan 1,5 sm ýokarlygyna B1 nokadyny belleýäris. B1 nokatdan çarçuwadan 05 sm çykyp, B2 nokadyny belleýäris. Б nokatdan ýokarlygyna 1 sm ölçegde B3 nokadyny belleýäris. Biz ýakanyň meýdanyny ölçegler esasynda tapyp, geometriýa çyzgysy boýunça ýerine ýetirýäris. A, D nokatlar ýakanyň merkezi dik kesigi. D, B, B1, B2, ýakanyň boýunýaka sepleşýän kesigi.

8-nji suratdaky şalýakanyň şekilini guralyň. Şalýakany gurmak üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Çarçuwanyň ini 30 sm, beýikligi 15 sm. Boýunýakanyň aýlawyny tapmak üçin A nokatdan aşaklygyna 5 sm ölçegde B nokadyny tapýarys. B nokatdan Б nokada ştrih çyzgysyny geçirýäris. Ştrih çyzgynyň merkezini tapyp modelirleme belgisini goýýarys. 1sm ölçeg boýunça aşaklygyna düşüp, B1 nokadyny belleýäris. Ýakany modelirlemek üçin D nokatdan Б nokady aralyga ştrih çyzgysyny geçirýäris. Çyzgynyň merkezini tapyp, 3 sm aşaklygyna B2 nokadyny belleýäris. Ýakanyň ölçegler boýunça meýdany tapylansoň ähli nokatlary geometriýa çyzgysy boýunça sepleşdirip, ýakanyň şekilini tapýarys. Б, D nokatlary ýakanyň merkezi dik kesigi B, B1, Б nokatlary boýunýaka sepleşýän gyra kesigi. Ýakanyň merkeziniň ini 10 sm sazlaşykly kiçelip gidýär. Bu ýakalary oturtmak üçin önümiň ýakasynyň açylyşy üçburçluk görnüşde modelirlenýär. Ýakanyň soňky burçlary biri-biriniň üstüne münüp durýar. Bu ýakany halatda, bluzkada, köýnekde ýerine ýetirmek maslahat berilýär.

9-njy suratda ýaýraň burçly şalýakasynyň modelirleme esasynda ýerine ýetireliň. Bu ýakany gurmak üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Çarçuwanyň 30 sm, beýikligi 15 sm. Ýakanyň boýunýakasyny tapmak üçin D nokatdan ýokarlygyna 3 sm ölçegde B nokadyny belleýäris. Г nokatdan içe 5 sm ölçeg boýunça içde B1 nokadyny belleýäris. B, B1 nokady aralykdaky ölçege ştrih çyzgysyny geçirýäris. Ştrih çyzgysynyň merkezinde modelirleme belgisini goýýarys. Şol belgiden 1 sm ölçegden ýokarlygyna B2 nokadyny belleýäris. Б, B1 nokat aralygynda ştrih çyzgysyny çyzýarys. Çyzgynyň merkezini tapyp modelirleme belgisini belgileýäris. Şol belgiden 1sm ölçegde içde B3 nokadyny belleýäris. Boýunýakanyň gyra kesigini tapmak üçin A nokatdan aşaklygyna 5 sm ölçegde B5 nokadyny belleýäris. B5 Б nokady aralygyna ştrih çyzgysyny geçirýäris. Ştrih çyzgynyň merkezinde modelirleme belgisini belleýäris. Şol belgiden aşaklygyna 1sm ölçeg boýunça B4 nokadyny belleýäris. Biz ýakany modelirleme esasynda meýdanyny döretdik. B, B1, B2, B3, Б, B4, B5 nokatlary geometriýa çyzgylary boýunça birikdirýäris. B, B5 nokatlary ýakanyň dik merkezi kesigi. B, B1, B2 nokatlary boýunýaka birigýän kesigi.

Bu ýakalar, esasan, bluzkalarda, penjeklerde, köýneklerde ýerine ýetirilýär. B4, B5 Б ýakanyň gyra kesigi. Önümi taýýarlamak üçin saýlanan matanyň özünden ýaka bezegi ýerine ýetirilýär. Eger-de dok gara, gök, goňur matalardan köýnek taýýarlanýan bolsa, önümiň ýüzüni açmak üçin ak nah, ýüpek, ýarym ýüpek matadan ýaka önüme aýrylyp goýlar ýaly aýratyn taýýarlanylýar. Ýakanyň gyrasynda 2 setir bezeg tikini ýerine ýetirilýär. Taýýarlanan ýakanyň burçlary üstme-üst münmeýär.

10-njy suratdaky ýakany gurmak üçin çarçuwa esasynda modelirleme işini ýerine ýetirýäris. A, Б, Г, D nokatlar boýunça çarçuwa çyzýarys. Çarçuwanyň beýikligi 8,5 sm, çarçuwanyň ini 18 sm. Ýakanyň boýun kesigini modelirlemek üçin Г nokatdan aşaklygyna 5 sm ölçeg boýunça B nokady belleýäris. D, B nokatlaryň arasynda ştrih çyzgysyny geçirýäris. Ştrih çyzgysynyň ölçeginiň merkezini tapyp modelirleme belgisini belleýäris. Şol belgiden ýokarlygyna 1,5 sm ölçegde B1 nokadyny belleýäris. Б nokatdan saga 7,5 sm süýşüp, B2 nokadyny belleýäris. B2 nokatdan kese dikligine 1sm ölçegde B3 nokadyny belleýäris. Şeýlelikde, biz ýakamyzyň şekilini modelirleme esasynda taýýarladyk. A, D, B1 B, B2, B3, Б nokatlary geometriýa çyzgylary boýunça birikdirip, ýakanyň şekilini taýýarlaýarys. D, B1, B nokatlary boýunýaka sepleşdirilýän kesik. A, D ýakanyň merkezi epini.

11-nji suratdaky iňlis ýakany modelirlemek üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. D nokatdan ýokarlygyna 2 sm ölçegde nokat belleýäris. Г nokatdan içe 2 sm ölçegde B nokadyny belleýäris. Iki B nokatlaryň aralygynda ştrih çyzgysyny çyzýarys. Ştrih çyzgyny üçe bölüp, 1sm ýokarlygyna nokadyny belleýäris. A nokatdan içe 6,5 sm ölçegde nokat belleýäris. Б nokatdan aşaklygyna 4 sm ölçegde nokat belgileýäris we ştrih çyzgysyny çyzýarys. Nokatlaryň merkezini tapyp modelirleme belgisini belgileýäris. 1sm ölçegde ýokarlygyna nokat belgileýäris. Tapylan nokatlary geometriýa çyzgylary boýunça birikdirip, ýakanyň şekilini tapýarys. Bu ýaka penjeklerde, köýneklerde, halatlarda ýerine ýetirilýär.

12-nji suratdaky iňlis ýakany modelirlemek üçin A, Б, Г, D çarçuwany gurýarys. Ýakany modelirlemek üçin D nokatdan ýokarlygyna 2 sm ölçegde nokat belgileýäris. Г nokada çenli ştrih çyzgysyny ýerine ýetirýäris. Ştrih çyzgyny deň derejede 3-e bölüp 1 sm ýokarlygyna nokatlary belleýäris. Б nokatdan içe 2 sm nokat belleýäris. 2 sm aşaklygyna 4 sm ölçegde nokat belgileýäris. A nokatdan içe 6,5 sm ölçegde nokat belgileýäris. Şol nokatdan gapdala ştrih çyzgysyny çyzýarys. Çyzgynyň merkezine modelirleme belgisini belläp, 1 sm ýokarlygyna nokat belleýäris. Nokatlary birikdirip geometriýa çyzgylary esasynda ýakany gurýarys.



**71-nji surat.**
**Modaly ýakalaryň görnüşleri**



**72-nji surat. Örme matasynda taýýarlanýan modelleriň ýakalarynyň görnüşleri**

## §21. BITEWI ÝAKALARYŇ MODELIRLENILIŞI

Bitewi ýakalar zenan bluzkasynda we penjek, palto, plaş önümlerinde ýerine ýetirilýär. Bu ýakalaryň gurluşy çylşyrymly. Ýakanyň gurluşy boýunça aýlawynda gelşikli oturmaly. Gurlan ýaka boýunýakanyň arka aýlawyna takyk ölçegme-ölçeg laýyk gelmeli.

Serpme ýakanyň çyzgysyny gurmak üçin zenan bluzkasynyň ülňüsini alýarys. Ülňüde modelirleme işini geçirýäris.

***1-nji ýaka.*** Çyzgyny modelirlemek üçin biz modeliň öň bölegini alýarys. Boýunýaka 1-2 aralyga punktir çyzgysyny kese çyzýarys. 1 nokat boýunýakanyň egin kesigi. 2 nokat boýunýakanyň merkezi nokady. 1 – 3 nokady aralyga = 7 sm

3 – aşaklygyna 1,5 sm goýup ölçegi uzaldýarys.

1 – 4 aralygy sähelçe aýlap owadan modelirläp çyzýarys.

4 – aralykdan ýokarlygyna 8 sm ölçäp, 5 nokady belleýäris.

3 – 4 nokadyň aralygy = 1,5 sm.

3 – 5 nokadyň hemişelik beýikligi = 8 sm, 5 nokatdan beýikligine 2 sm çepe nokat belläp, 6 nokady belleýäris.

5 – 6 nokadyň hemişelik beýikligi = 2 sm.

6 – 3 nokady göni çyzyk bilen birikdirýäris. Ol ýakalaryň birigýän merkezi kesigidir. Bu ölçegden biz ýakanyň beýikligini tapmak üçin 7 nokady belleýäris.

3 – 7 nokadyň aralygy = 6sm. Çyzgydaky 4 we 7 nokady inini deň üçe bölünýär. Bölünen 8 nokady 8 belleýäris. 4 – 7 = (3 – 4) + (3 – 7) = 1,5 + 6 = 7,5 sm.

4 bilen 3 nokady inçe çyzgy bilen birleşdirýäris we 4 nokatdan çep 0,5 sm süýşürýäris we 9 nokady belleýäris. 9 we 3,8 nokatlar dik ýakanyň wezipesini ýerine ýetirýär. 8 we 7 nokatlar serpme ýakany merkezi kesigi gurulýar. 11 nokatdan çepe 2 sm ilik jaýy üçin ölçeg goýulýar. Ýakanyň inine 7 sm goýlup, ähli nokatlar birleşdirilýär. Bu ýaka, esasan, zenan bluzkalarynda ulanylýar.

***2-nji ýaka.*** Bu ýakany modalaşdyrmak üçin biz ýene-de bluzkanyň öň bölegini geçirýäris. Bu nusga iňlis ýakasynyň üýtgedilip modalaşdyrylan görnüşi. Ýakanyň biçüwi bitewi görnüşinde ýerine ýetirilýär. Ýagny boýun aýlawyň ýeňsesinde, ýakanyň merkezi tikini ornaşdyrylýar.

Çyzgynyň 2 nokadyndan 3 nokadyna çenli 13 sm ölçeg goýýarys. 3 nokadyndan 2,5 sm ölçeg gyra süýşürýäris. 1 we 3 nokadyň aralygyna ýakany epleýän punktir çyzgyny geçirýäris. 1 – 4 aralygy = 7 sm-den. Şeýle hem boýun aýlawy üçin 1 sm goşýarys.

4 – 6 = 8 sm hemişelik beýiklik.

6 – nokatdan beýikligine 2 sm ölçeg belläp, 7 nokady hemişelik beýikligi tapýarys. 6 – 7 = 2 sm.

Ýakanyň inine 8 sm ölçeg kabul edýäris.

4 – 7 = 8 sm.

5 – 7 = 9,5 sm.

5 – 8 = 1/3 (5 – 7) = 32 sm.

5-9 boýunýakanyň beýikliginiň döredilişi şeýlelikde, biz modelirleýän nokatlarymyzy birleşdirip, ýakanyň gyra kesigine aýlawly bezeg şekilini berýäris.

4 nokatdan kese 1,5 sm ölçegden 8 nokady belleýäris.

4 – 5 = 1,5 sm.

***3-nji ýaka.*** Konus şekilinde bolup, bu model ýeke ilikli penjekleri taýýarlamaga niýetlenilýär. Bu ýakanyň görnüşi beýleki ýakalardan has dabaraly hasaplanýar. Ýakany modelirlemek üçin biz ülňiniň esasyna üýtgeşmeler girizýäris. Boýunýakanyň iki nokadyndan aşaklygyna 30 sm ölçegde 3 nokady belleýäris.

3 – 5 = 11 sm.

3 – 4 = 8 sm.

1 – 6 = 5 sm.
6 – 7 = boýun aýlawy + 1 = 9 sm.
7 – 8 = 3 sm ýakanyň beýik saklaýan meýdany.
7 – 9 = 8 sm hemişelik beýiklik.
9 – 10 = 2 sm hemişelik beýiklik.
7 – 11 = 24 sm ýakany ini.
8 – 12 = 1/3 (8 – 11) = 27 : 3 = 9 sm.
2 – 14 = 3 sm ýakany kesigini döretmek nokady.
14 – 16 = 13 sm.
16 – 15 = 6 sm.
16 – 17 = 3 sm.

Bu ýakanyň modeli boýunça hor, boýun ölçegi beýik zenanlara plaş we penjek taýýarlamak maslahat berilýär.

***4-nji ýaka*** bitewi dik ýakanyň ülňiniň esasyna salgylanyp, modelirläp taýýarlamagy çyzgyda görkezilýär. Bu nusga boýunça syrmaly penjek, milli türkmen ýeňsiz çyrpysyny taýýarlamak maslahat berilýär. Model esasy boýun uzynlygy beýik hor zenanlara, gyzlara taýýarlamaklyk maslahat berilýär.

Ülňini modelirlemek üçin biz önümiň öň we arka böleklerini alýarys.

1-2 ýakanyň beýikligi = 4 sm. Boýunýakanyň 3 nokadyna salgylanyp, 3x3 sm kwadrat çyzgysy ýerine ýetirilýär. 3-6 aralyga boýunýakanyň şekilini berýäris.

Öň bölegi modelirlemek üçin biz 7-8-9-10 nokatlarda 4 sm ölçeg boýunça kwadrat gurýarys.

7-10 aralyga boýun aýlawynyň şekilini berýäris.

***5-nji ýaka.*** Uly ölçegli ýakalara degişli hasaplanylýar. Bu ýaka, esasan, penjekde ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Ýakanyň gyra kesikleri aýlawly görnüşde ýerine ýetirilýär. 2-nokatdan 3 nokada çenli 17 sm ölçegde ýaka epiniň nokadyny kesgitleýäris.

3 – 4 = 2,5 sm.
1 – 5 = 4 sm.
5 – 6 = 3 sm.
6 – 7 = 11 sm sebäbi boýunýaka giňelip, egin kesigi kiçelýär.
7 – 8 =8 sm hemişelik beýiklik.
8 – 9 = 2 sm hemişelik beýiklik.
7 – 10 = 16 sm ýakanyň ini.
7 – 11 = 1/3 (7 – 10) = 5,3 sm.
7 – 12 = 1,5 ýakany arkany boýun aýlawyna gabatlamak.




**73-nji surat. Bitewi ýakalaryň modalaşdyrylyşy**

8. Sargyt №1256

13 – 15 = 7 – 10 ýakanyň ini.

14 – 16 = 1,5 sm.

2 – 17 = 3 sm.

17 – 18 = 2 sm.

Ýaka köýnekde ýa-da dynç alynýan penjeklerde ýerine ýetirilýär.

***6-njy ýaka.*** Bu ýaka gönüburçly nusgawy ýakalaryň gurluşyna degişli hasaplanylýar. Ýakanyň epin çyzgysy 1 nokatdan 3 nokada çenli kese punktir çyzgysy geçirilýär. Ýaka aýlawynyň beýikliginden 2 nokatdan 3 nokada çenli aralyk 14 sm deň.

3 – 4 = 2,5 sm.

1 – 5 = 6 sm.

5 nokatdan egin kesigine parallel çyzgy geçirilýär. Şeýlelikde, boýun aýlaw görnüşinde ýaka kesigi modelirlenýär.

6 – 7 = 8 sm ýakanyň ini.

6 nokatdan 7 nokada wertikal çyzygy geçirilýär. Çyzgyda ýaka, arka bölegiň ornaşdyrylyşy görkezilýär.

Ýaka inli däl. Şonuň üçin ýakany boýny gysga, daýaw zenanlara köýnek tikmäge maslahat berilýär.

***7-nji ýaka.*** Ýaka gönüburçly iňlis ýakalaryň bir görnüş hasaplanylýar. Boýun aýlawdan 3 nokada çenli beýiklik 17 sm.

1 nokatdan egin kesige çenli 3 sm ölçeg belläp, 5 nokady belleýäris.

3 we 5 nokady ýakany modelirlemek üçin punktir çyzgysyny geçirýäris. 5 – 6 = 10 sm boýun aýlawyň birleşýän ölçegi.

6 – 7 = 1,5 sm.

6 – 8 = 8 sm hemişelik beýiklik.

8 – 9 = 2 sm hemişelik beýiklik.

6 – 10 = 14 sm ýakanyň ini.

7 – 11 = 5,2 sm.

7 – 12 = 1,5 ýaka beýikligini boýunýaka gabatlama ölçegi.

13 – 14 = 1,5 sm ýakanyň bezeg gönüburçly kertigi.

***8-nji ýaka.*** Ýakanyň modelirlenilişi iki hatar ilikli bluzkalar üçin niýetlenilýär.

Ýakanyň epini ýokarky iligiň nokadyndan kesgitlenýär. Boýunýakanyň 2 nokadyndan aşaklygyna 15 sm ölçegde, 3 nokat bellenilýär.

3 – 5 = 5 sm ilik nokady bellenilýär.

5 nokatdan 1 nokadyň üsti bilen punktir göni çyzgysy geçirilýär.

4 – 3 = 5 sm.

3 – 6 = 7 sm erňegiň giňligi.

1 – 7 = 7 sm boýun aýlawy.

7 – 8 = 1,5 sm.
7 – 9 = 8 sm (hemişelik beýiklik).
9 – 10 = 2 sm (hemişelik beýiklik).
7 – 11 = 10 sm (ýakanyň ini).
8 – 13 ýakanyň arka boýunýaka gabatlama ölçegi.
8 – 12 = 3,8 sm.

Ýakanyň ýokarky bölegi aýlawly, erňegi burçly ýerine ýetirilýär. Bu ýaka penjege sport kurtkasyna we ýeňsiz taýýarlamaga niýetlenilýär.

***9-njy ýaka.*** Ýaka “Fantaziýa” diýlip atlandyrylýar. Modelirlenilişi çylşyrymly “Fantaziýa” ýakany jinsi, plaşlyk zygyr matalardan taýýarlamak maslahat berilýär.

Boýunýakadan içe 1,5 sm süýşürýäris.
2 – 3 = 1,5 sm.
3 nokatdan ilik nokadyna çenli kese çyzgyny geçirýäris.
Boýunýaka nokady
4 – 19 = 11 sm.
3 nokatdan 8,5 sm ölçegde 6 nokady belleýäris.
3 – 6 = 8,5 sm.
6-nokatdan ýakanyň beýikligi üçin 1,5 sm ölçeg belleýäris.
6 – 7 = 1,5 sm.
6 – 8 = 8 sm hemişelik beýiklik.
8 – nokatdan ýokarlygyna 2sm ölçegde 9 nokady belleýäris.
8 – 9 = 2 sm.
6 – 9 nokatlar birleşdirip ýakanyň birleşýän kesigi tapylýar.
6 – 10 = 11 sm ýakanyň ini.
7 – 11 = 1/3 (7 – 10); 3 – 12 ýakany boýunýaka oturdylýan meýdany.
1 we 4 nokady merkezi nokady tapylyp, 2 sm gorizontal çyzgy ýerine ýetirilýär.
1 – 13 = 13 – 4 sm.
14 – 15 = 14 – 16 = 16 – 15 = 4 sm.
Öň boýunýakanyň açylyşy 6 sm deň.
17 – 5 = 5 – 18 = 3 sm.
17 – 18 = 6 sm.
5 – 19 = 2 sm.
19 – 20 = 20 – 21 = 21 – 22 = 11 sm.
Model syrlaşan görnüşde taýýarlanylsa, göwüs danyň çuňlugyna 3 sm alynýar.
Kenar gyra kesigi içe gyşarýar.
26 – 27 = 2 sm gapdal kesigi bile gyşarýar.

26 – 28 = 10 sm danyň aralygy.
31 – 32 = 3 sm danyň giňligi.
23 – 24 = 24 – 25 = 5 sm.
Epin kesigini tapmak üçin 2 we 3 nokat bilen 25 nokady birleşdirýäris.

Ülňiniň aşaky bölegi üýtgemeýär. Ýokarky bölegiň dany bile çenli ýapylýar. Açylýan dan 25 we 25 nokady bilen belgilenýär.

25 – 25a = 6 sm.
23 – 23a = 7,5 sm.
25a nokadyň 23a dowamy 23a nokatdan aşaklygyna 21 sm bant üçin uzaldylýar.
Bantyň ini 7 sm.
25a – 31 = 7 sm.
Bantyň etegi sähelçe giňeldilýär. (9 sm)
32 – 33 = 9 sm.

## §22. GÖNI, REGLAN WE BITEWI ÝEŇLER

Göni ýeňler tirsekde danly ýa-da biçüw ülňüsi taýýarlanylsa, nusgawy stildäki ýeňlere degişli hasaplanylýar. Nusgawy stildäki biçüwde modelirlenýän ýeňler, syrlaşýan, ýarym syrlaşan, göni görnüşlerde iş ýüzünde ýerine ýetirilýär. Ýeňiň depesine beden hereketi üçin hem-de owadan gelşik berer ýaly az ýa-da köp mukdarda girizme hadysasy ýerine ýetirilýär. Bu hadysa girizme, epin bezegi, büzmeklik hadysa-da yerine ýetirilýär. Ýeň we arka bölegiň kesişýän kesiginden bellenen ölçeg esasynda oturdylýar. Reglan biçüwli ýeňiň modelirlenilişiniň özboluşly aýratynlygy bardyr. Bu ýeňiň biçüwine ýeň egin kesigi, boýun aýlawynyň meýdanyny öz içine alýar. Boýun aýlawynyň ölçeginden ýeň öýüniň meýdanyny öz içine alyp kontur çyzgysy esasynda egri çyzgynyň kömegi bilen modelirlenýär. Biçüwde egniň kesiginiň şekili hem geçirilýär. Reglan biçüwi orta ýaşly zenan maşgalanyň paltosynda, bluzka, plaş žaket önümlerinde ýerine ýetirilýär. Model ýarym syrlaşan göni, trapesiýa siluetlerde ýerine ýetirilýär. Reglan biçüwdäki önüm sport stiline golaý hasaplanylýar. Erkek adamlaryň stiline golaýrak. Modanyň taryhy boýunça, köplenç, göni trapesiýa siluetde ýerine ýetirilýär. Syrlaşan siluet boýunça seýrek model döredilýär. Bu nusga bedeniň erkin saklanmagyna hereket etmegine orta ýaşly adamlar üçin model taýýarlamaga ylymda maslahat berilýär. Biçüw milli biçüwlerimize sähelçe üýtgeşme girizilen. XX asyryň 50-nji ýyllarynda taýýarlanylýan reglan ýeňiň biçüwi döş, kebze, meýdanyny öz içine alyp, boýun aýlawdan tirsek meýdana çenli giňeýär. Ýeňiň etegi tirsekden sähelçe daraldylýar. Ýeňiň

biçüwi depesi ýumurtga şekilinde ýerine ýetirilýär. Egin kesiginiň meýdany ýapgyt gaýdýar. Taýýarlanan nusganyň tutuş göwresi göni siluet boýunça ýerine ýetirilýär. Ýeň öýüniň meýdany maksimal uly ölçegde ýerine ýetirilýär.



**74-nji surat. Reglan ýeňiň nusgalarynyň görnüşleri:**
*a – kaketka görnüşli reglan; b – nol görnüşli reglan; ç – erkin gyýa reglan; d – guberçek şekilli reglan*

60-njy ýyllarda welin modelýerler reglan ýeňiň biçüwini şeýle ussatlyk derejesinde ölçegini kiçeldilen nusgawy stile golaý getirilýär. Syrlaşan göni biçüwdäki ýeňe meňzeş modelirlediler. Ýeň öýüniň meýdany kiçeldildi. Ýeňiň şekili göni owadan şekile geldi. Egin kesigi reglan pagon görnüşinde modalaşdyrylan. Bu biçüwde döş ölçeginde koketka görnüşi emele gelýär. Ýeňiň durky bedene göni takyk näzik keşp berýär. Bu model zenana mylakatly keşp berdi.



**75-nji surat. Bitewi ýeňiň görnüşleri**




**76-njy surat. Ýeňi danly modalaşdyrmagyň görnüşi**

70-nji ýyllarda reglan ýeňiň biçüwi üýtgedilýär. Nusgada egin kesigi dik görnüşde ýerine ýetirilýär. Modeliň egnini owadan görkezmek üçin hökman kömekçi egin oturtmaly. Ýeňiň biçüwi 60-njy ýyllar-daky bilen deňeşdirilende, ol giňeldilýär. Egniň durky kömelek şekilinde modelirlenýär. Ýeňiň etegi giňeldilen manžet bezegi oturdylan. 70-nji ýyllarynyň suratda görkezilen ikinji modelinde nol modelirleme işi ýerine ýetirilýär. Ýagny ýeňiň biçüwi göni boýunýakanyň egin kesiginden modelirleme işi ýeri-ne ýetirilen. Bitewi biçilýän ýeňleriň görnüşi modeliň esasy öň we arka bölegi bilen bitewi biçilýär. Arka bölegi ýeň meýdany öň böleginden bellenen ölçeginde giňräk biçilýär. Bu biçüw ýapon halkyny kimano we halat modeliniň biçüwinden alynýar. Reglan ýeňiň modelirlenilişinde öň we ýeňiň arka bölekleri bar. Emma bitewi ýeňiň biçüwinde esasy ülňüler iki bölekden bolup, esasy bölegi ýeň bilen bilelikde biçilýär. Esasy bitewi biçüwde dynç alynýan halat önümlerini taýýarlamak maslahat berilýär. 50-nji ýyllaryň bitewi biçüwi adaty biçüwli egne salgylanyp, modelirleme işi ýerine ýetirilýär. Nusga eliň erkin hereket etmegine has amatly hasaplanylýar. Ýeň öýüniň meýdanyň ölçegi adaty şekilinde ýerine ýetirilip, ýeň meýdanyň etegi daraldylýar. Ýagny bu biçüwde “Uçýan syçan” atly biçüwde hem ýeň ýerine ýetirilýär. 60-njy ýyllarda bitewi biçüwiniň egni ýapgyt görnüşde ýerine ýetirilýär. Ýeňiň biçüwi ýarym syrlaşan görnüşde ýerine ýetirilen. Biçüw saldamly takyk biçüw hasaplanylýar. 60-njy ýylda bitewi biçüwi 50-nji ýyldaky döredilen biçüwden çylşyrymly hasaplanylýar. Geometriýa çyzgysy takyk ýerine ýetirilen gelşikli saldamly biçüw hasaplanylýar. 70-nji ýyldaky bitewi ýeňiň biçilişi egni beýik kömelek şekili bermeklik esasynda ýerine ýetirilýär. Model taýýarlananda, hökman kömekçi egin ulanylýar. Bitewi biçüwli model arassa görnüşli nusga hasaplanylýar. Çünki bu biçüwiň reňkleriniň bölekleriniň azdygyna seretmezden, ol has öz döwrüniň modaly egin-eşigi hasap-lanylýar. Syrlaşan ýeňli önüm üçin örme matasy saýlanylýar.

## §23. ÝUBKALARYŇ MODELIRLENILIŞI

Ýubka tikin önümi gyz çagalara, gyzlara, zenanlara niýetlenilip taýýarlanylýar. Bu nusgalar, esasan, matadan, örme, dokalmaýan matalardan taýýarlanylýar. Öý şertlerinde we önümçilikde zenanlara örme görnüşinde ýubkalary dürli nagyşlar bilen baglanyşdyryp örýärler. Bu, esasan, ýüň, ýarym ýüň, emeli ýüplüklerden örülýär. Dokalmaýan drap matalardan göni biçimdäki ýubkanyň nusgasy taýýarlanýar. Gyş paslyna nusgany göni biçimde taýýarlanmagynyň sebäbi matanyň agramlylygy göz öňünde tutulýar. Şonuň üçin göni biçüwdäki nusga taýýarlanylýar. Modeliň ädim hereketine kömek eder ýaly ülňiniň arkasynyň merkezi okunyň dyzçanakdan etegine çenli dilik ýa-da epin bezegi ýerine ýetirilýär.

Ýarym ýüň matalardan jaň, güneş, epin bezegli biçüwdäki ýubkalaryň nusgalary taýýarlamak maslahat berilýär.

Galyň matadan taýýarlanýan ýubkalaryň arka böleginde şlisa epinli bezegi ulanylýar. 8 sm ölçegdäki epin iki gezek ätiýaç ädim hereketi üçin ýerine ýetirilýär.

Ýubkalarda bykyn meýdanynda koketka modelirlemesi dürli görnüşde ýerine ýetirilýär. Ýüpek we satin matalardan 6 tikinli, 4 tikinli, jaň biçimli, güneş biçüwdäki ýubkalaryň nusgalary taýýarlanylýar. Şeýle hem epinli gafrili modalaşdyrylan ýubkalar ýylyň-ýylyna zenanlaryň arasynda moda hasaplanýar. Gafri ýubkasy, esasan, ýarym ýüpek, şifon, ýarym ýüň matalardan ýerine ýetirilýär. Bu modele artykmaç ütük talap etmeýär. Gafri ýubkasynyň, esasan, bykyna çenli koketka bölegi ulanylýar. Ýubkanyň guşagy 2 görnüşde ýerine ýetirilýär. Guşak zolakly we obtaçka gyýaly ýerine ýetirilýär. Ýubka bykyna çenli bil danlary bilen modelirlenýär. Wolanly nusgalar, köplenç, dyzçanakdan aşaklygyna modelirläp, ýerine ýetirilýär. Ol etek kesigine güneş biçüwinde modelirlenip, ýerine ýetirilýär. Gade ýubka nusgasy hem iki görnüşde ýerine ýetirilýär. Bitewi we aýratyn biçmeklik bilen ýerine ýetirilýär. Bitewi biçüwde dyzçanakdan ýokardan etege çenli giňeldilip modelirlenýär. Bezeg işleri deňölçegli bölekli boýunça beden ölçeginde sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Ýubkanyň modelirlenilişi esasy ülňä esaslanyp ýerine ýetirilýär.

Güneş görnüşli ýubkany esasy ülňä salgylanyp, ölçege laýyklykda biçüwi amala aşyrylýar. Güneş biçüwe gade nusgada dyzçanagyň üstünde, dyzçanagyň ýokarsynda ýerine ýetirilýär. Koketkaly ýubka dürli görnüşde modelirlenýär. Koketkalar burçly, aýlawly, kese, kertikli görnüşde modelirlenýär. Şeýle hem koketkadan ýubkanyň etek kesigi güneş görnüşinde ýa-da epinli görnüşlerde modelirleme esasynda taýýarlanýar.

Ýubkalaryň etek kesigi epinli, güneş görnüşinde ýerine ýetirilýär. Koketkanyň ýüzünde bezeg tikinleri berilýär. Göni koketka gysga ölçegde ýerine ýetirilýär.



**77-nji surat. Epin bezegleriniň görnüşleri**




**78-nji surat. Ýubkanyň modelirlenilişi**

Şleýf, esasan, ýubkanyň arka tarapynyň etek kesigini bolmaly ölçeginden epesli ulaldylyp modelirlenýär. Esasan, ol dabaralar üçin niýetlenilip ýerine ýetirilýär. Munuň özi şleýfiň durkuny modalaşdyrýar. 6 tikinli ýubkalaryň tikinlerinde şleýf danlary dyzçanakdan etege çenli ýerine ýetirilýär. Bu ýumuş taýýarlanýan matadan ýa-da şifon matasyndan ýerine ýetirilýär. Şleýf, esasan, arka ülňiniň arka merkezi okunda ýerine ýetirilýär.

**Ýubkanyň esasy çyzgysy.** Ülňi modelirlemek üçin esasy ülňiniň üstünde işleýäris. Etegi daralan ýubkanyň çyzgysyny guralyň. Bu ýubka nusgawy stildäki ýubka hasaplanylýar. Ýagny çyzgyda etegi daralýan ýubkanyň modelirleme çyzgysy ýerine ýetirilýär. Önümiň öň böleginde bykyna çenli ölçeg bil danlary bilen modelirlenen. Ýubkanyň öň bölegi arka böleginden sähelçe dar biçüwi ýerine ýetirilýär. Öň bölegiň bil danlary arka bölegiň ülňüsinden ölçege laýyklykda, uzynlygyna modelirlenýär. Arka bölek bykyn ölçege çenli bil danlary bilen modelirlenýär. Etegi daralýan ýubkanyň çyzgysynda esasy ülňüden bykyndan aşaklygyna içe aýyrmaklyk üçin modelirleme işi görkezilýär. Çyzgyda ülňiniň taýýar görnüşine syn edýärsiňiz. Bu ýubka modeli has gelşikli hasaplanylýar. Çyzgyda şol esasy ülňiniň eteginiň ýeňil giňeldilişini görýärsiňiz.



a) b) ç) d)

**79-njy surat. Klýoş ýubkanyň modelirlenilişi**

**Klýoş ýubkanyň modelirlenilişi (fantaziýa).** Klýoş ýubkany modelirlemek üçin 79-njy suratyň a çyzgysynda görşüňiz ýaly çyzgylar boýunça modelirleme işine taýýarlanylýar. Şol çyzgylar boýunça etek kesiginden danlar dikligine kesilip açylýar. Şeýlelikde, etegiň giňemegi esasynda bil danlary ýapylýar. Ýapylan danlar çyzgyda ştrih bilen görkezilýär. Ýapylýan danlaryň ugry bile çenli kesilýär. Gapdaldan ýene-de bir dan açylýar. Ol açylan dan bykyn ölçeginde gutarýar. Ülňiniň merkeziniň etek kesiginden açylan dan bykyna çenli ýerine ýetirilýär. Biz öň böleginde we arka böleginde 5 dan açýarys. Taýýarlan ülňimiz boýunça klýoş ýubkaly nusgany ýerine ýetirýäris.

80-nji suratda görkezilen ýubka modelini esasy ülňüde modelirleme işini ýeri-ne ýetireliň. Bu ýubka öň we arka bölegi 6 bölekden bolup, çyzgy boýunça mode-lirleme işini ýerine ýetirýäris. 80-nji suratyň a çyzgysynda görkezilişi ýaly ýanbaş we bykyn bölekleriniň bölünişi ýerine ýetirilen. Bu ülňini bil danynyň gyşarmasyna görä, epin kesigini göz öňüne alyp, 2-ä bölýäris. Gyşarma, esasan, bykyn ölçegine çenli sazlaşykly deň derejede ýerine ýetirilip, etege çenli parallel punktir çyzyklary bilen etege çenli çyzylýar. Etegi giňeldilen görnüşde mode-lirlemek üçin gapdal bölegi ýanbaşdan etege çenli 4 dan boýunça giňeldilýär. Şol ülňiniň iç danlary açylyp, üstme-üst goýulýar ýa-da büzülýär. Gapdala sepleşýän bölegiň ülňisi ýokarsy uzaldylýar.

80-nji suratda görkezilişi ýaly, ýubkanyň öň böleginde drapirowka (epinli) bezegi ýerine ýetirilýär. Bu bezegi ýerine ýetirmek üçin 80-nji suratdaky a we b çyzgyda modelirleme işi ýerine ýetirilýär. A çyzgyda bil dandan aşaklygyna wer-tikal bykyndan sähelçe geçýänçä kesilýär. Şol kesilen ülňiniň ýokarky bölegi 4-e bölünip, ştrih çyzyklary gapdala tarap geçirilýär. Şol gorizontal çyzyklary boýunça ülňi kesilýär. Kesik gyra kesigine 2 mm ýetmeli däldir. Kesilen ugurlar giňeldilip açylýar we täze model üçin ülňi doly taýýarlanylýar.




**80-nji surat. Ýubkanyň modelirlenilişi:**
*a – ýanbaş we bykyn bölekleriniň bölünişi; b – drapirowkaly ýubkanyň modelirlenilişi*

81-nji suratda görkezilişi ýaly, alty tikinli gade ýubkanyň modelirlenilişini ýerine ýetireliň. Bu ýubkanyň bil danlaryna wertikal etege çenli çyzgy ýerine ýetirýär. Kesilen ülňiniň bykyndan dyzçanaga çenli inçeldýäris. Dyzçanakdan aşagyna her bölegiň gapdalyna giňeltmeklik üçin çyzgy işini ýerine ýetirýäris. Işiň hadysasy amala aşandan soňra etegini deňleýäris.

82-nji suratda görkezilişi ýaly, gade modeliň has modalaşdyrylan görnüşini amala aşyrýarys. Gade ýubkasy bil danlary bilen modelirlenen. Iki gapdaly aýlawly jübüli. Ýubka syrlaşan görnüşinde ýerine ýetirilýär. Ýubkanyň dyzçanagynyň aşagynda dik burçly modelirleme işi ýerine ýetirilýär. Gade bölegi ülňini kesmek bilen güneş biçüwinde ýerine ýetirilýär. Esasy ülňiniň ýokarky gapdal meýdanyna jübiniň ýerleşjek ýerini modelirleme çyzgysy esasynda görkezýäris.

Gade bezegini ýerine ýetirmek üçin wertikal çyzgy boýunça 6-a bölýäris. Şol çyzgylary soňuna ýetýänçä gyrkýarys we danlary açýarys. Şeýlelikde, biz täze ülňiniň şekilini çyzgylardaky görşüňiz ýaly ýerine ýetirýäris. Çyzgyda bykyndan etege çenli ülňi daraldylýar. Şeýle hem etekde gadeniň bolmaly ölçegi bilen kesgitlenýär.

Koketkaly ýubkalarda, köplenç, epinli bezegler ýerine ýetirilýär. Ol, esasan, mekdep ýaşly gyzlara niýetlenen ýubkalarda ýerine ýetirilýär. Çyzgyda bir gapdala ýykylýan epin bezegi, çyzgyda, merkezden iki gapdala ýykylýan epin bezegi w çyzgyda, bir epiniň iki gapdala ýykylýan görnüşini görýärsiňiz. Bu bezegleri ýerine ýetirmeklik üçin epin çuňlaşdyrylan ölçegde bolmaly.



**81-nji surat. Etegi giňeýän 6 tikinli ýubkanyň modelirlenilişi**



**82-nji surat. Gade ýubkanyň modelirlenilişi**

**Güneş ýubkanyň modelirlenilişi.** Güneş ýubkany taýýarlamaklyk üçin alnan bil ölçege laýyk tegelek çyzgy çyzylýar. Bu ýubka tikinli ýa-da tikinsiz görnüşde ýeri-ne ýetirilýär. Şeýlelikde, ýubkanyň uzynlygy hasaba alnyp, yzygider şol uzynlyk çyzylan tegelegiň daşyndan sazlaşykly gaýtalanýar. Ýagny içki biliň radiusy etek radiusa sazlaşykly deň ölçegde ýerine ýetirilýär.



**83-nji surat. Modaly ýubkalaryň görnüşleri**

# §24. ERKEK ADAMLARYŇ KÖÝNEKLERINI TAÝÝARLAMAK ÜÇIN ULANYLÝAN MATALAR

Erkek köýnegini tikmäge niýetlenen matalaryň görnüşleri örän kändir. Nah, zygyr, ýüpek, garyndy süýümlerden dokalyp taýýarlanylýan matalar ulanylýar. Bu matalardan taýýarlanan modeller dünýäniň ähli künjegine ýaýradylan. Matalaryň ýumşak, suw geçirijiligi, hyzmat edijiligi, girijiligi, hapa aýrylyş ukyby, ütük-tämizleme işini, tejribe işinde öwrenilýär.



| a) *bahar möwsüminde ulanylýan matalaryň reňkleriniň görnüşleri* | b) *sport stilinde nusga taýýarlamak üçin ulanylýan matalaryň görnüşleri* | ç) *çagalara nusga taýýarlamak üçin ulanylýan matalaryň görnüşleri* |
|---|---|---|

**84-nji surat. Matalaryň görnüşleri**

Nah matanyň hem dürli görnüşleri bar, olar setin, biz, çit bolup, köýnek tikip taýýarlamaga maslahat berilýär. Biz matasynyň häsiýeti: teniňe oňaýly, mylaýym, hili boýunça berk, az süýnüji häsiýetli matadyr. Bu matadan köýnek tikmek hem biçmek has oňaýly. Biz matanyň reňki basylan görnüşde bolýar. Erkek köýneginiň modelini tikmek üçin biz matasynyň gözenek (kletka), geometrik şekillerini, tekiz reňkli matalar saýlanylýar. Olar dürli görnüşdäki çyzykly, ýazgylar bilen bezelen. Arça ýapragy bilen bezelen, ak reňkli, näzik gök reňkli, näzik ýaşyl reňkli, sary reňkli matalardan önüm taýýarlanylýar. Satin matasynyň ortatap ýarym ýuka görnüşleri erkek adamyň köýnegini tikmek üçin niýetlenilýär. Matalaryň 511, 512 artikul belgileri önümçilikde nusga taýýarlamaga ulanylýar. Tomusda geýilýän erkek adamyň köýnegi üçin nah matanyň ýuka görnüşleriniň birnäçesi ulanylýar. Bularyň köpüsi agardylan ýumşak görnüşdäki matalardyr. Meselem, wolta matasy ýuka aňyrsy-bärsi görnüp duran görnüşde ýarym nah ýüplükden dokalýar. Maýa matasy sites matasyna

meňzeş bolup syk dokalýan däldir. Gyş möwsüminde geýilýän erkek adamlaryň köýneklik matalaryna syk dokalan nah matasynyň şotlanka, gözenekli, tegelek şekilli, çyzykly görnüşlerinden nusga taýýarlanylýar. Bu matanyň dokalyşy saržanyň dokalyşynda dokalýar. Matadan sport mode-lindäki köýnekleri tikmek amatly. “Iwanowskaýa” diýip atlandyrylýan ýüň matasy krepiň dokalyşynda dokalýar. Matanyň suratyny basma görnüşde taýýarlanylýar. “Rasinka” diýen matanyň dokalyşy žakard görnüşinde bolup, gyşa niýetlenen nah mata. Onuň ýüzünde uly bolmadyk gysgajyk sütükleri bardyr. Bu mata galyňdan gelen ýumşakdyr. Matanyň sütükleriniň bir ugra edip ýazgyny kesim stola ugrukdyrylyp ýazylyp, köýnege niýetlenen ülňüler matanyň ýüzüne düzülýär. Şonuň ýaly hem biçimde suratlaryň şekilini bir ugra edip biçmek maslahat berilýär.

Flanel – bu matanyň iki tarapy hem sütüklidir. Matanyň dokalyşy saržanyňka meňzeýär. Flaneliň görnüşleri birnäçe bolup, “eskimo” diýip atlandyrylan görnüşi nusga taýýarlamaga saýlanylýar. Flanel ştapeliň galyndylaryndan dokalansoň, ol ýylpyldyly öwüşgin berýär.

Baýka – galyň mata hasaplanylýar. Matanyň iki ýüzünde-de gür sütükleri bar. Matanyň iki tarapyny hem ýüzi hasaplap, tikinde ulanyp bolýar. Bu matanyň dokalyşy sebäpli, iki ýüzli mata diýip atlandyrylýar. Baýka matasyndan sport modelindäki erkek köýnegini tikmeklik maslahat berilýär.

Bumazeýa – bu matanyň sütügi bir ýüzünde bolup, ýa iç ýüzünde ýa-da ýüzünde bolýar. Bu matalaryň artikul belgisiniň nomeri 11. Bumazeýa matalar “Nowinka”, “Lola”, “Sarma” diýlip atlandyrylýar. Erkek köýnegini tikmäge niýetlenip dokalýan matanyň düzümine erşine sap nah ýüplügi, argajyna wiskoza ýa-da asetat ýüplügi ulanylýar. Bu matalaryň dokalyp taýýarlanmagy üçin žakard, krep, saržanyň dokalyşy ulanylýar. Netijede, matanyň nagşynda ýylpyldawyk we büdür-südür sapak ulanylandan soň, haryt has oňat görnüşde görünýär. Bu matalar “Sputnik”, “Ýyldyzjyk”, “Wostok”, “Rýabinuşka” we ş.m. diýip atlandyrylýar.

Zygyr – matanyň görnüşleri himiki süýümleriň goşulmagynyň esasynda dokalýar. Arassa zygyrdan taýýarlanan görnüşi aýratyn bolup, ýarym zygyrdan dokalan matanyň artikuly B-25 mata diýip atlandyrylýar. Bu matalar utgaşdyrylan (kombinirowaniýe) usulda taýýarlanylýar. Zygyr matalaryň doly agardylan, ýarym agardylan görnüşleri bardyr. Tikin kärhanalary zygyr matasyndan höwes bilen erkek adamyň köýnegini taýýarlamaga ulanýarlar. Ýarym zygyr matasyndan tikilýän ýene-de bir artikulynyň belgisi 27. Bu zygyr matasy utgaşdyrmak (kom-

binirowaniýe) esasynda dokalýar. Matanyň durky gözenek görnüşli bolup, pagtadan we zygyrdan dokalýar. Bu matanyň üstünde işlenilýär. Täzeden işlenilen, agardylan mata sähelçe az mukdarda girýär, ýagny mata gysgalýar.

Ýüpek – ýüpek we himiki süýümlerden taýýarlanan matalar örän kändirler. Dokalýan matanyň erşi tebigy, emeli, sintetiki süýümlerinden we dürli süýümler bilen baglanyşdyrylyp ştapeliň erşinden taýýarlanylýar. Sap ýüpekden taýýarlanylan mata ýumşak, owadan, ýylpyldaýan, epinli bezegde taýýarlamaga amatly hasaplanylýar. Bu matada erkek adamlaryna baýramçylyk köýnekleri taýýarlanylýar. Ýüpek matasy krep görnüşde dokalýar. Ýüpek matasy dokalanda ýüpek sapagyndan başga wiskoza, asetat, 3 asetat, kapron bilen baglanyşdyryp dokalýar ýa-da erşine ştapel, nah süýümlerinden taýýarlanylan eriş ulanylyp melanž görnüşde dokalýar. Matanyň bu görnüşi adam bedenine oňaýly hem-de dözümli hyzmat edýär. Emeli süýümden taýýarlanylýan mata az mukdarda öndürilýär. Bu krep matasy bolup, sap ýüpek matasyna meňzeýändir. Emeli süýümden taýýarlanan matalar agyr we galyň bolýarlar. Krep matasy “Utro”, “Romaşka” diýip atlandyrylýar. Bu matanyň ýüzüne basylan güller dokma bilen utgaşyp gidýär. Žakard görnüşinde wiskoza erşinden dokalan matalara “Meçta” we “Wesna” diýip atlandyrylýar. Bezemen matalar kapron süýüminden doklaýar. Olar iňçe nagyşly žakard dokalyşynda öndürilýär. Meselem, aňyrsy-bärsi görnüp duran ýuka köýneklik matanyň artikulynyň belgisi 52001 we 42014. Bu mata ýüpekden we kaprondan işlenilip taýýarlanylýar. Sintetika we başga süýümler bilen öndürilýän matalaryň gurluşy dürli görnüşde bolup, olar toparlara bölünýärler. Sintetika süýümden dokalýan matalaryň düzümine kapron, wiskoza, asetat, ştapel bilen garylýar. Lotos diýen matanyň dokalyş düzümi geň galdyrýar. Ol kapron we wiskozadan nagyşly görnüşde dokalyp, görnüşi boýunça ýuka matadyr. Ştapel matasy emeli sintetika we galyndy pagta süýümlerden taýýarlanylyp ýüplükden dokalýar. Bu matalary güli we şekili ýylpyldaýan görnüşde reňkleýärler. Ştapeliň şotlanka görnüşdäki matasy sarža görnüşde dokalýar. Onuň erşinde 2/3 görnüşde lawsan we 1/3 wiskoza ornaşdyrylýar. Matanyň bedene hyzmat etmegi gigiýena tarapdan amatlydyr. Ştapel matanyň erşine sintetika süýümi hem goşulýar. Aýron, gofron süýümleri goşulanok. Ýagny ýüpek süýümiň galyndylary goşulýar. Erkek adamyň köýnegini tikip taýýarlamak üçin matanyň saýlama görnüşleri kändir we olaryň görnüşleri dürli-dürlüdir. Olar reňkleri boýunça, şekilleri boýunça, çeper görnüşleri boýunça önüm taýýarlanylanda uly üns berilýär. Hili boýunça oňat dokalan, reňklenen mata harydyň görnüşine täsir edýär. Mata reňkleri boýunça

açyk reňkli, ýuwan öçüksi reňkler boýunça boýalýar. Şeýle hem dok reňkli, ýylpyldaýan açyksow reňkli matalaryň görnüşleri bardyr. Matanyň nusgawy şekilli görnüşleri bardyr. Olar çylşyrymly bezelen şekilleriň görnüşleri bilen kesgitlenilýär. Meselem, gözenekli nohut nokatjykly, ýyldyzly, çyzykly matalar. Bu matalardan diňe erkek adamyň köýnegini taýýarlamaga, zenan maşgalanyň bluzkasynyň görnüşini öndürmäge, çagajyklaryň köýneklerini tikmäge niýetlenendir. Tikin tikmek üçin önümçilige mata saýlananda matanyň ýüzündäki şekiller doly öwrenilýär. Matanyň ýüzündäki şekilleriniň doly ýerine ýetirilmedik,assimmetriýa şekiliň döremegine ýol berilmeli däl. Taýýarlanýan mata iri şekilli ownuk şekilli güller bilen baglanyşýan bolsa, onuň iri gülleriniň taýýarlanýan önümiň kebzeden, döşden aşaky bölegine ornaşdyrmak maslahat berilýär. Mata biçilende, şekiller geýimde gowy ornaşar ýaly gaty ünsli tejribe işi geçirmeli. Erkek adamyň köýnegini byjyrdyk ownuk gülli görnüşinde önümi taýýarlamak maslahat berilmeýär.Bu görnüşli önüme isleg bildirilmeýär. Çünki önüm taýýarlananda, bedende gelşikli oturmagyny göz öňünde tutmaly. Matalaryň nohutly şekilindäki görnüşleri dürli-dürlüdir. Nohutly şekilindäki matadan önüm öndürilende, biçüw böleklerinde birmeňzeş matadan gyýa bezegi bermek maslahat berilýär. Şonuň ýaly hem taýýarlanýan erkek köýneginiň modeline gabat gelýän iligi saýlap başarmaly. Matalaryň gözenekli ýa-da çyzykly görnüşleri köp halatda ala-mula reňkleriň garyşan görnüşinde dokalyp taýýarlanylýar. Bu matadan sport modelindäki erkek köýneklerini taýýarlamak maslahat berilýär. Çyzykly ýa-da gözenekli matadan kese, gyýa, dik biçip bezemen görnüşindäki erkek köýnegini tikip taýýarlamak maslahat berilýär. Meselem, çyzykly matany kese 45°-da biçip, arça gülü-ni önümde görkezip bolýar. Biçüw we model taýýarlygy taslamasy bir ugra ýykgyn edip taýýarlamaly. Beter çylşyrymly görnüşde şekilleriň görnüşini ulanmak maslahat berilmeýär. Gözenekli şekilindäki matadan taýýarlanýan erkek köýneginiň modeliniň ýakasy, ýeňiň manžedi, koketka, jübüsi, ilik dakylýan bezeg zolagy, kese biçmäge we önüm taýýarlamaga maslahat berilýär. Taýýar köýnegiň görnüşi üýtgeşik bolýar. Erkek adamyň köýnegini taýýarlamaga has uly suratly tebigat bilen baglanyşykly matalar bardyr. Bu matalardan öý şertlerinde geýmäge, dynç alyş şertlerinde geýmäge erkek köýnegi taýýarlanylýar. Meselem, uly palma agaçly ýa-da deňziň, miweli baglaryň suratly matalardan dynç alyş köýnekleri taýýarlanylýar.

# §25. ERKEK ADAMLARYŇ KÖÝNEGINIŇ MODELINIŇ GÖRNÜŞLERI

Tikinçilik kärhanalarynyň maksady halk hojalygyny ýokary hilli önüm bilen üpjün etmek we ilatyň talabyny kanagatlandyrmak bilen öz işini ýola goýýar. Ilatyň islegini kanagatlandyrmak üçin mata önüminden dürli görnüşdäki köpçülige niýetlenen tikin önümlerini öndürmek hökmany bolup durýar. Ençeme täze döwrebap dokma toplumlaryň düzüminde tikinçilik kärhanalary işleýär. Bu täze tehnologiýany ýola goýmak esasynda ilik oturdylýan, ilik ýerini taýýarlaýan, syrdaýan, bürjeýän, nagyş maşynlaryň dürli görnüşleri, kärhanalarda oturdylandyr. Şonuň ýaly hem döwletimizde enjamda işleýän tikinçi hünärmeniň derejesini ýokarlandyrmak üçin, ýörite orta bilim berýän kurslar açyldy.

Erkek köýnekleri şu ugurlar boýunça taýýarlanylýar:

– çaga oglanyň köýnekleri;
– ýetginjek oglanyň köýnegi;
– erkek adamyň köýnegi.



a) b) ç) d)

**87-nji surat. Erkek köýnekleriniň nusgalarynyň görnüşleri:**
*a – klassyka biçýwli çyzykly matadan taýýarlanylyşy; b – bir reňkli klassyka biçüw; ç – nagyşly köýnegiň taýýarlanylyşy; d – epinli köýnegiň taýýarlanylyşy*

Şu görnüşdäki önümler boýunça modeli tapylýar. Bu önümleriň gursagyna çenli ilikli, öňümiň merkezinde dik aşaklyga çenli ilikli, uzyn ýeňli, gysga ýeňli, ýeňi manžetli görnüşleri bardyr. Ýakalary bolsa, dik ýakaly, dik goşmaça gaýtarma ýakaly

görnüşleri modelirlenýär. Bu köýnekler modelýer tarapyndan önümiň nusgasynyň taýýarlanyşy bilen bagly bolup durýar. Erkek köýnekleri daşky, işewür, içki we agşam ýatanda geýýän köýnekleriniň hojalyga niýetlenen görnüşlerinden ybaratdyr.

Erkek adamlaryň köýnekleri göni biçüwde ýerine ýetirilýär. Bu biçüwi modelirleme esasynda reglan, göni biçüwi ýerine ýetirilýär. Reglan biçüw üç görnüşde modelirlenýär. Bu modelde öý köýnekleri taýýarlanylýar.

Bir tipdäki reglan modelirleme, nol ölçegde modelirleme, reglan-pogon görnüşdäki modelirleme, ýarym reglan görnüşdäki modelirleme. Bir tipli reglan boýunýakanyň ölçeginden koketka ölçegli görnüşinde modelirleme, egin ölçegi ýeň ölçegine geçirilýär. Nol ölçegdäki reglan biçüwi boýunýakanyň egin nokadyna esasalanyp, modelirlenýär. Reglan-pogon biçüwde koketka ölçegi boýunça modelirleme ýerine ýetirilýär. Ýarym reglan egin merkezinden modelirleme işi ýerine ýetirilýär. Bu maglumatlaryň takyk işlenilişi çyzgyda görkezilýär.

Erkek adamyň daşky köýnegi 3 topara bölünýär:

a) nusgawy modeldäki erkek köýnegi;

b) sport modeldäki erkek köýnegi;

ç) romantika stilindäki erkek köýnegi.



a) b) ç)

**88-nji surat. Erkek köýnekleriniň güýzde, alabaharda geometriýa şekilli matadan taýýarlanan nusgalary**

Nusgawy görnüşdäki erkekleriň köýneginiň silueti göni görnüşde, ýarym syrlaşan görnüşde taýýarlanylýar. Nusgawy modelindäki köýnegiň ýakalary ilki dik ýaka, gaýtarma burçly ýakanyň, ýiti burçly, aýlawly we ş.m. görnüşleri ýerine

ýetirilýär. Bu şekildäki köýnekler erkek adamlara günde hyzmat edýär. Bu köýnek erkek adamlar üçin hemişe modaly nusga hasaplanylýar. Şonuň ýaly hem bu baýramçylyklara, dabaralara hem geýilýän köýnekdir. Bu moda adaty bolup, il-arasynda ýoňdan aýrylmaýar. Ýöne şu görnüşler döwrüň talabyna görä az-kem üýtgeýär.

Sport modelindäki erkek köýnekler erkin biçüwde taýýarlanylýar. Köýnekde koketkanyň dürli görnüşi ulanylýar. Erkek adamyň egnine bezeg berýän pogonlaryň dürli görnüşleri modelirlenýär. Sport modelindäki erkek adamyň köýnegi gözenekli bomazy, bir reňkli bomazy, çyzykly bomazy, jins we ş.m. matalardan taýýarlamak maslahat berilýär. Sport modelli erkek köýnegine jübüler dürli görnüşde oturdylýar. Ýönekeý jübi, klapanly jübüler bilen bezelýär. Bu bezeg bölekleriň gyrasyny metal sapagy bilen tikip, köýnegiň klassiki köýneginden aýratynlygy görkezilýär. Şonuň ýaly hem arça gülli açyk matalardan sport modelindäki köýnek taýýarlamak maslahat berilýär. Sport modelindäki köýnekleri nah, zygyr, ýüň, ýüpek, sintetika jinsi matasyndan we örülen matalardan tikilýär. Bu modeliň bezeg bölekleri gödek şekilinde ýerine ýetirilýär.

Romantika modelindäki taýýarlanýan erkek köýnekleriniň biçüwi dürli görnüşde bolýar. Bu modeldäki erkek köýnekleri baýramçylyklara, toýlarda, teatra geýmäge, dürli gahrymanlaryň keşbini şekillendirýän aktýorlara niýetlenip taýýarlanylýar. Köýnegiň modelinde gipýur, kružewa, rýuşa, žabo bezegleri ulanylýar. Şeýle hem bezeg üçin kähalatda boýun ýaglygy gülýaka bilen (broşka) dakylýar. Romantika köýnekleriň üstünden galstugyň giň, ýazgyn, owadan görnüşlerini dakmak maslahat berilýär. Romantiki görnüşdäki köýnekler ýüpek, krep giňişleýin göni stilde taýýarlanylýar. Erkek adam hereket edende bedeni bilen köýnek tans oýnaýar we ol özüne çekýär. Bu köýnekler milli bezegler bilen baglanyşykly hem taýýarlanylýar. Ýagny sungat tansçylarynyň milli köýneklerine nagyşlary nusgada ornaşdyryp taýýarlanylýar. Nagyşlar kanwada, maşynda, keşdede ýerine ýetirilýär.



**89-njy surat. Sport stilindäki we hojalyga niýetlenen nusgalar**

Hojalyk işlerine geýmäge niýetlenen erkek adamyň köýnegi giň görnüşli gigiýena tarapdan oňaýly bolmaly. Gündeki işe niýetlenen erkek köýneginiň mode-li talabalaýyk taýýarlanylyp, köýnegi açyk reňkli matadan taýýarlamaklyk maslahat berilýär. Çünki işewür erkek adam gününiň uly bölegini işinde geçirýär. Erkek adam salyhatly, saldamly görünmek üçin şu tekiz reňklerdäki matadan köýnek taýýarlamak maslahat berilýär. Şonuň ýaly hem bu köýnekler paslyň möwsümleri-ne görä taýýarlanylýar. Önüm taýýarlamak üçin saýlanan matanyň ýygyrt atyjylygy pes bolmaly. Arassalanylyşy welin aňsat bolmaly. Baýramçylyga niýetlenen erkek köýneginiň mode-li adamyň ruhuny götermek üçin bezemen görnüşde taýýarlanylýar. Bu köýnekleriň bezegini epin bilen ýerine ýetirýärler ýa-da bezeg tikin çyzyk-lary görkezilýär.

Içki we agşam geýilýän erkek köýnekleri göni tene geýmek üçin niýetlenilýär. Bu köýnegiň modeli daşky erkek adamynyň köýneginiň modelinden tapawutly bolýar. Içki geýmiň ýakasy tapawutlanan gysga, ýumşak görnüşde taýýarlanylýar. Bu köýnekler giňiräk, uzynrak, manžetsiz, danly, dansyz, ýakasynyň gyrasy trikotaž bilen bezelen ýeňil modelli görnüşde taýýarlanylýar. Şonuň ýaly hem koketkaly ýa-da koketkasyz edip taýýarlanylýar. Bu köýneklere kä halatda ýeňil bezeg hem berilýär. Ol bezegler jähek görnüşde ýa-da gyýa görnüşi berýär. Tesmalaryň dürli görnüşleri bilen bezemek maslahat berilýär. Köýnek agşam ýatanyňda we öý şertlerinde geýmek üçin niýetlenendir. Öý geýimleriniň düzümine sport futbolkasy hem girýär. Erkek adamyň köýneginiň içinden müdimilik maýka hyzmat edýär. Erkek maýkasy sap nah örülen matadan taýýarlanyp, ol bedene has ýakymly hyzmat edýär. Çünki, bedendäki bölünip çykýan ýaglary çyglylygy özüne siňdirip, daşky geýilýän köýnegine zyýan bermezligine hem-de bedeni gigiýena tarapdan gorap saklamagyna kömek edýär.

## §26. ZENAN BLUZKASY

Tikin kärhanalarynda taýýar önüm fabrikalarda erkek köýnegi tikilip taýýarlanylýar. Şonuň ýaly hem aýal bluzkasy tikilýär. Aýal bluzkasynyň biçüwi erkek köýnegine meňzeşiräk hasaplanylýar. Ýöne aýal bluzkasy erkek köýneginden danlaryň görnüşleri, ilik ýerleri çep tarapda ornaşdyrylmagy bilen, bluzkanyň ilikleriniň bolsa sagda oturdylmagy bilen aratapawut edýär.



**90-njy surat. Aýal bluzkanyň modelirlenilişi**

Aýal köýnegini matalaryň dürli görnüşlerinden, gülli, dürli reňkli matalardan taýýarlamak maslahat berilýär.

Aýal köýneklerinde hem erkek adamlaryň köýneklerindäki detallaryň birnäçe görnüşleri ulanylýar.

Aýal köýnekleriniň görnüşleri dürli-dürlüdir. Ýagny olar: sport stil, öý stili, nusgawy stil, baýramçylyk köýnegi, hojalyk üçin niýetlenen görnüşlerinde ýerine ýetirilýär.

Köýnegiň modelini göwsüň dany bilen kesgitlenilýär. Şonuň ýaly hem ýan danlary bilen modalaşdyrylýar. Danlaryň modelini mulýaž usuly bilen tapyp, modelýeriň öz islegi boýunça taýýarlanýan nusganyň islän nokadynda ornaşdyryp bilýär. Şonuň ýaly hem egin dany, ýeň dany geýmiň naýbaşy görünmegine kömek edýär.




**91-nji surat. Nusganyň modelirlenilişi**

Ýokarky danlar iki usulda ýerine ýetirilýär. Bu usul şablonda we grafiki usulda ýerine ýetirilýär. Köp halatda danlar üýtgedilip, modelirleme işi ýerine ýetirilende, kagyzy manekeniň üstüne goýup, esas ülňini taýýarlamaly usulyna girişilýär. Egin danlary esasy arka bölege modelirleme, öň bölekde eginden göwüse çenli dik dan, ýa-da şol dan öň bölekde, etege çenli dowam etdirilýär. Bu danlaryň eşigi geýeniňde gelşikli görünmegine kömek edýär. Ýokarda bellenilişi ýaly haýsy dany alsak hem, dany süýşürsek hem ol ülňi ýazgyny üýtgedýär.

Kärhanada köpçülige köýnek niýetlenende, önümi taýýarlamaga gysga danlaryň kömegi bilen modelirlenýär. Sebäbi, ol ykdysady taýdan bähbitli hasaplanylýar. Eger-de uzyn danlar ulanylsa, oňa kesgitlenen bahasy beýleki modelden ýokary bolýar.

Aýal köýneginiň durkuny gözelleşdirmek üçin, relýef danyny aýlawly taýýarlap, modelirleme işi ýerine ýetirilýär. Relýef bezegini modelýer gönükdirme işi bilen baglanyşdyrýar. Ol 2 sm gyşarma aýlawly göwsüň ýokarsyndan 1sm göwsüň üstünden gyýa modelirleme işi ýerine ýetirýär. Dany almaklyk üçin 12° gyşarma ulanylýar.

Baýramçylyk köýnekleri drapirowka (ýygy epin) öň böleginde ýerine ýetirilip, bezeg işi ýerine ýetirilýär. Bu epin ölçegi ülňä geçirilýär. Epiniň belliklenen ýerleri kertikli görnüşi emele getirýär. Epinler deňölçegli ýerine ýetirilýär. Yzygiderli iri epine 4 sm ownuk epin üçin bolsa 2 sm goýulýar.

Koketkanyň uzyn görnüşi, aýlawly görnüşi, hindi modelindäki görnüşi aýal we çaga köýneklerinde ulanylýar. Koketkany bezemen görnüşe getirmek üçin gözenekli bezeg çyzyklary ýerine ýetirilýär. Koketkanyň burçly görnüşini ýerine ýetirip bolýar. Ol dürli görnüşde ýerine ýetirilýär.

Aýal köýneginiň öň böleginiň iligi uzynlygyna çenli, gysga göwsüne çenli ýa-da syrmaly görnüşleri, bitewi görnüşleri hem taýýarlanylýar. Aýal köýnekleri syrlaşan, ýarym syrlaşan, göni, ellips, drob görnüşinde taýýarlanylýar. Aýal köýneginiň bluzkasy beden ölçegi boýunça, bile çenli, bykyna çenli taýýarlamak maslahat berilýär. Aýal bluzkasynyň bezelişini dürli görnüşde taýýarlap bolýar. Eger-de deňölçegli bezegiň ýerine ýetirilişini boýun böleginden başlansa: dik ýakaly, serpme ýakaly, iňlis ýakaly, ýakasyz, dik ýaka, şal ýaka we ş.m. görnüşlerde ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Egin böleginde: koketka, pogonyň dürli görnüşlerini taýýarlamak maslahat berilýär. Döş we göwüs deňölçegli bölekde: koketkanyň dürli görnüşi, jübüleriň dürli görnüşleri bilen bezemek maslahat berilýär. Bil böleginde kemerleriň dürli görnüşleri, hlýastik ýaly bezegler ulanylýar. Aýal köýnegini bezemek üçin milli gözelligi özünde saklaýan, nagyşlaryň dürli görnüşlerini ulanmak bolýar. Nagyşlary monjukdan, gaşlar bilen, hünjüler bilen hem taýýarlap bolýar. Baýramçylyk aýal köýneginiň öň bölegine epinli, tolkunly, kebelejik dakmak, galstukly gülýaka bilen bezemek maslahat berilýär. Aýal köýnegini koketka bilen modelirlemeklik ýerine ýetirilýär.




**92-nji surat. Nusganyň modelirlenilişi:**
*a – arka bölegi; b – öň böleginiň modelirlenilişi;*
*ç – epin bezegi üçin modelirlenilişi*

Aýal köýneginde modelirleme işini koketka görnüşlerinde ýerine ýetirilýär. Koketka aýal köýneginiň döş böleginiň bezegi hasaplanylýar. Koketka boýundaky bellenen nokatdan aşaklygyna 20-25 sm-e çenli uzynlykda ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Koketka göni görnüşde, kese aýlawly görnüşde, kese kertikli görnüşde modelirlenilýär. Şonuň ýaly hem tikiniň birleşýän ýerine bezeg tikinine, jähek, gipýur (gözenek dokalan bezeg zolak bölegi) we ş.m. ulanylýar. Gysga koketka göni alynýar. Ýagny ýokarda görkezilen uly ölçege esaslansak, onda koketkanyň gyra bölegini ortasynyň ölçeginden 3-4 sm çenli gysgaldýarys we gyşarma usuly bilen modelirleýäris. Ýagny göwüs dany ýitirýäris.

Kertikli görnüşli koketka dürli görnüşde ýerine ýetirilýär. Orta merkezi çüňkli bolup, gyrasy aýlanan däl-de 3-4 sm gyýa egine golaý gysgalýan görnüşli ýa-da her döşüň öňünde çüňkli ýa-da kertikli koketka bezegini ýerine ýetirip bolar. Ýerine ýetirilýän koketka bölegi esasy bölege, ýagny aşaky bölege birikdirilýär. Kertik koketkanyň etek kesigiň ölçegi hasaba alynýar. Şeýle hem modelirleme emeliň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Aýal köýneginiň bezegini naýbaşy etmek üçin, wafli, futi, žaba, rýuşa, seçekli bezegler ýerine ýetirilýär.

Aýal köýnegini tesma bilen hem bezeýärler:

*Tesma* - ýüpekden, ýüňden, nahdan taýýarlanylýan bezeg zolagy. Tesmalar dürli görnüşde bezelýär. Mysal üçin: zynjyr, atanak, bugdaý, güljagaz we ş.m. Bu bezeg zolagy, köýnekde kesgitlenen bezeg üçin niýetlenen ýerde oturdylýar.

*Seçek* – köýnegiň etegine, döşüne we beýleki ölçeglerde oturdylyp bezemek üçin niýetlenilýär.

*Wolan* – bu hem aýal köýnegini bezemek üçin ulanylýar. Ol kese görnüşde biçilip, büzülip egin-eşige oturdylýar. Oturdylandan soňra ol tolkun öwüsýär.

*Rýuşa* – matanyň inçe zolagyndan bezeg görnüşinde taýýarlanylýar. Biçilen matanyň gyrasy tämizlenip, epinli ýygyt ýa-da tikinli-ýygyrtly edilip, bezeg zolagy taýýarlanylýar.

*Bufy* – bu bezeg zolagy taýýarlananda, 3 esse uly biçilýär we tikiniň üsti bilen bezeg işi gaýtalanýar. Bufy – tutuş koketka ýa-da bitewi köýnegiň ýüzi bezelip tikilýär. Ilki iri tikin 2 sm aralykda parallel gaýtalanýar. Soňra ýene-de 2 sm iki iri tikin gaýtalanýar. Soňra ýygyrt edilip arasyndan ownuk çyzykly tikin bilen tikilip, ýygyrt taýýarlanylýar we ýygyrdyň ilkinji tikini sökülip aýrylýar. Buf bezegi awtomatlaşdyrylan enjamda ýerine ýetirilýär.

## §27. MODELIRLEME PURSATYNDA KEMÇILIKLERIŇ ARADAN AÝRYLYŞY

Modeliň ilkinji taýýarlanýan pursatynda kemçilikleri aýyrmak üçin birnäçe işler modelhanada ýerine ýetirilýär. Bu işleri ýerine ýetirmeklik üçin esasy göwreleriň (maneken) dürli ölçegdäki görnüşleri ulanylýar. Göwreler talabalaýyk hasaplananda, olar duran ýerinde gapdallaryny görer ýaly öwrülýän bolmaly. Çünki biz her bir taýýarlaýan nusgamyzda, synag işini geçirende, modeliň öň, arka, gapdal taraplarynyň manekende oturyşyna üns bermeli. Biz göwrä taýýarlanýan önümiň ölçege laýyklygyny geýdirenimizde modeliň kemini görüp, düzedip bilýäris. Göwrede synag işini geçirenimizde önümiň çekilýän, eplenýän, towlanýan meýdanlaryna gözüň düşýär. Muňa garamazdan hünärmenler bu kemçiligi aradan aýyrmaklyk üçin iş geçirýärler.

Penjegiň merkezi okunyň tikininiň kebzesinde gorizontal tolkunlary suratda görkezilen. Ýagny taýýarlanýan ülňiniň merkezi okunyň kebze meýdanyny we boýunýakanyň egin tarapyny giňeldýäris. Başgaça usulda bolsa boýunýakanyň meýdanyny giňeltmeklik bilen kemçilik aradan aýrylýar.




**93-nji surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**
*a – penjegiň arka bölegininiň kebze ölçeginde döreýän gorizontal tolkun; b – penjegiň arka böleginiň ýeň oýunyň aşagynda döreýän gorizontal tolkun; ç – jalbaryň öň böleginiň bant meýdanynda döreýän gorizontal epin; d – jalbaryň öň böleginiň bant böleginiň aşagynda döreýän gorizontal epin; e – ädim kesiginiň ýokarky ölçeginde döreýän gorizontal epin*




**94-nji surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**
*a – jalbaryň gapdal tikininiň golaý döreýän gorizontal (gapdal) epin; b – penjegiň arkasynda döreýän wertikal epin; ç – penjegiň öň böleginiň ýeň oýuna golaý ölçegde döreýän epin; d – jalbaryň öň tikinlerine golaý öň döreýän wertikal tolkun*

Penjegiň arka bölegininiň ýeň oýunyň aşakdaky meýdanynda gorizontal tolkun emele gelende, modeliň taýýarlanylyşynda kemçiligiň bardygyny ýüze çykarýarsyň. Kemçiligi aradan aýyrmaklyk üçin ülňiniň merkezi okuna gerek bolan ölçegi goşýarys we gapdal kesiginden merkeze goşan ölçegimiz galyp ülňiden aýrylýar.

Jalbaryň bant meýdanynda gorizontal tolkunyň emele gelmegi taýýarlanýan modelde kemçiligiň bolandygy sebäpli ýüze çykýar. Bu kemçiligi aradan aýyrmaklyk üçin galyp taýýarlanýan nusganyň gulfik meýdanynyň merkezinden gapdal kesige çenli dan alýarys. Şeýlelikde, gulfigiň meýdany kiçelýär we gorizontal tolkun dan bilen aradan aýrylýar.

Jalbaryň gulfigininiň aşagyndan döreýän gorizontal tolkunly kemçiligi aýyrmaklyk üçin, nusganyň gapdal guşaklygy içe gyşarýandygy sebäpli, ädim kesigininiň ýokarky ölçegini galypda giňeldýäris. Şeýle hem gulfigiň ýokarky meýdanyny giňeldip, gapdal kesiginden giňelden ölçegimizi aýryp modeliň kemçiligi düzedilýär.

Jalbaryň arkasynyň merkezi tikininden gorizontal tolkuny aradan aýyrmaklyk üçin nusganyň taýýarlanylyşynyň modelirlemesiniň öwezini dolduryarys. Ýagny ülňiniň gapdalyna goşmaça ölçeg goşup, içki merkezi meýdandan goşan ölçegimizi aýyrýarys. Ädim kesigininiň ýokarky meýdanyny giňeldilmegi esasynda, kemçiligi aradan aýrylýar.



a) b) ç) d) e)

**95-nji surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**

*a – penjegiň arka gapdalynyň tikinlerine golaý gyýa epin; b – penjegiň öňüniň ýeň öýüniň aşagyndaky gyýa epin; ç – penjegiň arka bölegindäki ýeň uýunyň golaýyndaky kemçilik; d – ýeň oturdylanda ýokarky ölçegde döreýän tolkun; e – ýeňiň ýan bölegininiň düzedilişi*

Jalbar önümleriniň gapdal kesiginde tolkun atmaklygy aradan aýyrmaga çyzgyda görkezilişi ýaly dan alýarys. Dan almaklyk ştrihleme dany bilen belgilenýär. Biliň ölçeginiň gapdal kesigi kiçeldilip, kiçeldilen ölçeg öň we arka bölegiň merkezine goşulýar. Aýrylan we goşulan ölçeg çyzgyda ştrihiň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Penjegiň arkasynyň merkezi tikinine golaý dik dörän tolkuny aýyrmaklyk üçin, dan almaklyk bilen, ölçegi kiçeldýäris. Şeýlelikde, arka bölegiň kebze ölçegindäki ýeň oýundan içe artykmaç ölçegi aýyrýarys. Işiň ýerine ýetirilmegi esasynda täze iş geçirýäris.

Penjegiň öň bölegindäki döş ölçeginde tolkuny aýyrmaklyk üçin, eginde dan açylýar. Ýeň oýunyň aşagyny we gapdal kesigi giňeldilýär. Netijede, öň bölegiň ýeň oýunyň ölçegi giňeldilýär.

Jalbaryň öň bölegiň gulfigiň gapdalynda dik, arka gapdalynyň ädim kesiginiň ýokarsynda tolkun döränđe çyzgyda görkezilişi ýaly aradan aýrylýar.Öň bölegiň gapdal ýanbaşy giňeldilip, merkezi kesiginden bellenen ölçegi aýryp modelirleýäris. Arka böleginde öň böleginde ýerine ýetirilen hadysa tersine üýtgedilip, gapdal kesiginiň bil guşagy aýrylýar we orta kesige goşulýar. Ädim kesiginden aýrylýar. Şeýlelikde, ülňiniň durky taýýarlanylýar.




**96-njy surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**

*a – jalbaryň ädim kesigindäki gyýa epin; b – penjegiň arkasynyň ýeňiň ýerleşýän ölçegindäki burçly epin; ç – ädim kesigindäki burçly döwülýän epin; d – arka tarapynda burçly döwülýän epin; e – gapdal kesiginde burçly döwülýän epin*



a) b) ç)

**97-nji surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**

*a – penjegiň eteginiň yza gitmegi; b – penjegiň öň eteginiň üstme-üst münmegi; ç – penjegiň arkasynyň gysga bolmagy.*

Penjegiň arka bölegininiň iki gapdalynda dörän tolkun kemçiligi şol nusganyň taýýarlanýan ülňüsini alyp, ýönekeý nah matasynda önümi taýýarlap manekene geýdirýäris. Tolkun meýdany iňňeleýäris. Iňňelemek esasynda täze ülňüde özgerişmeleri girizýäris. Şeýlelikde, ülňiniň 1 dany süýşmeklik bilen 3 dan açylýar we erňege çenli inçelip aýrylýar. Arka böleginde egin dany ýeň öýünden aşakdaky ölçegde düşüp inçelip ýitýär. Tolkun aradan aýrylýar.

Penjek taýýarlananda, eger-de öň bölegiň bilden ýokarky ölçeginde tolkun emele gelse, onda biz çyzgyda görkezilişi ýaly üçünji dany alyp, erňek ýaka çenli inçelip ýitirilýär. Egin kesiginde we ýeň öýünde modelirleme işleri ýerine ýetirilýär.

Penjek önümininiň arka böleklerininiň ýeň oýunda ýykylýan tolkun emele gelmegi sebäpli, kemçiligi kebzeden dan alma kömegi esasynda aradan aýrylýar. Boýunýakada we ýeň oýunda modelirleme işini ýerine ýetirilip täze galyp taýýarlanylýar.

Penjegiň ýeňi ýerine oturdylanda, ýokarky ölçegde tolkun kemçiligi ýüze çykanda, taýýarlanan ülňiniň galybynda modelirleme işini ýerine ýetirýäris. Ýeňiň ýokarky depesini gysgaldýarys. Öň tarapdan 0,7 mm, arka tarapyndan 1,7 mm ölçeg aýrylýar.

Penjegiň ýeňiniň, ýeň oýunyň aşaky meýdanynda kemçilik ýüze çykan pursatynda, ýeňiň depe aýlawyny gysgaltmaly ýa-da uzaltmaly bolýar. Eger-de ýeň öýüne laýyk gelmeýän pursatynda, çyzgyda görkezilişi ýaly ýeňiň aýlawynyň aşaky ölçegini giňeldilýär.



a) b) ç) d)

**98-nji surat. Kemçilikleriň düzedilişi;**
*a – penjegiň arkasynyň uzyn bolmagy; b – ýeňiň towlanmagy; ç – ýeňiň öňe ýa-da yza gitmegi; d – jalbaryň arka böleginde dik epiniň emele gelmegi.*

Jalbaryň ädim kesigine ýokarlygyna tolkun dörän pursatynda, ýörite şol tolkuny iňňelemek bilen, hasaba alýarys. Iňňelenen meýdany hek bilen çyzyp ülňi galybynda gyrkyp hatardan aýyrýarys. Şol pursatda çyzgyda görkezilişi ýaly, jalbaryň ülňisiniň orta kesiginiň meýdany uzalýar we bili modalaşdyrylýar.



a) b)

**99-njy surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**
*a – jalbaryň öňüniň ýokarky ölçeginiň uly bolmagy;*
*b – jalbaryň arkasynyň ýokarky ölçeginiň uly bolmagy*

Penjegiň arka bölegininiň ýeň öýüniň aşaky meýdanynda döwük burçly epin emele gelen pursatynda, ütük esasynda girizme hadysasy ýerine ýetirilýär. Bu hadysada ütüklenýän ýörite ýassyjakda penjegiň tolkun atýan meýdanyny ýerleşdirip, öllenen hasa bilen gyzgyn ütügi üstünde saklamaklyk bilen girizmek işi ýerine ýetirilýär.

Jalbar önüminiň ädim kesigindäki tikinlerde ýokarlygyna döwük burçly epin ýüze çykanda, esasan, merkezi kesiginde düzetmek işleri ýerine ýetirilýär. Arka bölegininiň merkezi kesiginiň merkezi ölçeginde içe dan alýarys. Şeýle hem şol ölçegi aşaklygyna ulaldýarys. Modelirleme işinden soň, biz ülňiniň galybyny täzeleýäris. Şeýlelikde, önümiň arka bölegininiň ýokarky merkezi kesiginde çyzgyda görkezilişi ýaly dikligine modelirleme işi ýerine ýetirilýär.

Taýýar jalbar önüminiň arka bölegininiň ýanbaş ölçegininiň aşagyndan içe ýykylýan döwük tolkun emele gelende, arka bölegininiň gapdal kesiginde, içki ädim kesiginde, ýokarky merkezi kesiginde çyzgyda görkezilişi ýaly, ätiýaçlyk üçin giňeltme hadysasyny ýerine ýetirýäris. Şeýlelikde, ýüze çykan döwük tolkunlary ütügiň kömegi bilen, matanyň erşi boýunça çygly ýylylyk bilen işläp kemçiligi aradan aýrylýar.




**100-nji surat. Kemçilikleriň düzedilişi:**
*a) ädim kesiginiň uzyn bolmagy; b) gapdal kesiginiň uzyn bolmagy;*
*ç) eliňi galdyranda penjegiň oňaýsyz bolmagy; d) oturanyňda döreýän kynçylyk*

Taýýar jalbar önüminiň gapdal kesiginde döwük görnüşli epin emele gelende, önümiň öň bölegininiň, ýokarky ölçeginde ýanbaşda dan alynýar. Şeýlelikde, bil danynyň açylmagy esasynda goýberme emele gelýär. Çyzgy esasynda modelirlenip täze galyp ýerine ýetirilýär.

Taýýar penjegimiziň öň gapdaly arka çekilende, nusganyň nädogry taýýarlanýandygyny ýüze çykarýarsyň. Şol kemçiligi aýyrmaklyk üçin penjegiň öň böleklerinde modelirleme işini geçirýäris. Boýunýakasyndan egin kesigine çenli artykmaç ölçegi manekene geýdirip, iňňeläp, gyrkyp aradan aýyrýarys. Penjegiň öň bölegininiň ýeň öýüni giňeldýäris. Penjegiň etek kesigini uzaldýarys we dogry täze galyp taýýarlanylýar.

Taýýar penjegmiziň öň gapdaly içe ýykylanda, ýagny biri-birininiň üstüne münende, biz täzeden modelirleme işini ýerine ýetirýäris. Öň bölegiň egin kesigininiň boýunýaka ölçegi tarapyndan goşmaça ölçeg goşýarys. Şeýlelikde, boýunýakany giňeldýäris. Etek kesiginden boýunýaka goşan ölçegimizi aýyrýarys. Täze synag esasynda galyp taýýarlanylýar.

Taýýar penjegimiziň arka tarapy gysga bolanda, iki usuly boýunça düzetme işleri ýerine ýetirilýär. Arka böleginde koketka almaklyk bilen, önümiň boýuny goýbermeklik esasynda kemçilik aradan aýrylýar. Bu näsazlygy aýyrmak üçin, ýörite ýassyjaklarda çygly ýylylyk işi ýerine ýetirilýär. Şeýlelikde, egin kesigine, boýunýaka kesigi uzaldylýar. Ikinji görnüşi boýunça boýun kesigi we egin kesigi, etek kesigi uzaldylyp,ýeň oýunda modelirleme işi ýerine ýetirilýär.

Penjegiň arkasy bolmalysyndan uzyn bolup, kemçilik ýüze çykan pursatynda, kebze uzynlygynyň ölçegini kiçeltmeklik işi we boýun we egin ölçeginden aýyrmaklyk hem-de ýeň oýuny uzaltmak bilen meseläniň çözgüdi tapylýar.

Ýeň penjekde, paltoda oturdylanda has öňe ýa-da yza gitmegini takyk ýerine ýetirmeklik üçin, biz ilki bilen ýeňiň merkezini egin kesigine iňňelemeli. Ýeň oturdylan pursatynda girizme hadysasy talabalaýyk bolmaly. Ýeňde we esasy bölekleriň bellenen ölçeglerinde kertmeklik işini ýerine ýetirip, şol ölçegleri biri-birine gabatlap oturtmaly. Bu işi sagadyň dilininiň aýlanyşynyň ugry boýunça ýerine ýetirilýär.

Jalbaryň arka bölegininiň dyzdan aşakdaky ölçegde dik epin emele gelende, arka bölegiň ýanbaşyndan goşmaça dan almaly. Munuň üçin biliň ýan tarapy merkeziň ýokarky ölçegi giňeldilýär.

Jalbaryň öňüniň, merkezininiň uzyn bolmagyndan artykmaç ölçeglerde gorizontal tolkun döreýär. Bu tolkuny aýyrmaklyk üçin öň bölegiň merkezinden dan alyp ölçegi gysgaldylýar we uzaldylýar.

Jalbaryň arka bölegi uzyn bolup, ýanbaşdan etege çenli tolkun döreýär. Ony aradan aýyrmaklyk üçin, öň böleginden dan açyp uzaldylýar. Arka böleginden dan alyp artykmaç ölçegi aýrylýar. Bu hadysalar merkezi sepleşýän kesikde ýerine ýetirilýär.

Jalbaryň ädim kesiginiň uzyn bolmaklygy sebäpli, modeliň gapdala towlanmaklygyna getirýär. Bu meseläni aradan aýyrmaklyk üçin, öň bölegiň merkeziniň bil ölçeginden aýrylýar hem-de gulfigi uzaldylýar. Arka bölegiň etek kesigi içe gysgaldylýar we kemçiligi aradan aýrylýar.

Jalbaryň gapdal kesigi uzyn bolanda model içe towlanmaklyk häsiýeti ýüze çykýar. Bu kemçiligi aýyrmaklyk üçin, öň bölegiň ýanbaş tarapyndan gysgaldylýar. Arka böleginiň etek kesiginden gysgaldylýar.

Penjegiň ýeňini ýokary galdyrmaklyk kyn bolan pursatynda işi düzetmeklik üçin, arka kebzesi, öň döş ölçegi gysgaldylýar. Egin kesiklerinden öň we arka böleginden aýrylýar. Boýunýakany täzeden ölçege laýyklanylýar. Ýeňiň depe ölçegini peseltmeli. Işi düzetmeklik üçin, ýeňiň depesinden bellenen ölçegi aýrylýar.

Jalbarda oturtmaklyk we aýagyňy galdyrmaklyk kynçylyk dörände kemçilik ýüze çykaýar. Öň bölegiň merkezinden dan almaly. Ölçegi gysgaltmaly. Gapdal kesiginiň işe ýykylmagy bilen düzediş berilýär. Arka böleginiň merkezini uzaltmaly we gapdal kesigini gapdala ýykmak esasynda kemçiligi aradan aýrylýar.

## §28. MODANYŇ SELJERMESI ESASYNDA ÜÝTGEŞMELERIŇ GIRIZILIŞI

Her modaly egin-eşigi taslananda, modelýer öz usulyny ulanyp, täzeçe goşmaça girizýär. Moda täzeçe häsiýetnama berýär.

Ilkinji bilen modelýer halkyň isleg bildiräýjek modaly egin-eşiginiň keşbini döretmeli. Modelýer kesgitli işlemek üçin, model döretmäge žurnal kolleksiýalary, edebiýatlary bolmaly. Höküm edýän modaly egin-eşigiň durky esasy derejede, egin kesigi, göwüs aýlawy, bykyny, etegi we ş.m. hem-de modeliň syrdaşma ýa-da erkinligini kesgitlemeli. Nusgada erkinlik berilmeli bolsa, onda bedeniň ähli ölçeginde deň ölçegde goýbermeler göz öňünde tutulmaly. Ýa-da belli bir meýdanda göz öňünde tutulýar. Meselem: egin kesigine goýberme bermeklik işi egin kesiginde üç görnüşde ýerine ýetirilip, kadalaýyk, beýik biçimde, uly ölçeg biçimde ýerine ýetirilýär.




**101-nji surat.**
**Egniň ininiň dürlüliginiň görnüşi:**
*a – kadaly; b – inli; ç – insiz*




**102-nji surat.**
**Eginiň beýikliginiň dürlüligi:**
*a – kadaly; b – ýapgyt; ç – eginlek*




**103-nji surat.**
**Ýeň oýunyň dürli görnüşde ýerine ýetirilişi**




**104-nji surat.**
**Syrlaşan, ýarym syrlaşan, giňeldilen görnüşde ýeňler modalaşdyrylan**

Beýleki üç görnüşi kadalaýyk ölçegden, uly ölçegden, kiçi ölçegli görnüşde ýerine ýetirilýär.

103-nji suratda görkezilişi ýaly, ýeň oýunyň oturmaly meýdany hem dürli giňlikde ýerine ýetirilýär. Syrlaşan, orta, erkin, has erkin ölçeg ýa-da beýik biçim, adaty goýberilen biçim boýunça ýerine ýetirilýär.

104-nji suratda göwüs meýdany şekili iki görnüşde ýerine ýetirilýär: güberçek we syrlaşan görnüşde. Güberçek görnüşi, esasan, göwüs dany çuň görnüşde alynýar. Syrlaşan kiçi ölçegde alynýar.



**105-nji surat. Nusganyň giňeldilişi**

105-nji suratda bil ölçeginiň goýbermeleri dürli görnüşde görkezilýär. Has syrlaşan, syrlaşan, ýarym syrlaşan, erkin, örän erkin görnüşleri ştrih çyzygy boýunça görkezilýär.

106-njy suratda bil ölçegleri üýtgedilişi bedende görkezilýär. Kadalaýyk, bilden aşakda, bilden ýokardaky ölçeglerde ýerine ýetirilýär. Kadalaýyk ölçegde bili tikinli zenan köýnegi, ýubkasy taýýarlanylýar.

Bil ölçeginden aşakdaky çyzgy boýunça ýubka, jalbar, tatýana model we ş.m. nusgalar taýýarlanylýar. Bilden ýokardaky ölçegde göwreli zenanlara we gyz çagalara köýnek, palto, halat taýýarlamak maslahat berilýär.




**106-njy surat. Etegiň modelirlenilişi**

105-nji suratda bykyn ýanbaş ölçeginiň giňeldilişi görkezilýär. Bykyn meýdanynyň has syrlaşan, syrlaşan, ýarym syrlaşan, erkin, has erkin görnüşlerde modelirlenýär. Modelirleme hadysalar döwrüň talabyna görä üýtgedilip durýar. Ýokarda belleýşimiz ýaly bykyny ulaldyp nusgany bezemen görkezmeklik modelýeriň ussatlygy hasaplanylýar. Süýnýän matadan taýýarlanýan model syrlaşan görnüşde ýerine ýetirilýär. Çünki bu nusga bedendekä oturmaga we hereket etmäge amatly hasaplanylýar.

106-njy suratda modeliň etek kesiginiň giňeldilişi görkezilýär. Etegi daraldylan, göni, giňeldilen görnüşlerde görkezilýär. Dar we göni görnüşlerde epin ýa-da dilik bezegi ýerine ýetirilýär.

Nusganyň etek kesiginiň uzynlygy dyzçanakdan ýokarda, dyzçanakdan aşakda, injik ölçegde, topukda we ýere degýän ölçegde ýerine ýetirilýär.

**Ýeňler.** Ýeňiň oturdylyşy egin kesiginiň meýdanynyň ulanylyşyna bagly ýerine ýetirilýär. Bu usul hersi özboluşly modaly hasaplanylýar.

107-nji suratda:

a) egniň uly ölçegde ýeň depesi oturdylýar;

b) egin kadalaýyk ölçegde ýeňiň depesi takyk oturdylýar;

ç) eginde ýeň beýik oturdylyp, ýeňiň depesi relýef görnüşde ýerine ýetirilýär.

Ýeňiň depesiniň görnüşi nusgawy, ýazgyn, doldurylan şekil berýär. Ýeňiň depesiniň göwrümi orta, kiçi, uly, şekili berýär.

Ýeň öýüniň meýdany beýik, orta, goýberme görnüşde ýerine ýetirilýär. Ýeňiň göwrümi syrlaşan, ýarym syrlaşan, erkin şekilde ýerine ýetirilýär.

Ýeňiň uzynlygy tirsekden ýokarda üç bölege, tirsekden aşakda dört ölçeg boýunça ýerine ýetirilýär. Önümleriň siluet, egin kesikleri we bedeniň bölünişi boýunça amala aşyrylyşyna seredeliň. Ýagny tirsekden ýokarda 2-3 görnüşli, tirsekde, bilekden ýokarda, bilekde, bilekden aşakdaky uzynlykda ýerine ýetirmeli.




**107-nji surat. Ýeňiň modelirlenilişi**

## §29. NUSGADA SYNAG IŞLERINIŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

Her ölçegiň bedene laýyk takyk alnandygyna garamazdan, taýýarlanýan ülňi bedeni yzarlaýan önümi kemsiz taýýarlamaly diýen hünärmende düşünje döreýär. Tejribede taýýarlan önümde, köplenç, kemçiligi tapylýar. Çünki taýýarlanan ülňi beden ölçegini yzarlamaly bolýar.

Kemçilikleriň sebäbi birnäçe sany bolup, olaryň biri hem beden ölçeginiň takyk däl nädogry alynmagydyr. Ýa-da içki geýim taýýarlanýan bolsa, ol hem egin-eşigiň alnan ölçegine laýyk taýýarlanylsa, onda ol önüm taýýarlygy kemli bolýar. Taýýarlanýan önüm düzediş işleri geçirilende, perwaýsyz garalsa önümiň hili peselýär. Bedeniň gözegçilik edilýän nokatlary geçirilende, hünärmen has ünsli bolmaly. Önümiň kenar kesigi, bellenilen nokatlary ýarym göwräniň çep tarapyndan talabalaýyk simmetriýa esasynda gaýtalamaly.



**108-nji surat. Ýeňsedäki kemçiligiň düzedilişi**



**109-njy surat. Egin kemçilikleriniň düzedilişi**

Tejribede assimetrika görnüşli bedenler gabat gelýär: bir bedeniň egni beýleki egninden beýik, göwsüň biri-birinden uly bolmagy, bykynyň endigan bolmagy. Şonuň üçin hökman önüm taýýarlananda, düzediş işi geçirilip kemini aýyrmaly. Ýagny önümiň öň ýa-da arka tarapy tapawudy bolsa-da, her bölegiň sag tarapy, çep tarapyna merkezi kesigi boýunça eplände parallel nokatlar, gyra kesikler yzygiderli gaýtalanmaly. Önüm taýýarlanandan soňra hem çep egni, sag egni bilen, çep ýeňi, sag ýeňi bilen, çep ýeň oýugy, sag ýeň oýugy bilen, çep gyra kesigi sag gyra kesigi etek kesige çenli parallel ölçegi gaýtalamaly. Düzediş işi geçirilende, bedeniň dik

oky ýokardan etege çenli kemine düzediş işleri berilmeli. Eger-de bedeniň gurluşy assimmetriýaly bolsa, çep gapdala aýratyn, sag gapdala aýratyn synag işi geçirilmeli. Nusganyň relýef tikinleri, ýakanyň açylyşy, ýeň öýüniň açylyşy, ilik jaýy we ilik ýeri anyklanylýar. Nusganyň uzynlygy anyklanylýar. Eger-de nusganyň oturdylýan ýakasy bar bolsa, onda diňe ýakany doly oturtmak üçin aýratyn synag işi geçirilýär. Synag işinde esasy iňňejigiň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Suratda görkezilişi ýaly punktir çyzgy esasyna bellik edilýär. Arka bölekde döreýän kemçilikler.

108-nji suratda görkezilişi ýaly, nusganyň boýunýakasynyň aşagynda tolkunly kemçilik ýüze çykýar. Ýagny egni beýik adamda şol kemçilik döreýär. Şonuň üçin egindäki ätiýaçly ölçeg goýberilýär. Arka boýunýakasyndan oýulyp, iňňe bilen bellenen ölçeg aýrylýar. Şol usul esasynda kemçilik aýrylýar.

109-njy suratda nusganyň esasy öň we arka bölekleriniň sag we çep tarapynda döreýän kese epinli tolkunly kemçilik. Bu kemçilik, esasan, ýapgyt eginli bedenleriň egin-eşiginde döreýär. Bu kemçiligi aradan aýyrmak üçin egin kesiginden iňňelenen ölçegi modelirläp aýyrmaly. Ýeň oýunyň meýdanyny beýgeldip kemçiligi aradan aýyrmaly.

110-njy suratdaky kemçilik ýeň oýunyň giň biçilip, ýeňiň ölçegi laýyk gelmedik ýagdaýda döreýär. Ýagny kebzede arka bölekde döreýän epin tolkuny. Bu, esasan, ýeň oturdylanda, ýeňiň girizme ölçegine ätiýaç ölçegi goýulmanda kemçilik döreýär. Kemçiligi aradan aýyrmak üçin ýeň öýüni suratda görkezilişi ýaly egin ölçege goşmaça modalaşdyryp ölçeg goşmaly. Şeýle hem ýeň oýuny ütükde girizmeli.



**110-njy surat. Kebze kemçilikleriniň düzedilişi**




**111-nji surat. Arka böleginiň düzedilişi**

111-nji suratda görkezilişi ýaly, önümiň arkasyndaky gapdal tikinden ýokarlygyna epinli tolkunlar ýüze çykýar. Bu kemçilik, esasan, beden egni ýapgyt bolanda döreýär. Egin kesiginde iňňäniň kömegi bilen aýrylmaly ölçeg bellenilýär. Arkasynyň ýeň oýuny modelirläp giňeldilýär.

Arka bölegi bu hadysadan soňra kiçelýär. Ätiýaç ölçeg esasynda nusga uzaldylýar.

111-nji *b* suratda kebzeden aşakdaky ölçegde tolkunly kemçiligiň ýüze çykýan görnüşi görkezilýär. Taýýar önümi söküp, arka tarapyndan bellenen ölçegi modelirläp, kesip aýryp kiçeltmeli. Ýagny arka bölegini ölçegi kiçeldilýär. Görşüňiz ýaly kemçilikli arka bölegi bedende bolmalysy ýaly oturanok, tolkun atýar. Kemçilik bil dany çuň ýa-da beýik alynsa hem bu görnüşli kemçilik döreýär. Şonuň üçin bil dany gapdal kenara süýşürmeli we bedende kemini aýyrmak üçin gapdal kesiginden artykmaç ölçegi aýyrmaly. Gapdaldan aýrylmagynyň sebäbi kähalatda wertikal dik epin hem emele gelýär. Çünki bu kemçiligiň ýeň ülňüsiniň depe aýlawy beýik bolan halatynda ýüze çykýar.

Öň bölekde döreýän kemçilikler. Öň bölegiň boýunýakasy döreýän kemçilikleri aýyrmagyň ýollary görkezilýär. Ýagny öň boýunýakada iki gapdala kese epinler döreýär. Bu epinler, esasan, arka bölegiň boýunýakasy kiçi bolanda ýüze çykýar. Öň bölegi yza çekilip kese epin ýüze çykýar. Şonuň üçin arka bölegiň boýunýakasyny modelirläp oýmaly we egin kesigini ulaldyp, kemçiligi aradan aýyrmaly.

112-nji *b* suratda görkezilýän kemçilikde öň böleginiň ýeň oýuny golaý döreýän epinli tolkunlaryň ýüze çykýandygyny görýäris. Bu kemçilik ýeň oýugy ýa-da göwüs dany çuň alynmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. Kemçiligi aýyrmak üçin göwüs dany modelirleme esasynda çuňlaşdyrmaly, ýeň oýugynyň ölçegini ulaltmaly.




**112-nji surat. Kemçilikleriniň aradan aýrylyşy**



**113-nji surat. Öň bölekdäki kemçilikleriň aýrylyşy**



**114-nji surat. Kemçilikleriň aýrylyşy**



a) b)

**115-nji surat. Kemçilikleriň boýunýakany täzeden oýup modelirlenilişi**

113-nji suratda göwüs meýdanynyň merkezinde döreýän tolkunly kemçiligi görýäris. Şol meýdanda boşluk emele gelýär. Şonuň üçin göwüs dany kiçi almaly we egin kesiginden artykmaç ölçegini aýyrmaly.

114-nji suratda gapdal kesiginden göwse ýokarlygyna döreýän kemçiligi aýyrmagyň ýollary görkezilýär. Bu kemçilikde öň böleginiň egin we ýeň oýunyň ölçegini beýgeltmeli. Taýýar önüm bolsa, onda ony söküp ätiýaç ölçegi doly ulanmaly. Etek kesiginden artykmaç ölçegi kesip aýyrmaly.

115-nji *a* suratda görkezilişi ýaly, öňünden iliklenýän koftanyň sag we çep gapdaly üsti-üstüne münýän bolsa, ol düýpli kemçilik hasaplanylýar. Bu, esasan, egni

göni zenanlarda ýüze çykýar. Bu kemi düzetmek üçin egniň boýunýaka tarapyndan artykmaç ölçegi aýyrýarys we düzedilişi.

115-nji *b* suratda öňi açyk kofta iki gapdala çekilýän görnüşdäki kemçiligi görýärsiňiz. Kemçiligi aradan aýyrmak üçin egin kesigini we boýunýakasynyň ölçegini beýgeltmeli.




**116-njy surat. Kemçilikleriň düzedilişi**

116-njy *a* suratda ýeňde döreýän kemçilikleriň aradan aýrylyşy suratlandyrylýar.

Taýýar oturdylan ýeňiň depesinden iki gapdala epin emele gelýär. Bu gödek kem-çiligi aradan aýyrmak üçin ýeňiň ülňi böleginiň öň we arka aýlawyny beýgeltmeli. Çünki bu kemçiligiň ýeň ülňüsiniň depe aýlawy beýik bolan halatynda ýüze çykýar.

116-njy *b* suratda taýýar önümiň ýeň depesiniň meýdanynda döreýän tolkun kemçiligi. Bu kemçilik, esasan, ýeň depesi bolmaly ölçeginden kiçi bolan ýagdaýynda ýüze çykýar. Şonuň üçin ülňiniň depe aýlawynyň ölçegini suratda görkezilişi ýaly ulaltmaly.

116-njy *ç* suratda oturdylan ýeňiň depesiniň arka gapdalyndan aşaklygyna gidýän epinli tolkunly kemçilik. Bu kemçiligi aýyrmak üçin artykmaç tolkuny iňňelemeli we şol artykmaç ölçegi aradan aýyrmaly.

116-njy *d* surat ýeňiň depesiniň öň gapdalynda epinli kemçilik ýüze çykanda, depe ölçegden artykmaç ölçegi iňňäniň kömegi bilen aradan aýyrmaly. Ýa-da artykmaç tolkuny gapdala iňňeläp kemçiligi aradan aýyrmaly.

Esasan, dogry ýeň oturtmak üçin:
I – 12%
II – 2 + %
III – 30%
IV – 22%
V – girizme berilmeýär
VI – 8,5% girizilýär.




**117-nji surat**
**Ýeňi oturtmagyň usuly**

## §30. JALBARLARYŇ MODELIRLENILIŞI

Jalbar jemgyýetde adamlara geýim hökmünde hyzmat edýän tikin önümleriniň biridir. Munuň özi gadymy milli geýimleriniň modelirlenmegi esasynda, ussat hünärmenleriň döreden salyhatly nusgalarynyň biridir. Milli geýimleriň guşaklyk meýdany üçugurly ýerine ýetirilen bolsa, soňra ony modelýerler, kemer ornaşar ýaly guşak zolagy syrlaşan görnüşinde, bil ölçegine laýyk edip, täzelik girizýärler. Syrlaşan guşak bedene geýip çykarmaga amatly bolar ýaly öň bölekde gulfik ýa-da gapdalda ilikli hyzmat ediş diligi ýerine ýetirilýär. Gapdalda ornaşdyrylan dilik plankaly we plankasyz ýerine ýetirilipdir. Şol dilik ykjam görünmez ýaly gizlin ilik plankanyň aşagyndan ýerine ýetirilýär. Soňra modelýeriň kämilleşmegi esasynda gapdal diligi jalbaryň öň böleginiň merkezine geçirilip, gulfik işi ýerine ýetirilýär. Gulfigi 1980-nji ýyllara çenli gizlin iliklemeklik görnüşinde ýerine ýetirilýär. Hünärmenleriň kämilleşmegi esasynda gulfik gizlin görnüşinde syrma bilen işlenip bejerilmek ýola goýulýar. Guşaklar kemer saklar ýaly köprüler bilen modalaşdyrylýar.

Jalbar oglanjyklara, gyz çagalara, erkek oglan, gyzlara, ýetginjeklere, oglanlara, aýal we erkek adamlara niýetlenilip taýýarlanylýar. Jalbar taýýarlamak üçin tomus möwsümine, nah, ýarym ýüpek, gyş möwsümi üçin nah, ýarym nah, ýüň, ýarym ýüň, matalar saýlanylyp alynýar.

Matalaryň reňki jalbar taýýarlamaklyk üçin, esasan, gara, dok gara, dok gök, dok goňur, gara ýakyn ýaşyl, çal, solak gök reňkler erkek oglanlara we erkek adamlara saýlanylyp alynýar. Baýramçylyk çärelerine hem-de sungat işgärlerine ak, süýt, ak gara garyşyk çyzykly, ýa-da kletka geometriýa şekilli görnüşli matalar saýlanylyp alynýar. Gyz zenanlara dürli reňkli matalar sazlaşykly ulanylýar.



**118-nji surat. Penjegiň we jalbaryň modelirlenilişi**

Jalbarlar, esasan, dokma matasynda taýýarlanylýar. Jalbarlary taýýarlamak üçin matanyň reňki ýa-da taýýarlanýan nusga bilen baglanyşýan sapak, syrma, etek kesigine tesma şeýle hem öň bölege ýüpek işlik mata saýlanylýar. Bezemen taýýarlanýan jins jalbarlara furnitura, knopkalar, etiket ulanylýar.

Jalbar taýýarlanýan matalar galyň we orta galyňlykda bolmaly. Ýuka ýüpek, şifon matalardan jalbar taýýarlamak maslahat berilmeýär. Çünki olar durkuny saklamaýar hem-de geýmäge oňaýsyz hasaplanylýar.



**119-njy surat. Jalbaryň modelirlenilişi**

Bermudy üçin hem-de öýde geýilýän balaklara, sport bermudy örme, nah matalar ulanylýar. Ýagny bu önümde uçgurly ýa-da reziniň kömegi bilen guşak işlenilip bejerilýär. Bu matanyň süýnýän häsiýeti bolansoň, sport hem-de öý bermudylary taýýarlamaga amatly hasaplanylýar.

Gapdal ilikli jalbarlar häzirki döwürde ýörite iş jalbarlarynyň nusgalary taýýarlanylýar. Ýagny ýörite niýetlenen balak kombinzon taýýarlanylýar. Jins matasyndan taýýarlanylýan kombinzon modelinde hem iki gapdaly açyk görnüşde iliklenýän jalbarlaryň nusgalary taýýarlanýar.

Nusgalar modelýer tarapynda döredilende jynsyna hem-de ýaş müçesine gabatlap ýerine ýetirilýär.

Erkek adamlara nusgawy, sport stilinde, dabaralara niýetlenen jalbarlar taýýarlanylýar.

Nusgawy stildäki nusgalar oglan çagalara, ýetginjek oglanlara, erkek adamlara niýetlenilip taýýarlanylýar. Bu nusgalar hasaplanyp günde işe, okuwa geýmäge niýetlenilendir. Nusgawy stilden banan, sigaret, trubka görnüşli modaly nusgalar modalaşdyrylýar. Banan görnüşli nusgalary etegi dar bolup, jalbaryň bilinde 2-3 sany çuň görnüşli dan alynýar. Bu danlar öň bölekde hem-de arka bölekde ýerine ýetirilýär. Sigaret görnüşli nusga göni görnüşde ol ýarym syrlaşan görnüşde ýerine ýetirilýär. Syrlaşan jalbarlara trubka görnüşli nusga bolup, ol laýkraly ýarym nah, jins matasyndan taýýarlanylýar.

Sport stilindäki jalbarlar jins we plaşlyk, sütükli, ýüň, matalaryndan taýýarlanylýar. Bu nusgalaryň biçüwi nusgawy nusgadan alynýar, ýöne gödek görnüşli jübüler, furnituralar, koketkalar, manžet ýerine ýetirilýär. Nusganyň guşagy bilde, bykynda modelirleme işleri ýerine ýetirilýär.

Romantika stilindäki nusgalar, esasan, etegini giňeltmek bilen klýoş nusgasy ýerine ýetirilýär. Bil guşaklygy beýik ölçeglerde ýerine ýetirilýär.

Bu nusgalar, esasan, gyz çagalara hem-de zenanlara niýetlenilip taýýarlamaklygy modelýerler maslahat berýär. Ýubka görnüşli jalbar, epinli görnüşli jalbar, romantika stiline degişli hasaplanylýar. Epinli we ýubka görnüşli ýubkalar, esasan, daş-töweregindäki adamlaryň ünsüni özüne çekýär. Olar has modaly jalbar nusgasy hasaplanylýar. Epinler, çyzgylar görkezilişi ýaly epinler işe eplenip ýa-da biri-birine seredýän epinler görnüşinde ýerine ýetirilýär. Romantika stilindäki jalbarlar awçylaryň jalbarlaryna degişli. Bu nusgada deriden taýýarlanan seçekli bezegler bilen bezelýär. Jalbarlarda dyzçanakdan aşagy etege çenli giňeldilýär.

Oglan gyz çagalaryň jalbarlarynda bezeg işlerine hünärmenler tarapyndan uly üns berilýär. Bilesigeliji soragçy çagalaryň ruhuny götermeklik üçin model-

ýer nusga taýýarlamaklyga uly üns berýär. Çünki çaganyň terbiýesine, aňynyň ösüşine, duýgusyna nusgany şadyýan görnüşde taýýarlamagy hökmany hasaplap, hünärmen nusgany işleýär. Nusgada haýwanlaryň nagyşlanan şekili, multifilmleriň gahrymanlarynyň atlarynyň ýazgysy, şekili, seçek, zynjyr, syrma ornaşdyrylýar. Tikin bezegleriniň nusgada taýýarlamaklyk üçin eskizi taýýarlanylýar. Eskiz esasynda mata saýlanylyp, synag bölüminde nusga tikilip taýýarlanylýar. Gyz we oglan çagalara kombinzon we jalbarlar, köplenç, ortatap galyňlykdaky jins matasyndan taýýarlanylýar. Banan biçüwdäki nusgalar çagalara niýetlenilip taýýarlanylýar. Çünki çagalar hemişe hereketde bolmagy sebäpli, bu nusga olara amatly hasaplanylýar. Banan nusganyň etegi manžetli görnüşde bolýar. Ýa-da etegi giň bolup, ýüp dakylyp daraldylýar. Ýüp bezeg hem-de ykjam wezipäni ýerine ýetirýär.

Çagalaryň jalbarlaryny taýýarlamak üçin esasy saýlanan matadan tapawutlanar ýaly, dyz ölçegde, etek kesikde, jübülerde, jübüleriň agzynda başga-da reňkli matalar gurnama işleri bilen amala aşyrylýar. Ol esasy matanyň reňkinden tapawudy gapma-garşy bolup, ajaýyp kontrasty ýüze çykýar. Ýa-da reňkli tesmalar gapdal kesikde, jübüde, bil guşagynda, etek kesiginde ýerine ýetirilýär. Jalbarlaryň nusgasyna gabat getirme esasynda penjek, kurtka, ýeňsiz tikin önümleriniň eskizleri taýýarlanylýar. Plaşlyk matadan taýýarlanan nusgalar tomus möwsümi üçin işliksiz taýýarlanylýar. Gyş möwsümine işlikli, ýyladyjy, aragat mata bilen taýýarlanylýar. Jalbarlarda bezeg işleri, esasan, çaga niýetlenilen geýimlerde ýerine ýetirilýär. Jins jalbarlarynda bezeg işleri agartmak, gumlama, ýyrtmak, etiket dakmaklyk, knopkalary berkitmek, zynjyr, syrma dakmak we beýleki ýeňil demir bezeg bölekleri ornaşdyrylýar. Şeýle hem jins önüminde bezeg tikinleri ýerine ýetirilýär. Ol bezeg tikinleri iki-üç tikin görnüşinde amala aşyrylýar. Bezeg tikinleri yzygiderligiň hadysalary esasynda alnyp barylýar. Jins önümi tikilme hadysadan soňra gaýnadyl-ýar, agartmak üçin gumlama, naždak işleri ýerine ýetirilýär. Yzygiderlik boýunça demir knopkalary, etiket, ilik dakmaklyk işleri soňky hadysalarda ýerine ýetirilýär. Bermudy jalbarlary syrlaşan, ýarym syrlaşan siluetde ýerine ýetirilip, onuň gapdaly kesik, manžetli, klýoş görnüşde ýerine ýetirilýär. Bermudynyň uzynlygy dyzçanaga çenli ýa-da dyzçanakdan aşakdaky uzynlykda ýerine ýetirilýär. Örme nah ýarym, nah matalardan bermudy balaklary syrlaşan, ýarym syrlaşan siluet görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Örme matasy süýnmäge amatly hasaplanylýar. Bermud balagy gyz çagalara, gyzlara, zenanlara niýetlenilip taýýarlanylýar. Bermudy reňkli matalardan gurnama görnüşlerinde hem taýýarlanylýar. Bezemen şekilinde taýýarlanylmagynyň bir görnüşidir. Onuň eteginiň

gapdal kesigi dilik, gapdal kesigi ýüp bilen büzülen, etegi büzülen görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Bermudy balagyň bezeginde applikasiýalary, nagyşlary, jübü-leri ornaşdyrmak işleri ýerine ýetirilýär. Bu bezeg işlerini ýerine ýetirmek üçin öňürti bezeg meýdany belgilenilýär. Örme matalardan erkek adamlara oglanlara gurnalan şorty ýa-da sport şortularyň nusgalary taýýarlanylýar. Bu önümler dynç alyşda sport çärelerinde geýinmäge amatlydyr.



**120-nji surat. Modaly jalbarlaryň görnüşleri**

# §31. ŞAZADA MODELI

Aýal maşgalanyň taýýarlanýan köýnekleri bitewi biçilýär. Ýarym syrlaşan, syrlaşan modalary döredilýär. Şonuň ýaly hem biline kese tikin çyzygy düşürilen model taýýarlanylýar. Aýal maşgalanyň köýneginiň bitewi modelinden, bilinden aşagy aýratyn, bilinden ýokarsy aýratyn ýa-da göwsüň aşagyna çenli syrlaşan, göwsünden aşagy giňäp giden model taýýarlanylýar. Bu model "Şazada" nusga degişli. "Şazada" biçwi çylşyrymly model bolup, onuň bedene hyzmat edende döredýän kynçylygy göz öňüne gelýär. Şonuň üçin bu nusga diňe durmuşa çykýan gyz üçin ýa-da dabaralara niýetlenilip taýýarlanylýar. Ýagny bu köýnegiň geýmek, çykarmak meselesi ýüze çykýar. Bu işi ýeňilleşdirmek üçin köýnekde syrmany, iligi, berkidiji knopkalary, karset daňysy ornaşdyrýarlar. Syrma, ilik, berkidiji knopka adama geýmäge, çykarmaga hyzmat etmekden daşary köýnege bezeg hökmünde hem goldaw berýär. Bezemen syrmaly taýýarlanýan köýnegiň arkadan merkezi dikligine beden ölçegini bykyna çenli oturdylýar. Syrmanyň ölçegi 30-40 sm bolmagy maslahat berilýär. Köýnegiň arka böleginiň merkezine goýulýan syrmanyň ölçegi 50-55 sm 60 sm bolup, ol gizlin görnüşde ornaşdyrylýar. "Şazada" modelindäki köýnege adatdan daşary kän mata harçlanylýar. Şazadalaryň ýaşan döwründe beýle biçüwdäki köýnegi edinmäge, diňe şolarda mümkinçilik bolupdyr. Görünmeýän görnüşde syrma aýal köýneginiň gapdal bil bölegine, goltuk aýlawyndan 2 sm aşakda 25 sm çenli uzynlykda oturdylýar. Syrma oturdylanda nepis, zyba, görünmeýän görnüşde oturdylýar ýa-da arkada, gapdalda halkalar döredilip, ýüp geçirilip, korset modeli ulanylýar. "Şazada" modeliniň bykyndan tikin geçýän aýlawyna 90°, göwüs dan aýlawyna 12° ulanylýar. Bu nusga dan kän alynýar.



**121-nji surat "Şazada" modeli**

"Şazada" modeli, esasan hem, bitewi aýal köýnegi bolman, onuň bili tikinli, göwsüniň aşagy tikinli, etegi giňeldilen balyk görnüşi bermek üçin modelirlenýär.



**122-nji surat. Mulýar usulda manekende nusgany modalaşdyrmagyň usuly**

“Şazada” nusganyň görnüşleri, birnäçe bezelýän bölekleriň birikmegi esasynda döreýär. Meselem, gözenek görnüşli gipýur matadan aýal köýnegi taýýarlanýan bolsa, onda onuň göwüsden ýokarky bölegi ak reňkden mata saýlanylýar. Munuň sebäbi saýlanan gözenek şekilli matanyň esasy reňki ak bolup, onuň gözenek çyzy-

gy garadyr. Göwüsden aşagy gözenekli matadan taýýarlanylýar. Soňra bilinden hem tikin geçýär. Ol ýarym syrlaşan bolup, biliniň daňysy bar. Bili kese tikinli nysak bolup, ol köýnegi; etegi giňeýär we bilinden aşagy jaňyň şekilini berýär.

"Şazada" nusgany bilinden aşagynyň biçüwi güneş görnüşleri, köplenç, durmuşa çykýan gyzlara niýetlenilip taýýarlanylýar. Bu lybaslar dürli görnüşde taýýarlanylýar. Bu nysaga sap ýüpek, gabardin, şifon, gipýur, gaz we ş.m. matalar ulanylýar. Şu nysagy drob şekilde taýýarlanylýan önüm diýip atlandyrylýar. Toý lybasyna tolkundan, bägülden bezegler ornaşdyrylýar. Jaň görnüşli nysagyň arka etek bölegi 35-40 sm ýerden süýrenýän görnüşi döretmek üçin uzaldylyp modelirlenýär. Tolkun bezegler gyýalaýyn, dikleýin, keseleýin ornaşdyrylýar. Ýeňil matadan gatlaklaýyn köýnek taýýarlananda, onuň daşky ýuka matasyny deň ölçegde galdyryp, bägül oturdylýar. Nusganyň ýokarky bölegini taýýarlamaga dan böleklerini göz öňünde tutup, ýelimli kömekçi mata ulanylýar. Tikinleri sepleşdirilende plastik kost ulanylmaly. Çünki korset, dekolte modaly taýýarlanan nusga beden saklaýan keşbi özi saklamaly. Köýnegiň ýubka bölegine goşmaça gaz görnüşli mata ulanylýar. Modeliň bezeg işlerinde hünji, ak gaş, nagyş gül, buf, fafli ýerine ýetirilýär. Köýnegiň içinde 3 gat kiçiden ulalyp gidýän ýüzükli ýubka geýilýär. Bu ýubka köýnegiň bilinden etegine çenli ýaýraň görkezýär. Bu nusgalar gyz çagalara baýramçylyk üçin niýetlenendir.

# IV BÖLÜM

# EGIN-EŞIKLERIŇ KOMPOZISION WE ESTETIKA TAÝDAN SAZLAŞYKLY ÝERINE ÝETIRILIŞI

## §32. NUSGADA DÖREDIJILIK ÇEŞMÄNIŇ ORNAŞDYRYLYŞY

Egin-eşigiň görnüşiniň tapylyşynyň gözel we kaşaň tarapyny döretmek modelýer üçin işinde esasy maksat bolup durýar. Egin-eşikde, esasan hem, onuň gözelligini döretmek üçin taýýarlanýan önümiň bezeg tikini we birigýän çyzyklarynyň ýerini bellemek hem-de ony ýokary hilde ýerine ýetirmek bilen baglydyr. Modelýer hünärmeniň döredýän önüminiň möhleti gysga bolýar. Şonuň üçin modelýerler nusganyň gözleginde bolmaly. Olara pikirlenip işini başarmak, modeli döretmek höwesi bolmagy hökmanydyr. Durmuşda nusgawy eşiklerden, sport eşin-eşigi uzak wagtlaýyn hereketde bolup, onuň biçilişi göni çyzyklydyr. Göni çyzykly taýýarlanylýan egin-eşikleriň düzümine plaşlar, paltolar, kurtkalar, sport eşikleri hasaba alynýar.

Göni çyzykly tikilýän egin-eşikler dürli-dürli görnüşde taýýarlanylýar. Meselem, örme matalardan sport eşiklerini öndürilýän önümden taýýarlanylýan dürli reňklerinden gurnalan görnüşde, syrmaly ýeňi göni, ýerganat, fonar görnüşlerde onuň durky düzülýär. Sport egin-eşikleri köphalatda bykyna çenli bolup, bili rezinli ýa-da goşmaça ýüp bilen (şnur) çekilýär. Çünki bu nusgada adam beden hereketiniň asuda sport hereketini etmäge mümkinçilik döreýändigini bellemeli. Şonuň ýaly hem saýlanylýan mata sporta gabat geler ýaly ýeňil we süýnüjiligi gowy hasaplanylýar. Modelýer nusgany tapanda, ilki bilen, önüm öndürjek matasyny saýlap başarmaly. Matanyň häsiýetini we durkuny, durumlylygyny öwrenmeli. Hünärmen matanyň dürlitaraplaýyn öwrenenden soň, şol matadan haýsy görnüşdäki önümi alyp boljakdygyna gözi ýetensoň bähbitli tarapyny doly öwrenýär.

Milli lybaslaryň öňden gelýän çeşmesi şu döwre çenli saklanyp gelipdir. Ol lybaslar göni çyzykly tikinli lybaslara degişlidir. Milli lybaslar şu döwre çenli çenli käbir milletlerde saklanyp galdy we şu döwürde hem geýmekligi dowam edýär. Olar göni çyzykly tikin öwüşgini berýän lybaslara girýär. Şol lybaslardan täze nusgalar alynýar ýa-da onuň görnüşi üýtgedilýär.

Milli lybaslar ýaşaýyşda ilkinji döredijilik çeşmesi bolup, taýýarlanýan modeliň deňölçegli böleklerinde bezeg işleri geçirilipdir. Nusgada dürli-dürli

nagyşlar, monjuklar bilen bezelip, ýuwaş-ýuwaş şu güne çenli durkuny modelýerler üýtgedýärler. Nusgalar göni biçüwde, esasanam, agşam ýatanyňda geýilýän eşigi (noçnuşka), öýde geýilýän köýnekler taýýarlanylýar. Göni çyzykly tikinli köýnekler yssy howaly döwletlerde geýmäge amatlydyr. Mata şekiliniň ýazgysy tebigat bilen baglanyşdyrman bolmaz. Suratkeşler matanyň gülli nusgasyny taýýarlanda hem tebigatdaky gözelliklere salgylanýarlar. Matalaryň dürli görnüşleri, nokatly gülli matalar agşamyň ýyldyzlaryndan, dik çyzyk, kese, aýlowly çyzyklar agaçdaky we ösümlikdäki şekiller bilen baglanyşykly. Geometriýa şekilinde şekil tebigatdan alynýar, basylan matalar şonuň ýaly hem egin-eşigiň käbir görnüşleri hem tebigatdan alynýar. Meselem, aýal köýneginiň bilinden aşagy güneş görnüşli bölegi (ýubka). Ol biçilende güne meňzeýär, emma tikilenden soň jaňjagaza meňzeýär.



a) b) ç)

**123-nji surat. Sudurdan modeliň döredilişi**

Gade görnüşli lybas balyk jandaryndan alnandygy hemmämize mälim. Ol syrlaşan bolup, etegi giňeldilip modelirlenýär. Baş örtgüçlerden çalma oramagy sarymsakdan alnan. Bu baş geými molla muftiler geýýärler. Şeýle hem öýme ýaglygyny gelinler sorap daňýarlar. Jemgyýetdäki ýaşaýyş tebigat bilen baglanyşýandygyny her bir edilýän işde görmek bolýar.

Jemgyýetiň ösmegi bilen modeliň görnüşleri döreýär. Hünärmen inçeden uzyn boýly zenana dyzyna ýetýän uzynlykda gaty matadan trapesiýa görnüşli sarafan taýýarlasa, şol zenanyň saçynyň bezegi hem gysga bolsa, aýagynda ökjeli köwüş bolsa, onda ol modaly geýen zenan düýeguşuň keşbine meňzeýär.

Binägär gurluşygy hem döredijilik çeşmesi hasaplanýar.Binägärçiler hem modelýerler ýaly döredijiler ýaly gözlegdedirler.Binägärçiler eşigiň durkundan alyp, jaýlar, ýadygärlikler gurupdyrlar. Egin-eşigiň modeli bilen jaý gurluşygynyň baglanyşygy kändir. Meselem, jaý gurluşygyndaky suwag işi we bezeg işi gurulýan jaýa lybas geýdirilen ýalydyr. Suwagdan soň bezeg işleri edilýär.

Egin-eşigiň nusgasy taýýarlananda, bezeg sepleşdirme, timarlama işleri edil gurluşyndaky ýaly yzygiderli alnyp barylýar. Gupbaly jaýlar, gyzlaryň baş örtgüjüne meňzeşdir. Arka görnüşli gurluşyk, adam göwresini aňladýar. Ýagny arka şekilli egin-eşigiň biçüwinde reglan modelirleme ýerine ýetirilýär.

## §33. NUSGA GOŞMAÇA BEZEG BERÝÄN WE HYZMAT EDÝÄN AKSESSUARLAR

***Baş örtgüji we saçyň bezegi.*** Adam başynyň bezegi bedendäki egin-eşigiň düzümine sazlaşýan bolmaly. Adamyň saçynyň bezegi, adamyň geýnişi we onuň hünärine stiline (biçüwine) laýyk bolmaly. Adam möwsümleýin ýa-da öz islegi boýunça dellekhanada saçynyň bezegini üýtgedýär.

Egin-eşik nusgawy stilde (biçüwde) bolan ýagdaýynda zenan maşgala saç bezegini ýeňsesinde, köke görnüşinde saçyny bezeýär. Nusgawy saç bezegine salyhatly bejeriş nusgasy ýerine ýetirilýär. Salyhatly bezeglere saçy ýeňsede kebelek bagy we beýleki baglar bilen bogmak ýa-da örmän iki eplemek, örmek, örüp eplemek, örüp toplamak, örmän toplamak, örmän balykgulak şekilini taýýarlamak, ownuk örüp toplamak, bugdaý örmek we ş.m. bezeg saçlary ýerine ýetirilýär. Saç bezegi zenanyň ýa-da erkek adamyň boýunyň uzynlygy ýa-da ýüzüniň keşbi boýunça ýerine ýetirilýär. Zenanlara gysga boýlusy saç bezegi depesinde, uzyn boýly saç bezegi ýeňsede ýerine ýetirýär. Bu bezeg işleri adamyň boýunyň görnüşine uly täsir edýär.



**124-nji surat. Konstruktiw çyzyklar**

Sport stilinde geýinýän zenan maşgalalara gysga saç bezegini ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Zenan maşgala daýaw bedenli bolsa nemes saç bezegi ýerine ýetirilýär. Has gysgaldylyp inçe iki gulagyň gapdalyndan ýuka zülp goýberilen, maňlaý saçy ýuka gaşa çenli we ýeňsäniň saçynyň etegi ýuka goýberilen görnüşde ýerine ýetirilýär. Beýleki meýdanyň saçlarynyň beýikligi 2 sm çenli kiçeldilýär.

Kare, kaskat, tekjeli gyrkylan, malwinka uzyndan zülp saçy ýeňsede berkitmek saç bezegleri, örmek bilen bezemek Italiýanyň bezegini mysal getirip bolýar. Saçyň bezegi jüpüne düşse, daşyny gurşaýan adamlaryň ünsüni doly özüne çekýär. Maňlaýyň gyrkylan bezegini dürli görnüşde ýerine ýetirýärler. Ýuka ýa-da galyň görnüşde zenanlar maňlaý saçy gapdala ýa-da göni görnüşinde bezeýärler. Göni saçly maňlaý saçlar taryny yzyna darap tozgaladýarlar. 1990-njy ýyllarda ýewropa zenanlary erkek adamlaryň saç bezeglerini ýerine ýetirmegi modaly hasapladylar. Italiýanyň saç bezegini ýewropaly ýaş, orta ýaşly zenanlar we ýaş erkek adamlary ýerine ýetirýärler. Saç bezeglerini himiýa usulynda hem buýralamak ýerine ýetirilýär. 1980-1990-njy ýyllarda ýewropaly zenanlar we erkek adamlar saçlaryny himiýanyň üsti bilen buýra etmekligi modaly hasapladylar. Buýra bezegi, esasan, saçly adamlara saçyny selçeň etmek maslahat berilýär. 2000-nji ýylyň ilkinji ýyllarynda uzyn saçly türkmen gyzlarynyň arasynda jemgyýetçilik guramalaryň arasynda bäsleşikler geçirildi.

Saçy reňklemek hadysalaryň özi adamyň ýüzüniň keşbini özgertmekde uly rol oýnaýar. Ülje, nar, hoz, gara, sary, gyzyl, agaç, karamel, çäge, gyzylsow çäge, kül, blondin, kümüş, medny we başga-da birnäçe görnüşe saç reňklenilýär. Orta ýaşdan geçen adamlar saçlaryny reňklände olar öz ýaşyndan ep-esli ýaş görünýär. Saçy reňklän adamyň göwni ruhlanýar. Onuň ruhy dünýäsine uly täsir edýär. Bugdaý ýüzli adamlara asuda saçlaryny ýagty reňklere reňklemek maslahat berilýär. Çünki ýagty

reňkli saç bezegi hem-de ýagty reňkdäki egin-eşik olaryň keşbini näzik görkezýär. Bu reňkler egin-eşikde, saçda ýerine ýetirilse, ýüze ak reňk pudra bilen timarlamak mahsus däldir. Maňlaý saçyň açyş bezegleri dürli görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Dik merkezden wertikal açyp iki gapdala ýykmak, dik gapdaldan wertikal açyp bir gapdala ýykmak, zigzag görnüşde açmak, kese açmak, maňlaý saçy yza ýykmak ýaly bezeg işleri ýerine ýetirilýär. Gysga bezegli saçalar göni, gapdaldan, gün görnüşde maňlaý saçyň bezegi ýaly bezegler ýerine ýetirilýär. Gysga kare bezegi dürli görnüşde timarlanylýar. Maňlaý saçdan 6 sm ýokarsyny yza gaňrylyp maňlaý saçy dürli görnüşde bezelýär. Yza ýykylan saça çişirilip uklatka bezegleri berilýär. Durmuş toýlaryna taýýarlanýan ýaş çatynjalaryň saç bezeglerine dellekçiler tarapyndan uly üns berilýär. Gelniň saçynda zülp bezegleri saçy gatatma usulda buýraly ýerine ýetirilýär. Saça gaş, gül bezegi oturdylýar, kümüş ýa-da altynsow gatadyjy sepilýär.

Baş örtgüçleriň, şlýapalaryň dürli görnüşleri bolup, ol adamyň boýnunyň uzynlygyna, gysgalygyna ýa-da salyhatlylygyna sypat berip bilýär. Baş örtgüçler, esasan, hem döwrüň modasy bilen baglanyşyp adamlar tarapyndan saýlanylýar. Meselem, 5-nji ýyllarda adamlar öz geýimleriniň şekilini konus görnüşini saýlapdyrlar. Ýa-da trapesiýa görnüşli hem baş örtgüjini geýipdirler. Modaly baş örtgüçleriň biri gämi şekilindäki pilotka saýlanylypdyr. Zenan maşgalanyň ykjam işewür geýinýän geýmine syrlaşan penjege, ýubka, baş örtgüjine bolsa panama görnüşi teklip edilipdir. Bu baş örtgüji dikligine ýa-da kelläňde gyýarak gyşardyp geýmek maslahat berilýär. Aýal maşgalanyň geýminiň bezeg sazlaşygyny şu aşakdaky ýazgylarda göz öňüne getireliň. Syrlaşan iňlis modelindäki aýal penjegi, syrlaşan ýubka, gapdalynda epin bezegi berlen. Boýnuna ak monjuk, baş örtgüji panama şekilindäki şlýapa, elinde saýawan, aýagynda ökjeli köwşi. Baş örtgüjiň etegi saýawanly görnüşinde bolup, bezegiň dürli görnüşlerine geýmek maslahat berilýär. Bütewi baş örtgüji kurtka bilen tikilen görnüşleri ýerine ýetirilýär. Şonuň ýaly hem başgap örülen görnüşleri hem taýýarlanylýar.

Milli baş örtgüçlerine: tahýa, selle, börük, annak, gyňaç, agyrgyňaç, pota (gaty ýüň seçekli gyňaç) ýaglyk, leçek (esasan, Lebap welaýatynda ulanylýar), kürte, gupba, çäşew, telpek, şepge (şapka), şyrdak we ş.m. görnüşleri degişli. Olar Türkmenistanyň welaýatlarynda öz atlandyrmalary boýunça hyzmat edýär. Börük we annak aýal maşgalalaryň baş bezegi hyzmat edýän önümi bolup, ony zenanlaryň özleri taýýarlapdyrlar. Börükleriň öýde, toýda, baýramçylyklarda geýilýän görnüşleri bolup, beýikligi boýunça aratapawudy bolupdyr. Olaryň iň beýigi 40 sm golaý bolup, toýlarda geýmäge niýetlenilipdir. 15-20 sm gysga börükler zenanlara öýde geýmäge hyzmat edipdir. Egin-eşigiň öwezini goşmaça aksessuarlar bilen doldurmaly.

Aýakgap – bu önüm ilkinji we hökmany bedende hyzmat edýän önüm hasaplanylýar. Aýakgaplaryň görnüşleri pasyllar boýunça taýýarlanylýar. Gyş aýakgaby, bahar aýakgaby, tomus aýakgaby we güýz aýakgaplaryna bölünýär. Şonuň ýaly hem baýramçylyklara, günde adamlara hyzmat edýän aýakgaplara, öýde geýilýän aýakgaplara bölünýär.

Aýakgaplaryň nusgawy, gämi, şypbyk, ujy açyk, yzky ökjäniň açyk we ýapyk görnüşi, ýarym ädik, ädik, dürli görnüşleriň ökjeli önümler adamlara hyzmat edýär. Ökjeli köwüşlerden: tutuş ökjeli, gysga ökjeli, orta ökjeli, uzyn ökjeli aýal aýakgaplary bardyr.

Beýik ökjeli köwüş aýal maşgalanyň tutuş göwresini salykatly saklamagyna we owadan hereket etmegine kömek edýär. Aýakgap taýýarlanmaga teletin ýa-da deri, emeli deriler, ýalpyldawuk emeli deri matalardan aýakgaplar taýýarlanylýar. Aýakgap erkek adama goňur, gara, kül süýt reňkleri görnüşlerde taýýarlanylýar. Gyz-gelinlere dürli görnüşli reňkli materialdan taýýarlanylýar.

Taýýarlanylýan aýakgaba demir bezegi, başga bezegler ornaşdyrylýar. Gyş ädikleri ýylylyk saklar ýaly emeli sütükli deriden taýýarlanylýar. Hakyky deriden taýýarlanylýar ädigiň içine emeli sütük ornaşdyrylýar. Tomus aýakgabyň taýýarlanýan matasy ýeňil deriden ýa-da emeli deriden taýýarlanylýar. Bu aýakgaplar taýýarlanylanda adam üçin ähli şertler hünärmenler tarapyndan göz öňünde tutulýar.

Baýramçylyk aýakgaplaryň dürli görnüşleri taýýarlanylýar. Aýal maşgalanyň baýramçylyk aýakgabyna güljagzalar ýa-da beýleki näzik bezegler ornaşdyrylýar. Baýramçylyk aýakgaby parça matasyndan ýa-da atlas galyň matadan taýýarlanylýar. Bu aýakgaplar baýramçylyk lybaslary bilen geýmäge maslahat berilýär. Aýakgap, esasan, göterýän torba ýa-da köýnek, palto, jalbaryň reňkine laýyk gelmeli. Şeýle hem ýaş müçesi bilen baglanyşykly geýilýär. Öý aýakgaplary ýumşak materialdan taýýarlanylýar. Aýakgap ýeňilden hili berk bolmaly.

Jorap önümleri – gysga jorap, uzyn jorap, kolgotki, milli joraplary, ýarym jorap bolýar. Jorap önümi aýakgabyň içinden geýilýär. Ýarym jorap öýde geýilýär. Joraplaryň nusgawy, sport, milli görnüşleri bardyr. Joraplar bir reňkde, dürli reňkde, gülli görnüşde, nagyşly görnüşde taýýarlanylýar. Jorap örme önümidir.

**Sumka (torba).** Adamyň hojalyk ýaşaýşy üçin hökmany sumkalaryň görnüşlerini öz bähbidini arap, hyzmat üçin saýlanylýar. Sumkalaryň ölçegi, reňki, çeper bezegi düýpli kesgitlenilip taýýarlanylýar. Sumkalaryň bezemen, gündelik, sporta, ýola, dynç almaga hyzmat edýän görnüşleri bar.

Olar emeli ýa-da tebigy deriden berk matadan taýýarlanylýar. Sumkalaryň reňki gara, krem, ak, goňur, mämişi, gök, ýaşyl we ş.m. reňklerde taýýarlanylýar. Sumka has göze ýakymly bolar ýaly, bezemen şekilleri furnituralary ornaşdyrylýar.

Gündelik sumkalary işewür adamlar diplomat, papka, baula, portfel, sumka, sakwoýaž görnüşlerini göterýärler. Bu sumkalar işjeň adamlaryň arasynda ýoň bolup, olary has-da işewür görkezýär. Bezemen sumkalar näzik, naşyja görnüşde taýýarlanylýar. Bu sumkalar zenanlara baýramçylyk agşamlarynda hyzmat etmek üçin niýetlenendir. Olar parçadan, barhatdan, deriden gapjyk, modaly biçüwli görnüşinde taýýarlanylýar. Şonuň ýaly sumka bezegleri hem ornaşdyrylýar. Toýda baýramçylyklarda hyzmat edýän sumkalaryň içinde atyr, elýaglyjagy, şaý-sepler, dürli kremler saklamaga amatly ýerleşmegi göz öňünde tutulmaly. Bu sumkalar baýramçylyk lybasy bilen gabat gelmegi teklip edilýär.

Ýolda hyzmat edýän sumkalar uly görnüşde taýýarlanylýar. Bu sumkalar goýy reňkdäki deriden, emeli deriden, galyň matalardan taýýarlanylýar. Sumkanyň içki boşlugynda kemer daňylary ýerleşdirilýär. Şonuň ýaly hem birnäçe jübüler ýerleşdirilýär. Sumkanyň daşky görnüşinde syrma jübüleri, daňylar, hereket etmek üçin tigirleri bardyr. Deňiz ýakasynda dynç almaga niýetlenen sumkalar ýagty reňkli matalardan taýýarlanylýar. Bu reňkde taýýarlanylan önüm gözilginç hasaplanylýar. Dynç alynýan sumkanyň matasynyň bezegi tebigatyň suratlary bilen baglanyşdyrylýar. Sport sumkalary hem uly görnüşde taýýarlanylýar.

Ellik – bu adamyň elini sowukdan goramak hem-de bezeg bolup hyzmat edýär. Adamyň daşky eşigi bilen bilelikde kontrast döredýän, ýa-da meňzeş reňkli ellik geýilýär. Sportda geýilýän, baýramçylykda, gyş möwsüminde günde geýilýän görnüşleri agyr işleri ýerine ýetirende geýilýän hojalyk ellikleri bolýar. Owadan ellikler teletinden, ýüpekden, parça matasyndan, deriden, gipýurdan taýýarlanylýar. Sport ellikleri gysga görnüşde taýýarlanylýar. Sport ellikleri deriden ýa-da emeli deriden taýýarlanylýar. Onuň içligi örülen matadan ýerine ýetirilýär. Ellikler iki, bäş barmakly görnüşde taýýarlanylýar. Bezemen ellikler baýramçylyklara geýmäge niýetlenendir. Elligiň bilek uzynlygy dürli görnüşde taýýarlanylýar. Ol ýuka hilli deriden, örülen matadan taýýarlanylýar. Bu ellikler durmuşa çykýan gyzlar üçin we baýramçylyga gatnaşýan esgerlere niýetlenilip taýýarlanylýar. Ýörite önümçilikde ulanylýan ellikler brezent, jinsi, rezin materiallardan hünärmenlere laýyk taýýarlanylýar.

Şaý-sepler egin-eşik toplumynyň düzüminiň goşmaça bezegi bolup hyzmat edýär. Bezeg bolup hyzmat edýän şaý-sep adamy bedendäki eşigi bilen gapma-garşy gelmelidir. Adam bedendäki ýönekeý biçüwli egin-eşige bezeg şaý-sepi dogry saýlanylsa, ol nusga has baý görünýär. Ýönekeý biçilen modele şaý bezegi üns berdirýär. Şonuň ýaly hem ýönekeý biçüwli köýnege gülýaka, bilezik dakylsa, onda modeliň durky üýtgeýär. Baýramçylyk geýmine goşmaça bezeg önümlerinden hrustal, ýantar, keramika, agaç aýnaly, merjen monjugy dakynmak maslahat berilýär.



**125-nji surat. Panno we bezeg aksessuarlary**

Emma gymmatbahaly şaý-sepler adamyň ömrüne hyzmat etmek üçin niýetlenendir. Milli şaý-sepler, köplenç, öz hojalygyndaky öý ussahanasynda taýýarlanylýar. Olaryň görnüşleri dürli ölçegdedirler. Milli şaý-sepler toý köýneklerine, egin-eşiklerine niýetlenip, olary teatryň folklýor toparlary hem giňişleýin ulanýarlar. Aýdymçynyň, tansçynyň egin-eşigine dabara üçin şaý-sepler eşigiň toplumynda giňişleýin ulanmak maslahat berilýär.

## §34. MODELDE ÇEPER BEZEGIŇ KOMPOZISIÝASY

Modelirlenýän nusganyň çeper ýerine ýetirilişine kesgitli kanun esasynda eşigiň toplumynyň bezegleriniň özara baglanyşygyna kompozisiýa diýilýär.

**Kompozisiýa** modeliň bezeg sungatyny gurmak bilen ýerine ýetirilýär. Durmuşda ilki kompozisiýa baradaky düşünje binägärlikde we saz sungatynda ulanylýar diýip düşünilýärdi. Surat çekmekde, reňk sazlaşykly alnyp barlanda kompozisiýanyň dogry düzülmegi bilen düşündirilýär. Wagtyň geçmegi bilen çeper eser edebiýatlarda, sungatyň dürli görnüşlerinde kompozisiýa işi geçirilip ugrady. Kompozisiýa döredijiligi düzmekligiň netijesi diýlip atlandyrylýar. Arhitektura heýkeliniň döremegine, onuň taslamasynda bedeniň eşiginiň modeliniň durkuna we matanyň suraty bilen baglanyşdyrylýar. Haýsy çeper döredijiligi alsaň hem, kompozision düzülişi onuň netijesini görkezýär.



**126-njy surat. Eket (a) we ýubka (b) bezegleriniň görnüşleri:**
**a)** *1 – gapyrga çyzykly; 2 – epin bezegli; 3 – büzülen bezegli; 4 – ýygyrt bezegli; 5 – deri bezegli; 6 – dilik bezegli;*
**b)** *1 – büzülen gatlakly bezeg; 2 – gyýa 45° biçiwli; 3 – gasynly, bantly bezegi; 4 – şleýf bezegli*

**Kompozisiýanyň talaplary.** Kompozisiýa – üç talaby özünde jemleýär: bähbit, owadanlyk hem-de hiliniň berkligi. Bu üç talap sungat bilen baglanyşykly birnäçe soragy özünde jemleýär. Bu soraglar gurluşykda, eşigiň modelinde birmeňzeş ýerine ýetirilýär. Suratçy modelýer nusgany döredende onuň haýsy kompozisiýa degişlidigini kesgitleýär. Reňk kompozisiýasy, pasyl bilen baglanyşykly kompozisiýa, baýramçylyklaryň kompozisiýasy, bedeniň gurluşy boýunça atlandyrylýandyr. Meselem, modeliň bezegleriniň kompozision düzülişi boýunça many almak bolýar. Ýagny nusganyň bezeginde milli nagyşlar, kružewalaryň görnüşleri, ýüpleriň görnüşleri, furnituralar we ş.m. ulanylýar.

Baş suratçynyň we baş binägäriň iş usuly geometriýa göwrümleri bilen bagly bolýar. Her modeliň, jaýyň geometriýa göwrümleriniň grafiklary düzülýär. Ýagny

her nusganyň, jaýyň esasy döredilýär. Arhitekturanyň işine garamazdan, modelýer adamyň durkuny asuda öwrenýänligi sebäpli, onuň döredijiligi arhitektorlardan has tapawutly hasaplanylýar. Nusganyň esasy kompozisiýasy modeliň döredilişi, göwrümi, şekiliniň deň ölçegleri boýunça kesgitlenilýär. Kostýumyň durky kompozisiýadan ybaratdyr. Onuň kompozisiýasynyň üstünlikli çözgüdi bilen baglanyşýar. Eger-de saklanýan göwrümiň ýa-da nusganyň şekili başa barmasa, durky garyp görünse, onda ony şaý-sepler aksessuarlar bilen hem bezegini ýitirip bolmaýar. Näçe güýç siňdirseň hem ol nusganyň daş-töwerekdäki özgeleriň ünsüni özüne çekmeýär. Bu sungat kanuny modeliň kompozisiýasyna anyk we ynandyrýan zähmetiň netijesine kesgitleme gözleýär. Dünýäde belli şahyr Gete muny şeýle belleýär: “Ajaýyp sungat döredijiliginden ýaşaýşa bolan lezzet alýarsyň, munuň özi edilen işde dogry gatnaşyklarda döredijilik we gözegçilik edilendigine jogap tapýarsyň. Eger-de gözegçilik bozulan bolsa, onda onuň daşky görnüşine güýç sarp edip bezeseň hem, ony gözel durkuna getirip bolmaýar.”

**Bedendäki deň ölçegiň gatnaşygy**. Deň ölçegleriň model taýýarlamaga bolan gatnaşygy esasy rol oýnaýar. Sebäbi model bedeniň durkuny görkezýär. Modeliň şekiline bolsa häsiýetnama berilýär. Modeliň her bir görnüşinde iki sany aýratyn arabaglanyşygy bolýar. Olar birigip bir nusganyň durkuny berýärler. Köýnegiň bilinden ýokarky bölegi (kofta, penjek, lif, bluzka) köýnegiň bilinden aşaky bölegi ýubka, jalbar, bermudy we ş.m.

Modeliň esasy bölegine lif, ýeň, ýubka degişli.

Modeliň daşky görnüşiniň bezegine: nagyş, bant, rýuşa, meh ýakalaryň dürli görnüşleri, pogon we ş.m. degişli.

Modeliň kompozisiýasy ýokarda görkezilen maglumatlardan düzülýär. Köp asyrdan bäri sungat tejribesinde eşigiň durkunyň esasynda ornaşýan dekoratiw elementleri we görnüşiniň biçüwi çeper, nepis durky berýär. Döredilýän modeliň keşbi umumy görküni anyk niýetlenen esasy teklibini aýdyň aýdýar. Kompozisiýa haýsyda bolsa çeper öndürilýän önümiň tabşyrygyna boýun bolmak bilen ol keşp açyk we aýdyň görkezilýär. Döredilýän nusganyň keşbi suratçy tarapyndan döredilse-de, ol ilatyň höwesini galdyrýan, islegini kanagatlandyrýan adama täsir edýän bolmaly. Egin-eşik adamyň hemişelik ýoldaşy hasaplanylýar. Egin-eşik adamyň keýpine, iş ukybyna, işleýiş netijesine uly täsir edýär. Egin-eşik adamy begendirip, ruhuny galkyndyryp bilýär, özüne bolan ynamyny artdyryp bilýär we derejesini saklamaga kömek edýär. Eger-de eşigiň göwne laýyk bolmasa, onda ýokardaky görkezilen adama bolan şertler, goldawlar tersine bolýar. Çeper keşpleri döretmekde döredijilik ösüşiň bolmagynyň sebäbi hünärmeniň pikirlenme netijesi arkaly görki anykla-

nylýar. Durmuşyň materiallary suratçynyň döreden keşbine hyzmat edýär. Emma muňa garamazdan, suratçylaryň ukybynyň esasynda birnäçe görnüşli modeller döredilýär. Ýa-da şol modelden düýpgöter başga modelleriň keşpleri tapylýar. Bu ösen sungat asyrlaryň çalyşmagyna üns bermeýär. Tehnika ösýär, ýöne model özgerip gaýtalanýar. Hünärmeniň önümdäki kompozisiýany döretmek ukyby.

Suratçynyň teklibiniň pikirlenmeleriniň kömegi bilen ylmy ukybyny ulanyp, uzyn görnüşli aýal köýneginiň modelini taýýarlaýar. Bu modele kümüş sowuk reňkde ýylpyldaýan görnüşli matadan köýnegiň nusgasyny oýlap tapypdyr. Taýýarlanýan model syrlaşan görnüşde taýýarlanylypdyr. Bu köýnege gabat geler ýaly konus görnüşli aýal maşgalanyň kellesiniň baş örtgüji ýerine ýetirilýär. Tutuş geýmiň daşky görnüşi ýylpyldaýan keşbi beripdir. Beýleki suratçy şol modeliň durkuny üýtgedip, gök öwüşginli ýylpyldyly matadan gysga görnüşdäki aýal köýneginiň modelini taýýarlapdyr. Modeliň bilinden tikin geçip, ýubkasynyň üstünden bezeg zolaklaryň gatlakly görnüşini ornaşdyrypdyr. Bu nusganyň durky uçmaga taýýar kosmos korablynyň şekilini beripdir. Her geýmiň özüne mahsus bolan many-mazmuny bar. Birinji nusga ýyldyz şöhleli kompozisiýada taýýarlanan aýal köýnegi bolup, ikinji köýnek kosmos korably kompozisiýasy diýip atlandyrylýar.

Wajyplylygy we täsinlikleri görüp, başarmadyk suratçy kompozisiýany döredip bilmeýär. Maksada okgunly suratçy özüniň pikirini modeli döretmekde kärhana girdeji getirýän kompozisiýaly önümi taýýarlamagy başarýar. Kompozisiýanyň kanuny we düzgüni.

Her bir sungatyň kompozisiýasynyň düzümi bolýar. Nusganyň sungatyndaky esasy kompozisiýasynyň kanuny şulardan ybartdyr:

– düzümiň garaşly kompozisiýasy we kompozision taýýarlanan bezeg bölekleriniň modele ornaşdyrylmagy;

– nagt kompozision merkezi;

– ähli bölekleriň deňligi, laýyklygy we onuň ara düzüminiň kompozisiýasy. Adamyň ölçegi;

– kompozisiýanyň maksady.

Nusgalaryň kompozisiýasy önümiň tabşyrygyna garaşly bolup, görnüşini görkezýär. Ýogsam tejribäniň netijeli nusganyň tabşyrygyna hemişe çeper durkuna bagly bolmaly. Şonuň üçin bu işde 3 kanun hereket edýär:

1. Tabşyrylan janly beden birlige nusga we onuň durky degişlidir. Nusga dürli durkda bolsa-da gönüden-göni onuň tabşyrylyşy maksadalaýyk bolmaly. Meselem, suwa düşülýän aýal maşgalanyň kupalnigi (suw eşigi) suwa düşmek üçin niýetle-

nendir. Ol syrlaşan görnüşde bolmaly. Eger-de giň göni görnüşde taýýarlanan bolsa, onda ol suwa düşeniňde suwda hereket etmäge päsgel bererdi. Syrlaşan görnüşde suwa düşülýän kupalnik köýnegi suwda durkuny üýtgedenok. Kupalnik taýýarlamaga çalt guraýan ýarym ýüpek süýnýän örme matasy saýlanylýar.

Gyzlaryň balda tans edýän köýnekleriniň etegi giň bolýar. Bili welin syrlaşan görnüşde taýýarlanylýar. Bu köýnegiň ýokarsy syrlaşan görnüşde bolup, köýnegiň etegi ýaýraň doňup duran görnüşde taýýarlanylýar. Ol tansda hereket edende hiç hili päsgelçilik döredenok. Munuň üçin petli emeli süýümden taýýarlanan mata ulanylýar, tans oýnamak üçin niýetlenilýär.

2. Taýýarlanýan nusganyň durkuna matany gabat getirmeli. Nusga taslamasynda mata saýlamaly. Mysal üçin, adamyň üstki geýýän plaş önümini taýýarlamak üçin mata suwy geçirmeýän, ýagny yzyna serpikdirilýän görnüşi saýlanylýar. Beýle matalaryň düzüminde polietilen, sintetika goşantly syk dokalan matalar degişlidir. Bu matalardan taýýarlanan önümlere, plaşlara näçe suw degse-de bedene siňenok we önüm öz durkuny ýitirenok. Emma bu matadan köýnek tikmek maslahat berilmeýär. Çünki ol bedene rahatlyk berenok.

3. Bähbitli matany saýlamak bilen nusganyň taýýarlygyna timarlama bezeg işlerini ornaşdyrmak işi ýerine ýetirilýär. Taýýarlanýan nusganyň bezeg kompozisiýa haýsy görnüşli bezeg ornaşdyrmagy niýetleseň, onuň ähli tehnologiýasyny kesgitlemeli. Onuň reňkini saýlamaly. Bezegiň ornaşdyrylyşynda timarlaýyn tämiz oturtjak tarapyny kesgitlemeli. Günde bedene hyzmat edýän köýnege ýeňil we ýumşak bezeg bermek maslahat berilýär. Meselem, suwa düşülýän aýal köýneginiň nusgasyna gurnap, gäminiň nagyşlanan şekilini ornaşdyryp bolar. Önüm taýýarlananda, şeýle suratly matany saýlap bolar. Bezeg nagşy kompozisiýanyň merkezi.

Kompozision merkeziň hemme düzümi modeliň çözgüdi esasynda iki görnüşe bölünýär: esasy geýmiň göwrümi durky, emele gelen kesgitli görnüşi. Meselem, jalbar, köýnek, ýubka, ellik, aýal bluzkasy we dekoratiw ýygnaýan dürli bölekleri, furnituralar şaý-sepler. Meselem, jaňjagaz görnüşinde, biçilen ýeňli aýal köýnegi taýýarlansa, soňra ol köýnegiň ýeňine nagyş ornaşdyralyň. Onuň kompozision merkezi ýeňiň aşagyndan ýerleşdirilýär.

Kompozisiýanyň ikinji görnüşiniň sazlaşygy bilen bagly bolýar. Meselem, çyzykly aýal köýnegi ol göni şekilde işlenende, onuň biçüwinde serpme gaýtarma ýaka göz öňünde tutulan. Modeliň ýakasynyň şekili jübiniň agzyndaky gapakda görkezilen. Ýakanyň dik açylyp, iliklenýän görnüşi ýerine ýetirilýär. Çyzykly ýerine ýetirilýän aýal köýneginiň ýakasyna, ýakanyň dik açylyşyna, jübiniň agzyna, ýeňiň

agzyna ak matadan meňzeş biçüw ulanylan serpme ýaka we dik ilikli kompozision açylyş merkez bolup hyzmat edýär. Kompozision bezegi tikin çyzyklary bilen hem görkezilen. Bu moda 1965-1969-njy ýyllarda ýoň bolupdyr. Sport görnüşli modeldäki köýnek hasaplanylýar. Kompozisiýa elementleriniň deň böleklerini öz içine alýar.

Nusganyň toplumy (lif, ýeň, ýubka) reňki we matanyň fakturasy (bluzka bilen ýubka, tämizlenen ýaka, kemerli köýnek, sütükli ýakaly we ýeňli palto).

Nusgadaky bölek detallar (ýaka, jübi, jübiniň klapany, hlýastik).

Tämizleme (tikin çyzyklary, nagyş, furnitura). Ýokarda görkezilen sanawlar hökmany ýerine ýetirilýär, öwrenilip gözastynda saklanylýar. Kompozisiýa doly hasaplanmagyna ýokarda görkezilen kanunlary we düzgünnamalary doly ýerine ýetirilmelidir. Bu düzgünnamalar hem-de kompozisiýanyň kanunlary biri-biri boýunça baglanyşyklydyr.

Geometriýa bilen baglanyşyp galyp taýýarlap, bezeg bölekleri ýerine ýetirilip, kanuna laýyklanyp kompozisiýa düzülýär.

Her bir oýlanyp tapylan sungatda egin-eşigiň çydamlylygy, oňaýlylygy esasy bir ugra niýetlenilişi bilen baglanyşmaly.

## §35. EGIN-EŞIGI TIMARLAÝAN BEZEG ÖNÜMLERI WE ONUŇ WEZIPESI

Egin-eşigiň kompozisiýasynda timarlama, bezeg işleri nusgada wajyp element bolup durýar. Ol modeliň biçimini matanyň durky, reňki bilen baglanyşdyrýar.

Egin-eşigiň bezegi kompozisiýada aýratyn özbaşdak element bolup hyzmat edýär. Muňa mysal edip, şaý-sepleri, monjuklary alyp bileris. Bu serişdeleri lybaslar bilen sazlaşdyryp egin-eşik toplumynda ulanylýar. Sebäbi adamyň islegine görä, geýinýän egin-eşiklere goşmaça bezeg bolup hyzmat edýän serişdedir. Taryhy egin-eşikleriň biçüwiniň durky ikinji derejede bolup, bezeg zolaklary birinji derejede hasaplanylypdyr. Olara rýuşa, beýka, gysgyç, kantik, tesma, bantlar, ýüpler, seçekler, ilikleriň bezemen görnüşleri, hünjüleriň dürli görnüşi, sütükli deri, torluja bezeg zolagy we ş.m. bezegleriň köpüsini bir köýnege ornaşdyrmagy başarypdyrlar. Ýagny kompozision sazlaşyk göz öňünde tutulmakdyr.

Gadymy zenan köýneginiň ýakasynyň açylyşy gämi görnüşli biçüwde bolup, ýakasynyň gyrasyny nagyş bilen bezäpdirler. Soňra egninden biline çenli tesmany keseligine tämiz ornaşdyrypdyrlar. Onuň ýokarky egnine we bilinde tesmanyň gutarýan nokadyna bägül gülleri ornaşdyrylypdyr. Köýnegiň etegine torly bezemen

zolak ornaşdyrylypdyr. Şeýle hem geýen lybasynyň matasynda atynja taýýarlap kellesine çalma daňynypdyr. Çalmany hem şol matadan taýýarlap, onuň gapdalyndan sütükli peri depesinden dakynypdyrlar. Bu görnüşli model 1918-nji ýyllarda Ýewropada moda bolupdyr. Üstünden boýnuna monjuk dakynypdyrlar. Häzirki döwrüň talabynda, şol köýnegiň biçüwi kämilleşdirilip, diňe monjuk bezegi goşulýar.

Täze döwrebap matadan taýýarlanýan önüme bezeg üçin bagananyň emeli we tebigy görnüşi, trikotaž, furnitura, bezege tikin çyzyklary, applikasiýa, kružewa, hünji, aýnaly monjuklar, seçek, bahrama, tor bezegi, güller, nagyşlar, berkidijiler, bufy, beýki, rýuşy, žabo, wolan, oborki, plisse, tapda, galstuk we başgalar ornaşdyrylýar.

Bezeg önümleriň atlary ýokarda birin-birin agzalyp geçildi. Şolaryň hataryna joraplaryň tomus, gyş möwsüminde geýilýän we öýde, işde, dynç alýan wagtlarynda ulanylýan görnüşleri hem degişlidir.

Gyş möwsüminde geýilýän paltonyň ýakasyny bezeg işine üns bereliň. Gara gyşda beýik bagana bilen bezeg işini ýerine ýetirilse, alabahar, güýzüň soňky aýlaryna niýetlenen paltonyň guzynyň garaköli bagana bilen bezemek maslahat berilýär. Nusgadaky detallaryň görnüşlerini owadanlamak üçin ilikleri laýyklap dakylýar. Ol ilikleri ornaşdyrylanda ykjam ýerlikli oturdylýar. Bezeg timarlamanyň täzeçe görnüşleri yzygiderli taslanylýar.

Matadan bezemekligiň işiniň, esasan hem, üç ugry bar. Matanyň görnüşleri boýunça köýnekde ýa-da daşky geýimlerde. Jalbarlarda ýörite egin-eşiklerde ýerine ýetirilýär.

Bezemek işiniň birinji ugry tikilýän matadan köýneginiň jähegini şoňa meňzeş matadan ýa-da şol reňke golaý reňkli matadan taýýarlamak maslahat berilýär. Bir reňkli matadan köýnek taýýarlanýan bolsa, oňa dürli reňkli, bulaşyk reňkli matadan tapda tutup, bezeg işini ýerine ýetirmek maslahat berilýär.

Bezemek işiniň ikinji ugry matanyň reňkine, güli bilen baglanyşykly matadan jähek ornaşdyrylýar. Meselem, gülli mata, matanyň güllerinde şekillerinde köpräk goňur, gök, ýaşyl, gyzyl reňk bar bolsa, şoňa golaý tekiz reňk ulanylýar. Şol reňklerden düz reňkli mata saýlap, jähegi nusganyň dürli ýerlerinde ulanmak maslahat berilýär. Ýakanyň, ýeňiň, koketkanyň, jübiniň we ş.m. detallaryň gyralary bezelýär. Timarlama bezeginiň ikinji ugrunda ýüpek, parça matalary hem ulanmak maslahat berilýär.

Bezemek işiniň üçünji ugry daşky eşik, üstki egin-eşigi bolsa-da, olaryň taýýarlanmagyna ak ýa-da gara mata jähek bilen bezemek maslahat berilýär. Bu bezeg zolaklaryny gyýa ýa-da tapda tikin önümine tutmak hem diýilýär. Çünki ak zolakly bezegi ähli egin-eşigiň durkuny birden başgaça, özüne çekiji görnüşe getirip bilýär.

Ak-gara jähegiň üsti bilen nusga salyhatly, saldamly, özüne çekiji görünýär. Daşky üstki egin-eşiklere ýalpyldawuk reňklenen emeli deri mata zolaklaryny jähek ýa-da bezeg zolagyny ulanmak maslahat berilýär. Palto önüminiň ýakasyna, ýeňine, jübüsiniň agzyna, arka bil kemerine, tutuş kemerine bezeg işleri ýerine ýetitilýär. Ýöne bezegi çendenaşa kän agyr ulanylmaýar.

Bezegi düzgün boýunça bedeniň deňölçegli böleginde ýerine ýetirilýär. Bir reňkden taýýarlanýan nusga gözenekli ýa-da gülli matanyň zolagyndan bezeg bermek maslahat berilýär.

Nagyşlar – bezegi esasy teklibi kompozisiýanyň düzülişi bilen bagly. Nagyş bezegi, esasan, milli döredijiligi hem-de hünärmeniň döredijiligi bilen baglanyşýar. Nagyşlaryň elde tikilýän maşynda tikilýän görnüşleri hem-de göni zolak matada dokalýan görnüşleri bar. Nagyşlar nah, ýüpek, ýüň, emeli, garyndy mulina sapaklar bilen ýerine ýetirilýär. Şonuň ýaly hem hünjüdir, monjuklar, ýörite taýýar furnituralar bilen nagyşlanylýar. Nagyşlar geometirýa şekilleriniň görnüşlerinde, tebigatyň gülleri şekili, haýwanlaryň şekili, tehniki gurallaryň şekili bilen baglanyşykly taýýarlanylýar. Nagyş, esasan, bezemen köýneklerde ýerine ýetirilýär. Baýramçylyklara, dabaralara geýilýän eşikleriň nusgasy has bezemen taýýarlanylýar. Nagyş modeliň ähli deň böleginde ýerine ýetirilýär. Ýöne elde ýerine ýetirilýän, öý mümkinçiliginde edilýän nagyşlara zenanlar we gyzlar şeýle bir ussat welin, köýnegiň tutuş durkuny hem milli nagyş bilen bezäp başarýarlar. Nagyşly bezemekde şeýle jüpüne düşürip ýerine ýetirýärler. Il arasynda diýlişi ýaly ol bezemen nagyşlar gözüň ýagyny alyp barýar. Ýerine ýetirilýän nagyşlar ownuk, iri dürli ölçeglerde ýerine ýetirýärler. Türkmen zenanlary nagşy kanwada, maşynda, keşdede, ilmede, tarada, hünjüden, dürden, aňrybaşy edip bezemen ýerine ýetirýärler. Nusgany nagyş bilen bezemek üçin ilki nusgany kagyza çekip, nagşyň ýerleşjek meýdanlaryna bezegi çekip suratyň öwezini doldurmaly.

***Egin-eşige bezeg berýän önümleriň atlandyrylyşy.***

**Furnitura –** bezemen serişdelerine ilikler, süňklerden taýýarlanan bezeg bölekleri, farfordan taýýarlanan bezeg görnüşleri, deri ýüpi, agaç deri bölekleri, aýnadan taýýarlanan bezeg bölekleri, zynjyr syrma demir, bezeg bölekleri, knopka we beýleki bezegleri degişli. Bu serişdeler taýýarlanýan egin-eşige bezeg işlerinde ulanylýar.

Bezeg serişdelerine knopkany, syrmany mysal getirilse, ol önümde bezeg timarlama işlerini ýerine ýetirýär hem-de nusganyň aýry bölekleriniň ykjam sepleşip durmagyna uly hyzmat edýär. Şonuň ýaly hem ilikler bezeg işini hem-de modeli geýmäge hem-de çykarmaga ýeňillik döredýän wezipelerini eşikde ýerine ýetirýär. Ilikleri 1950-nji ýyllaryň başynda nusganyň bezegi üçin kän ulanypdyrlar.

Iliklerden nagyş şekillerini hem bejeripdirler. Ilikleriň daşyny owadan matadan tikip, bezemen görnüşe getirip, nusgada ornaşdyrypdyrlar. Ilikleri parça, ýüpek öwüsýän matalardan ýa-da tikilýän nusganyň matasyndan taýýarlapdyrlar.

Tikin maşynda ýerine ýetirilýän bezeg tikini eşigi bezeg görnüşine getirýär. Bezeg tikin çyzyklaryna tikilýän mata sapagy önümi tikýän sapagyň belgisinden ýogyn bolmaly, sebäbi bezemen çyzyk tikini syn edýäniň gözüne görünmeli. Muňa mysal edip, jinsi matasyndan taýýarlanýan nusgalara 30-lyk belgili sapak tikin tikilse, onuň bezeg timarlama tikin çyzyklaryna 10-lyk, 20-lik belgili sapakda ýerine ýetirilýär. Timarlama bezeg tikinleri dürli görnüşde ýerine ýetirilýär. Jinsi önüminde 3 hatara çenli tikin bezeg tikini ýerine ýetirilýär. Timarlama bezeg tikin çyzyklary köýnegiň ýakasynyň gyrasynda, jübi, ýeňiň gyralarynda, kemerleriň gyralarynda, koketkanyň gyralarynda tikin berip, bezeg bilen model owadanlaşdyrylýar.

**Trikotaž matada nusganyň timarlanylyşy** – trikotaž örülen matasy bezeg üçin hem gyýa zolak bölegi, ýakanyň, ýeňiň gyralarynda timarlanyp, jähek işleri ýerine ýetirilýär. Deriden we sütükli derilerden daşky agyr eşigiň bezeliş işi ýerine ýetirilýär. Kaşemir, drap matalardan taýýarlanýan paltolara deriden we emeli deriden bezeg berilýär. Paltonyň ýakalaryna, ýeň bezegine guzynyň, towşanyň, belkanyň, lamanyň, ondatranyň, tilkiniň baganasy ulanylýar. Soňky döwürde emeli sütüklerden tikinçilik sungatynda üstki daşky eşikleri taýýarlamaga, ýylylyk içlik ýa-da tutuş palto tikmek üçin ulanylýar. Bu sütükler paltonyň ýakalarynda, şal, togalak ýaka ýa-da egniňe atynja görnüşde bezeg üçin ulanylýar. Inçe sütükler sungat aktýorlarynyň geýýän köýnekleriniň ýakalarynyň, ýeňiniň gyralarynda bezeg görnüşde ornaşdyrýarlar. Emeli we tebigy derilerden geýmiň üstünden geýilýän ýeňsizler üçin bezeg taýýarlanýar. Sütükleriň görnüşlerinden baş örtgüçler hem tikilýär. Şlýapalaryň gyralaryna bezeg görnüşde sütükli deriniň bir bölegi berkidilýär.



**127-nji surat. Applikasiýalaryň görnüşleri**

**Applikasiýa** – modelde bezeg işi birnäçe tebigatyň şekilleri ýa-da ýörite taýýarlanan aýratyn ýazgylar, arhitektura heýkelleriniň şekilleri, haýwanjyklaryň şekilleri, emblemalar ýörite nagyşlanyp birnäçesi taýýarlanylýar. Şol nagyşlary aýratyn-aýratyn edip, nagşyň aşagyna polietilen berkidilip dükanlarda satylýar. Bu bezeg bölejigi müşderiler satyn alyp, taýýarlaýan nusga çygly ýylylyk bilen ütükläp, bellenen nokada berkidýärler. Önümçilikde bu tehnologiýa giňişleýin ýerine ýetirilýär. Täze kärhanalarda nagyş bölümi işleýär. Enjamlar awtomatlaşdyrylan "Liliýa" 15 kelleli bolup, ol 9 dürli sapaklar bilen nagyş tikýär. Bezeg nagşynyň 15 sanysy bir tapgyrda taýýar bolýar.

**Seçek we bahrama** – bezeginiň şu görnüşleri daşky egin-eşikde ulanylýar. Bahrama krýuçokda elde örülýär. Bahrama bezegi nusga ilige dakmaga kömek üçin hyzmat edýär. Bahrama bezegi taýýarlanýan köýnegiň etegine, ýeňine ornaşdyrylýar. Seçek bezegi awçylaryň bezemen eşiklerinde ulanylýar. Bu seçekler nusga bezeg bermek bilen gadymy esgerleriň haýbatly eşiginden habar berýär. Şonuň ýaly seçek bezegi elliklerde, baş örtgüçlerde ulanylýar. Aýal maşgalanyň taýýarlanýan köýnegine seçegi kese görnüşde, dik görnüşde, ýeňine hem dik, gyýa, kese görnüşde bezemäge ulanmak maslahat berilýär. Seçek bezegi atynjada, gapjykda, torbada, milli egin-eşiklerde ýerine ýetirmek maslahat berilýär.

## §36. EGIN-EŞIKDE BEZEG IŞLERINIŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

Egin-eşigiň kompozisiýasynda bezemek işi wajyp element bolup durýar. Ol eşigiň durky matasy biçüwi, reňki bilup, goşmaça aksessuarlar bilen baglanyşýar.

Bezeg eşigiň kompozisiýasynda aýratyn özbaşdak element bolup nusga hyzmat edýär. Muňa şaý-sepleri, monjuklary, sagat, galstuk we ş.m. mysal alyp bileris. Bu serişdeleri dürli lybaslar bilen dakynyp bilerler. Sebäbi ol geýilýän eşige berkidilmedik, adamyň islegine görä, geýinýän eşiginiň birnäçesine bezeg bolup hyzmat edýär. Taryhy döwürde geými timarlaýan bezeg zolaklary birinji derejede hasaplanylypdyr. Olara rýuşa, beýka, zaşip, kantik, tesma, bantlar, ýüpler, seçekler, ilikleriň bezemen görnüşleri bilen bezelipdir. Hünjüleriň dürli görnüşi, sütükli deri, torluja bezeg zolagy we ş.m. bezegleriň köpüsini bir modele ornaşdyrmagy başarypdyrlar.

Gadymy zenan köýneginiň gämi görnüşli ýakasynyň gyrasyny nagyş bilen bezäpdirler. Soňra egninden biline çenli tesmany keseligine tämiz

ornaşdyrypdyrlar, onuň ýokarky egnine we bilinde tesmanyň gutarýan noka-dyna bägül gülleri ornaşdyrylypdyr. Köýnegiň etegine torly bezemen zolak ornaşdyrylypdyr. Şeýle hem geýen lybasynyň matasyndan atynja atypdyrlar. Kellesine çalma daňynypdyrlar. Çalmany hem şol matadan taýýarlap, onuň gapdalyndan sütükli peri depesinden sallap goýberipdirler. Bu görnüşli eşigi 1918-nji ýyllarda moda edipdirler. Bu eşigiň üstünden boýnuna monjuk dakynypdyrlar. Bu günki döwrüň talabynda, şol köýnegiň şekili ýönekeý görnüşde taýýarlap, ony diňe monjuk özbaşdak bezegi bilen bezeg timarlama goşulýar. Berilýän maglumat boýunça 5 görnüşli bezeg ele-menti modelde ýerine ýetirilýär.

Taýýarlanýan nusgalarda täze döwrüň talabyna mata, bagananyň emeli we tebigy görnüşi, emeli we tebigy deri, trikotaž, furnitura (zynjyr, ilik, çeňňek, ýüpler), bezelen tikin çyzyklary, applikasiýa, merežki, kružewa, hünji, aýnaly monjuklar, seçek, bahrama, setkajyklar, güller, nagyşlar, berkidijiler (bilde), bufy, beýki, rýuşa, žabo, wolan (tolkun bezegi), oborki, plisse, tapda, festony, galstuk ulanylýar.

Bezeg önümleriň atlary ýokarda birin-birin agzalyp geçildi. Şolaryň hataryna joraplaryň tomus, gyş möwsüminde geýilýän we öýde, işde, dynç alýan wagtlary ulanylýan görnüşi hem degişli. Çünki bular hem geýen eşigiňe laýyk bezemen görner ýaly görnüşini saýlamaly.



**128-nji surat. Gara jähek bezeginiň ýerine ýetirilişi**

Gyş möwsüminde geýilýän paltonyň ýakasynyň bezeg işine üns bereliň. Gara gyşda beýik bagana bilen timarlama bezeg işini ýerine ýetirilse, bahar-güýze niýetlenen paltony guzynyň garaköli baganasy bilen bezemek maslahat berilýär. Geýimdäki detallaryň bezeg görnüşlerini geýimde timar saklamak üçin ilikleriň dürli görnüşleri ulanylýar. Ol ilikleri ornaşdyrylanda ykjam, ýerlikli oturdylýar.

Matadan timarlama işi, esasan hem, üç ugry bar. Matanyň görnüşleri boýunça köýnek ýa-da daşky üstki eşikde ýerine ýetirilýär.

Bezeme işiniň birinji ugry tikilýän matadan modeliň tapdasyny şoňa meňzeş matadan taýýarlamak maslahat berilýär. Bir reňkli matadan köýnek taýýarlanýan bolsa, oňa garyşyk reňkli matadan tapda tutup, bezeg işini ýerine ýetirmek maslahat berilýär.

Bezeg işiniň ikinji ugry matanyň reňkine, güli bilen baglanyşykly matadan tapda ornaşdyrmak usullary boýunça ýerine ýetirilýär. Meselem, güllі mata, matanyň güllerindäki şekillerinde köpräk goňur, gök, ýaşyl, gyzyl reňk ulanylýar. Şol reňklerden bir reňk boýunça mata saýlap tapdalary modeliň dürli beden ölçeg ýerlerinde ulanmak maslahat berilýär. Ýakanyň, ýeňiň, koketkanyň, jübiniň we ş.m. detallaryň gyralary bezelýär. Timarlama bezeginiň ikinji ugrunda ýüpek, parça matalar ulanmak maslahat berilýär.

Bezemek işiniň üçünji ugry üstki eşikde ýerine ýetirilýär. Üstki eşik bolsa-da olaryň taýýarlanmagyna ak, gara mata bilen tapda bilen bezemek maslahat berilýär. Bu bezeg zolaklaryna gyýa hem diýilýär. Çünki ak, gara reňkleriň bezegi ähli geýmiň durkuny düýbünden üýtgedip, özüne çekiji görnüşe getirip bilýär. Meselem, şar gara köýnegiň bezeg zolaklary ak tapdan taýýarlanylýar. Ak tapdanyň üsti bilen eşik salyhatly, saldamly, özüne çekiji görünýär. Daşky üstki eşiklere ýalpylda reňklenen mata zolaklaryny tapda ýa-da bezeg zolagyny tutmagy maslahat berilýär. Palto önüminiň ýakasyna, ýeňine, jübüsiniň agzyna, tutuş kemerine bezeg ulanmak maslahat berilýär. Ýöne bezegi kän çendenaşa ulanmak maslahat berilmeýär.

Bezeg işini jähek, bezeg zolagynda ýa-da bedeniň deňölçegli böleginde sazlaşykly ulanyp bolýar. Bir reňkden taýýarlanýan modele gözenekli ýa-da gülli mata zolakdan bezeg bermek maslahat berilýär.

Nagyşlar bezeginiň esasy teklibi kompozisiýanyň düzülişi bilen bagly. Nagyş bezegi, esasan, milli döredijilik bilen baglanyşýar. Nagyşlaryň elde tikilip ýerine ýetirilýän görnüşleri, maşynda tikilip ýerine ýetirilýän görnüşi hem-de göni matada dokalýan görnüşi bar. Nagyşlar nah, ýüpek, ýüň sapaklar bilen ýerine ýetirilýär. Şonuň ýaly hem hünjüdir monjuklar bilen nagyşlanýar. Nagyşlar geometriýa şekilleriniň görnüşlerinde, tebigatyň gülleri bilen baglanyşykly taýýarlanylýar. Nagyş, esasan, bezemen baýramçy-

lyklara, dabaralara geýilýän köýneklere edilýär. Nagyş köýnegiň ýokarky bölegine, ýeňiň agzyna, köýnegiň etegine edilýär. Ýöne elde ýerine ýetirilýän, öý mümkinçiliginde edilýän nagyşlara zenanlar we gyzlar şeýle bir ussat bolupdyrlar welin, köýnegiň tutuş durkuny hem milli nagyş bilen bezäp başarýarlar. Nagşy bezemekde şeýle bir ony jüpüne düşürip ýerine ýetirýärler. Ýerine ýetirilýän nagyşlar ownuk, iri dürli ölçeglerde ýerine ýetirýärler. Türkmen zenanlary nagşy kanwada, maşynda, keşdede, ilmede, tarada, hünjüden, dürden ýokary derejede, bezemen ýerine ýetirýärler.

**Furnitura** – bezemen serişdelerine ilikler, süňklerden taýýarlanan bezeg bölekleri, farfordan taýýarlanan bezeg görnüşleri, deri ýüpi, agaç bezeg bölekleri, aýnadan taýýarlanan bezeg bölekleri, zynjyr syrma, demir bezeg bölekleri, knopka bezegleri degişli bolýar. Bu serişdeler taýýarlanýan geýme bezeg bermek üçin ulanylýar. Knopka, syrma geýme bezeg berýär hem-de geýmiň aýry bölekleriniň ykjam sepleşip durmagyna uly hyzmat edýär. Ilikler hem bezeg we birikdirme wezipelerini ýerine ýetirýär. Ilikleri 1950-nji ýyllaryň başynda kän ulanypdyrlar. Iliklerden nagyş şekillerini hem bejeripdirler. Ilikleriň daşyna owadan mata tikip, bezemen görnüşe getirip, geýimde ornaşdyrypdyrlar. Ilikleri parça, ýüpek ýa-da tikilýän modeliň matasyndan taýýarlapdyrlar.

Tikin maşynda ýerine ýetirilýän bezeg tikini bilen eşigiň bezeg işi has amatly hasap edilýär. Bezeg tikini önümi tikýän sapagyň belgisinden ýogyn bolmaly. Sebäbi bezemen çyzyk göze görünmeli. Mysal üçin, jinsi matasyndan taýýarlanýan eşikler 30 belgili sapak bilen tikin tikilse, onuň bezeg tikini 10, 20 belgili sapakda ýerine ýetirilýär. Bezeg tikinleri dürli görnüşde ýerine ýetirilýär. Jinsi önüminde 3 hatara çenli tikin bezegi ýerine ýetirilýär. Bezeg tikin çyzyklary köýnegiň ýakasynyň gyrasynda, jübi, ýeňiň gyralarynda, kemerleriň gyralarynda, koketkanyň gyralarynda ýerine ýetirilýär.

Trikotaž örme matasy bezeg üçin hem gyýa zolak bölegi alnyp, ýakanyň, ýeňiň gyralarynda jähek işleri ýerine ýetirilýär. Paltonyň ýakalaryna, ýeňine guzynyň, towşanyň, belkanyň, lamanyň, ondatranyň, tilkiniň baganasy ulanylýar. Soňky döwürde emeli sütüklerden tikinçilik sungatynda üstki eşiklere bezeg üçin, ýylylyk içlik üçin, tutuş palto tikmek üçin ulanylýar. Bu sütükler paltonyň ýakalarynda, şal görnüşdäki ýaka, aýlawly görnüşdäki ýaka ýa-da egniňe atynja görnüşde bezeg üçin ulanylýar. Inçe sütükler sungat aktýorlarynyň geýýän modaly köýnekleriniň ýakalarynyň, ýeňiniň gyralarynda ornaşdyrýarlar. Emeli we tebigy derilerden modeliň üstünden geýilýän ýeňsizler bezeg üçin taýýarlanýar. Sütükleriň görnüşleriniň baş örtgüçler (telpek, şapka) hem tikilýär. Şlýapalaryň gyralaryna bezeg görnüşinde sütükli deriniň bir bölegi berkidilýär.

**Applikasiýa** – eşikde timarlama işi birnäçe tebigatyň şekilleri ýa-da ýörite taýýarlanan aýratyn ýazgylar, arhitektura heýkelleriniň şekilleri, haýwanjyklaryň şekilleri, emblemalar ýörite nagyşlanyp birnäçesi taýýarlanylýar. Şol nagyşlar aýratyn-aýratyn edilip, nagşyň aşagyna polietilen berkidilip taýýarlanylýar. Bu bezeg bölejigini çygly ýylylyk bilen ütükläp, geýimdäki bellenen nokada kebşirleýärler.

**Seçek we bahrama**. Timarlama bezeginiň şu görnüşleri üstki eşiklerde ulanylýar. Bahrama krýuçokda (çeňňek) elde örülýär. Bahrama bezegi eşikde ilige dakmaga kömek etmek üçin hyzmat edýär. Bahrama bezegi taýýarlanýan köýnegiň etegine, ýeňiň etegine ornaşdyrylýar. Seçek bezegi awçylaryň bezemen geýimlerinde ulanylýar. Şonuň ýaly seçek bezegi elliklerde, baş örtgüçlerde ulanylýar. Aýal maşgalanyň taýýarlanýan köýneginiň seçegi kese görnüşde, dik görnüşde, ýeňine hem dik, gyýa, kese görnüşde bezemäge ulanmak maslahat berilýär.

Modelde bezeg işini ýerine ýetirmek üçin modelýer ilki bilen nusgany adamyň bedendäki görnüşiniň suratyny çekýär. Surata bezeg işleriniň durmaly meýdany kesgitlenilýär. Suratda doly model bezeg reňk sazlaşygy görkezilýär. Nusgadan daşary aýratyn sahypada bezeg nagşy çekilýär. Bezeg nagşynyň bölegi hünärmenler tarapyndan ara alyp maslahatlaşylýar. Önümçilikde bezeg işi ülňi galybyna laýyk meýdany kesgitlenilýär.

## §37. HARBY GULLUKÇYLARYŇ EGIN-EŞIKLERINIŇ GÖRNÜŞLERI

Ýörite niýetlenen eşikler her pudagyň ýerine ýetirýän işine görä amatly bolmagy göz öňünde tutulyp, matanyň görnüşlerinden saýlap başarmak bilen nusga taýýarlanylýar. Ýörite niýetlenen eşiklerde pudaklaryň buýurmasynyň islegleri we talaplary göz öňünde tutulýar. Matanyň görnüşi tikiljek nusga görä saýlanylýar. Ikitaraplaýyn ylalaşylan nusga boýunça iş ugrukdyrylýar. Müşderi iş ýerine ýetirilýän döwründe önümiň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamaly. Ýerli tikinçilik kärhanalarynda harby gullugyň egin-eşiklerini taýýarlamak doly ýola goýuldy.

Ýörite niýetlenen eşiklere harby gullugynyň ugurlaryna niýetlenen eşikler: serhet, gümrükhana, içeri işler, milli howpsuzlyk, prokuratura, ýangyn howpsuzlyk we.ş.m degişli.

Nusga tikilmezden öňürti matanyň häsiýeti öwrenilýär. Ýagny salkynlyk saklaýjylygy, rentgen şöhlesinden bedeniň goraýjylygy, elektrorazrýadlary serpikdirijiligi,

ýelden-suwdan goraýjylygy, hyzmat ediş ukyby we ş.m. häsiýeti öwrenilýär. Aýratyn howply işde işleýän işgärleriň, zähmet howpsuzlygy we zähmet öndürijiligini göz öňünde tutmaly. Şonuň üçin matanyň sürtülme ukyplylygy aýratyn öwrenilýär. Bu meseleler tejribe barlag netijesinde amala aşyrylýar. Tejribe işi üzüji enjamlaryň üsti bilen ýerine ýetirilip, barlamak üçin 25 x 50, 25 x 200, 50 x 100,50 x 200 mata zolak eriş we argaç boýunça alynýar. Barlagyň netijesi şu formula bilen hasaplanylýar.

$$Эр = Lp/I_0,$$

Эр – matanyň otnositel uzynlygy;

Lp – gatnaşykdaky uzynlygy kesgitlemek;

$I_0$ – ilkinji uzynlyk.

Matanyň dykyzlygy üçin şol ölçegde bölek mata alyp elde argaç we eriş sanamak arkaly barlag geçirilýär. Ýagny bölegiň aralyklaryndan 10 mm. argajyň sany hasaba alnyp, onuň dykyzlygynyň hasaby öwrenilýär.

Barlagyň netijesiniň esasynda argajyň sanynyň baglanyşykly hili kesgitlenilýär. Fenol matasy dykyzlygynyň sapagyň argajyň köp gaýtalanmagy, eriş we argajyň ýogynlygy bilen tapawutlanýar. Ýörite dokalan fenol matasy, ýörite niýetlenen eşigiň taýýarlanmagynyň sebäbi, ol oduň uçgunyny, demir gyryndysyny, agaç gyryndysyny yzyna serpikdirýän dykyz matadyr. Ol matanyň syklygy sebäpli eşik ody öçürijini ýadadýar. Hünärmen fenol matasyndan eşik taýýarlamazdan öň egronomika talaplaryny doly öwrenýär we üstünde işleýär.

Matanyň fiziologiýa gurluşygy boýunça adam organizmindäki ýylylyk saklaýşy, bedeniň güýç-kuwwatynyň hereket edijilik mümkinçiligi öwrenilýär.

Matanyň gurluşynda sowukdan goranmak taraplary bedene bähbitlidir. Bu görnüşli matalardan serhet, polisiýa gullugynda ýagynly howa şertlerinden goranmak üçin nusga taýýarlanylýar. Harby gullugynda işleýän gullukçylaryň eşigini taýýarlamak üçin hünärmen işinde aýratyn jogapkärçiligi duýmaly. Sebäbi bu pudakda işleýän işgärleriň ýörite niýetlenen eşikleri döwletiň talabyna laýyk bolmaly. Bu görnüşdäki eşikleri sap pagtadan, ýüňden, zygyrdan, lawsan ýüplügin-den dokalan matalardan tikilýär. Harby gullugynyň eşikleri şu asakdaky görnüşlerden durýar:

– harbylaryň meýdan eşigine (polewaýa) jalbar, gyzlar üçin pilotka, oglanlar üçin şapkadan ybaratdyr. Bu eşik tehas, jins, gabardin matasyndan taýýarlanylýar. Dürli görnüşli ýaprakly tebigatyň ýapraklarynyň reňkinde mata bolýar. Ol ýaprak-

lar sary, goňur, ýaşyl reňkler bilen garyşykly görnüşdedir. Uçardan seredilende, şol matadan taýýarlanan geými geýen adam görünmeýär;

– harby we serhet gullugynyň işgärleriniň içki eşikleri diňe sap pagtadan örülen matadan bolmaly. Sebäbi tebigy süýüm adam bedenine has ýakymlylygy bilen tapawutlanýar. Bu geýimler ýyladyjy diýip atlandyrylýar. Muňa futbolka, triko, jorap degişli;

– palto (şinel) süýümiň galyndylaryndan we kendiriň ýüplüginden dokalman, taýýarlanan drap matasyndan tikilýär. Ol ýeriň, külüň reňkine meňzeş bolup, drop görnüşindäki siluetde tikilýär. Paltonyň etek tarapy giňeýär;

– atynja (şarf) sap arassa ýüňden bolup, boýnuň hem şinel ýakasyna gelşik berýär;

– kitel syrlaşan bolup, baýramçylyk penjegidir. Lawsan ýüň matalardan taýýarlanýar;

– güpbi (buşlat) gabardin matadan bolup, buşlatyň içligi emeli sütük bilen taýýarlanylýar. Güpbiniň ýakasy emeli bagana bilen bezelen, kellä gulakly baganaly telpek bilen geýilýär;

– erkek köýnegi (rubaşka) lawsan matasyndan taýýarlanylýar. Ellips görnüşli harby köýnegi;

– galstuk goýy ýaşyl reňkde taýýarlanylyp, bedendäki köýnege gysyjy bilen berkidilýär;

– kurtka ellips görnüşli bolup, kitele derek geýilýän işewür, harby üstki geýim;

– plaş – egniňe atylýan baş örtgüji bilen taýýarlanan üstki eşik. Gyşyna güpbiniň daşyndan ýagynly howada nobatçylykda geýilýär. Plaş trapesiýa görnüşde taýýarlanylyp, öňki danyna 35 sm ilikli dilik ýerine ýetirilýär. Ol dilik eliňi hereketlendirmek üçin hyzmat edýär;

– pilotka harby gyzlara niýetlenen başgap.

Serhet gullugynyň eşigindäki emblemasynda serhediň taýagy görkezilen. Harby gullukdaky emblemalarda at we welaýatyň bäş göli şekillendirilen. Döwlet gulluk müdirlikleriniň eşikleri reňkleri boýunça, emblemalar boýunça aýry-aýry tapawutlanýar. Gümrükhanada gulluk edýän işgärleriň geými gara gök reňkde taýýarlanylýar. Polisiýa işgärleriniň geými goýy kül reňkde taýýarlanylýar. Prokuratura işgärleriniň ýörite niýetlenilen geýimleri açyk kül reňkde taýýarlanylýar. Gullukda işleýän işgärleriniň aýakgaplarynyň ökjeleri pes we berk bolmaly. Aýakgabyň içinden hemişe sap pagtadan dokalan joraby geýýär.

## §38. HÜNÄR EGIN-EŞIKLERINIŇ TASLANYLYŞY

Işçi egin-eşikleriň modelini taslamagyň baş maksady adamyň kärine we işleýän önümçiliginiň ýa-da işleýän ýeriniň talabyna laýyk bolmaly. Egin-eşikler ýörite önümçilikleriň nusgalaryň we sportuň, ansamblyň ýollary boýunça taýýarlanylmaga niýetlenilýär. Ýörite taýýarlanýan egin-eşigiň durkuny taýýarlamaklygy spesifikasynyň talabyny aýratyn şertleri boýunça mata saýlanylyp, goşmaça bezeg işleri ýerine ýetirilýär.

Egin-eşigiň dürli görnüşleri, olara umumy birleşdirýän ölçegi we talaby boýunça ýerine ýetirilýär. Ol çeperçilik, hili oňaýly hyzmat edişi, zyýanly täsirlerden goranmak bilen baglanyşdyrylýar. Ýöne niýetlenen egin-eşigiň ugrunyň häsiýetiniň niýetlenilişi boýunça tapawutlanýar. Çeperçiliginiň hili, tejribe ähmiýetliligi bilen baglanyşykly tapylýar. Nusganyň baş maksady zyýanly täsirden goranmak hem bolsa, ol egin-eşik bedende oňaýly oturmaly. Bu beýleki adaty eşikleriň esasy talaplarynda, onuň estetika boýunça geýmäge oňaýly taraplaryna üns berilýär. Ýagny baş maksat estetika hili baş maksat bolup, ony hyzmat edijiligi teni goramaklyk ikinji mesele bolup durýar.

Önümçiligiň egin-eşigini taýýarlamaklygyň baş maksady ýerine ýetirilýän işiň adama zyýanly täsir etjek hadysalardan goramaklykdyr. Şonuň üçin taslamanyň resmi taýýarlygyna önümçiligiň adamyň oňaýsyz şertlerini zyýanly täsirlerini öwrenmeli, şoňa laýyklykda mata saýlamaly. Egin-eşik işçiniň tenini tozandan, gyzgyndan, sowukdan, şöhleden, demriň, agajyň gyryndysyndan, ýokary derejeli çyglylykdan, talabalaýyk däl howanyň täsirinden, bugdan, gazdan, ýiti şöhleden, radiaktiw şöhleden we ş.m. ugurlar boýunça goramaly.

Önümçiligiň zyýanly täsirleri öwrenilenden soňra, hünärmene işini ýerine ýetirmäge oňaýly bolar ýaly nusgany döretmeli. Bu meselede işçiniň ulanýan guralynda, enjamynda, maşynda hereket etmäge oňaýly bolar ýaly ýüze çykýan soraglary hasaba almaly. Her hünärlerine önümçiligiň öz talaplaryna görä ýörite egin-eşik taýýarlanylýar.

Ikinji mesele boýunça önümçiligiň şertleri bilen baglanyşykly mata saýlanylýar. Önümçiligiň ýokary gyzgynlygyny göz öňünde tutup, eşigiň gyzgynlykda ýanmaga ukyby ýok bolan ýeňil syk dokalan matasy saýlanylýar. Eşik göni biçüwde taýýarlanylýar.

Demir eredilende şöhleden we syçratgydan goranmak üçin ýylmanak ýüň we zygyr matasyndan saýlanylýar. Bu önümçiligiň talaplarynda nah matasyndan ýörite

egin-eşik taýýarlamak maslahat berilmeýär. Çünki 150° gyzgynlykda nah matasy kömre öwrülip ýanmagy mümkin. Emma ýüň we zygyr matasyna erän demriň galyndylary eräp ýelmeşip, matanyň ýüzüni asbest galyňlygy bilen ýapýar. Nah matasyndan taýýarlanan nusga ereýän demir galyndylary ýelmeşip, şol meýdany deşmek bilen bolýar.

Bedeni kislotadan goramak üçin ýörite ýüň mata saýlanylýar. Bedeni aşgarlardan goramak üçin zygyr berzent matalary ulanylýar. Suwuklykdan bedeni goramak üçin rezin bilen gaýtadan işlenen matalar ulanylýar.

Egin-eşigi geýen işçiniň işi ýerine ýetirýän pursatynda aşgar, kislota, gyzgyn suw, suwuklyklaryň syçraýan damjalary siňmän akýan mata bolmagyny önümçiligiň şerti talap edýär. Tozandan goranmak üçin howa, geçýän tozany saklaýan ýapyk görnüşli egin-eşigiň nusgasy taýýarlanylýar. Oba hojalykçylara, ýol gurujylara, sowukdan, ýelden, ýagyş-ýagmyrdan goraýan egin-eşigiň nusgasyny taýýarlamaly. Sintetika matalary hem ýörite egin-eşigini taýýarlamak üçin giňişleýin ulanylýar. Şu aşakda görkezilen matalar sintetiki matalara degişlidir: klýonka rezin bilen işlenilen, poli binilheorid bilen işlenen, metal ýüplüklerden dokalan kapron, dublirin, norolon we ş.m. penoplast ýyly saklaýjy mata bolup, ol pagta derek kömekçi material hökmünde ulanylýar.

Önümçilikleriň görnüşlerine baglylykda önümçiligiň aýratyn hadysalary bilen baglanyşýan: fartuk (öňlük), halat, kostýum (kurtka, jalbar), kombenzon, ýarym palto, batnik, köýnek, bluzka, ýeňsiz, köýnek we ş.m. önümler taýýarlanylýar.

Önümçiligiň talabyna görä ýokarky egin-eşiklere laýyk goşmaça önümler bilen öwezi doldurylýar. Ýagny başgap, ýaglyk, aýakgap, ellik önümleri degişli. Bu önümler işçiniň esasy egin-eşiginiň stiliniň çözgüdine gabat gelmeli. Taýýarlanýan egin-eşik işçiniň egninde ykjam oturmaly. Onuň taýýarlanylyşy birnäçe böleklerden bolup, onuň jübüleri, manžet, guşak, ilgiçler kärine görä ýerine ýetirilýär.

Ýörite niýetlenen egin-eşigiň estetika tarapy matanyň reňkiniň sazlaşykly tapylmagy, bezeg işleriniň yzygiderliligi, beden ölçegleri bilen düzülmeli.

Önümçilik egin-eşiginiň nusgalarynda bezeg zolagy tehniki estetika häsiýeti ýöredýär. Bu hadysany ýerine ýetirmek üçin reňkli sapakda bezeg tikin bermek dürli ilik, syrma, ildirgiç, furniturasyny oturtmak bilen ýerine ýetirilýär. Ýörite egin-eşigiň düzümi doly çeperçilik taýdan gutarnykly ýerine ýetirilýär.

Biziň döwletimizde işçä niýetlenen egin-eşiginiň modelini ýokary hilde taýýarlamaga döwlet we hünärmenler tarapyndan aýratyn üns berilýär. Tehniki howpsuzlygyň düzgünlerini öwrenip, ýörite önümçiligiň inženerleri, lukman-

lar bilen maslahatlaşyp, birnäçe modelleriň nusgalary taýýarlanylýar. Ýöne bu hem meseläniň çözgüdi däldir. Çünki dünýä tehnologiýasy gün-günden ösýär, stanoklaryň, maşynlaryň enjamlaryň täze görnüşleri önümçiliklere ornaşdyrylýar. Bu enjamlaryň çalyşmagy sebäpli, önümçiligiň häsiýetnamasy üýtgeýär. Şonuň üçin işçi egin-eşigiň hem täze nusgasynyň çözgüdini tapmaly bolýar.

Ýörite egin-eşigiň modeli işçiniň işjeňligine uly täsir edýär. Ol estetika täze döwrüň düşünjesine laýyk bolmaly. Nusganyň durkuny çalyşmak üçin geçen möwsümi şu günüň talabyna laýyk modaly görnüşde sazlaşdyryp ýerine ýetirmeli.

Bu talaplary reňkli taýýarlanýan surat eskizinde anyk görkezmeli. Sporta niýetlenen egin-eşikler esasy sport toplumlarynyň ugurlary boýunça, mysal üçin, gyşda, buzda typmaga, tomus tennis oýnamaga we ş.m. ýerine ýetirilýär.

Sport egin-eşigi owadan we bedene oňaýly edip taýýarlanylmaly. Taýýarlanýan nusgada jyns we ýaş müçesi, paslyň möwsümi bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär. Sport kostýumyna edilýän umumy talaplarda bedene oňaýlylygy, owadanlygy, ýeňil bolmagy, ýyly ýeňil, ýel geçmeýän beden howasynyň yssy geçmeýän görnüşlerde taýýarlanylmaly. Sport eşiginiň has modaly görnüşde taýýarlanmagyna dünýä döwletlerinde uly üns berilýär. Onuň siluet çyzyklary göni we takyk bedende ykjam oturmaly, hereket etmäge oňaýly bolmaly. Çünki sportsmeniň bedeni dürli ugurlara hereket edýär. Näçe hereket edilen ýagdaýda hem şol egin-eşigiň durky owadan saklanýan bolmaly. Şeýle hem şol eşigiň modeline laýyk aýakgaby saýlamaly.

Egin-eşigiň toplumy bedende owadan görünmeli. Çünki bu modelde sportsmenler halkara, döwlet, etrap, şäher derejede geçirilýän sport ýaryşlaryna gatnaşýanlygy göz öňünde tutulýar. Sport eşiginde esasy reňk sazlaşygy dogry talabalaýyk bolmaly. Sport modeli taýýarlananda reňkli matalar gurnalan görnüşde ýerine ýetirilýär. Sport oýunçylara taýýarlanylýan modeliň esasy göze mälim reňkli mata saýlanylýar. Ak reňkli mata ýaşyl, gyzyl, gök, gara reňkler bilen sazlaşdyryp ýerine ýetirilýär. Modeliň reňki çykyş edýän jaýynyň reňki bilen sazlaşmaly. Modeliň taýýarlanylyşy sportsmeniň ruhuny götermeli.

Modele saýlanylan mata owadan, berk bolmaly. Ýygrylmaýan, ýeňil, ýele çydamly, ýumşak, endamyňa ýakymly bolmaly. Köplenç, model üçin sintetika örme matasy saýlanylýar. Ol suwuň, günüň, ýeliň täsirine çydamly hasaplanylýar.

Modeli taýýarlamaga çeperçilik taýdan içgin ýerine ýetirmeli. Taýýarlanýan model dürli görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Modeli taýýarlamagyň baş maksady sportsmeniň meşhur bolýan sport ugry bilen baglanyşýar.




**129-njy surat. Sport egin-eşigi**

Buzda sport bilen meşhur bolan hünärmenlere balak, köýnek, ýeňsiz, kurtka, ýarym palto bilen baglanyşykly nusga taýýarlanylýar. Bu egin-eşikler bilen baglanyşykly başgap, atynja we aýakgap saýlanylýar. Suw sportunyň egin-eşigini taýýarlamak üçin deňiz, derýa, suw toplumlarynda geýiljek egin-eşikleri bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär. Bu egin-eşikleriniň modeliniň düzümine kupalnik, şorty, bluzka, erkek köýnegi, aýal köýnegi, sarafan önümleri degişli.

Düzümiň esasynda dynç almak üçin ýa-da sport ugry boýunça aýratynlykda niýetlenilip nusga taýýarlanylýar. Nusgany döwrüň talabyna görä taslamaly. Soňky dörän modalaryň ösüşi bilen sazlaşdyrmaly.

Estrada egin-eşiginiň taslamasy birnäçe keşpler bilen sazlaşykly ýerine ýetirilýär. Estrada sungatynda ugurlary boýunça drama, wokal, sazçylyk, hor we ş.m. bölünýär. Estrada sungatynyň esasy görnüşi konsert bolup, onuň meýilnamasynda gysgajyk sahna, aýdym, intermediýa, oýunlaryň häsiýetnamalary goýulýar.

Teatr sungatynda birnäçe aktýor sahnada çykyş edýär. Olaryň içinde iki ýa-da dört adam baş gahrymanyň keşbini oýnaýar. Galany köpçülikleýin çykyş etmekligi ýerine ýetirýär. Sahanyň položitel we otritsatel gahrymany bar. Bu ugurlar boýunça sowuk we ýyly reňkli matalar saýlanylýar. Estrada aýdymçysynyň ýeke özi sahna çykýar. Ol öz sungat döredijiligini diňe çykyşy däl-de, egin-eşiginiň naýbaşy bol-

magy, ýüz keşbiniň timarlanyşy bilen halk köpçüligine özüni aldyrýar. Şonuň üçin modeliň modaly taýýarlanylyşy, onuň bezelişine hünärmen aýratyn üns bermeli. Estrada eşiginde çykýan aýdymçy haýsy temada aýdymy ýerine ýetirýär. Tema gaýgyly, şadyýan, lirika, ýeňil ýa-da çuňlaşdyrylan, agras, degişme, milli baýramçylyk bilen baglanyşýan, hojalyk bilen baglanyşýan, wagyz-nesihat aýdymlarynyň görnüşleri boýunça ýerine ýetirilýän ugruny hasaba almaly. Tomaşaçylar aýdymçynyň egin-eşigine seredende, onuň biçüwi, reňki modeliň bezelişini ýokary derejde kabul etmeli.

Ownuk gülli matalar sungat işgärlerine model taýýarlamaga saýlanylmaýar. Çünki ol sahnada ýitýär. Ol özüniň estetika görnüşini pese düşürýär. Köplenç, bir reňkli mata saýlanylýar. Model taýýarlananda aktýoryň kemini ýapmaly.



a) b) ç) d)

**130-njy surat. Tansçylaryň egin-eşiginiň nusgasy**

Bu modeli taýýarlamak üçin ulanylýan ýüň, ýüpek, kapron, gipýur, tafta, parça we başga-da birnäçe görnüşli matanyň reňki, görnüşi göze ilýän adamyň ünsüni özüne çekýän bolmaly. Bezeg işleri öwüsýän furnituralar, nagyşlar, aýnaly hünji, monjukly applikasiýalar bilen ýerine ýetirilýär.

Kostýumyň taslamasynda onuň düşýän gymmaty ýokary, çykdajylary adaty egin-eşigiňkiden has 77,611 mm ýokary. Sebäbi oňa harçlanýan matanyň işlenip taýýarlanyşy, bezelişi we şol modeliň doldurylyşy örän gymmata düşýär.

## §39. MODELLERIŇ ATLANDYRYLYŞY

Modanyň görnüşleri durmuşdaky tikin önümleriniň düşündirilişini talap edýär. Göz salym wagtynda, gysga möhletde moda adamlaryň arasyna ýaýraýar. Gelşi ýaly kän möhlet bolaýan halatynda-da, üç ýyldan ýa-da on ýyldan şol ýoň aradan aýrylýar. Şonuň ýaly hem modanyň atlandyrylyşyny anyklaýan adalga döredilmese, edebiýatlarda saklanmasa, ýazgylaryň üsti bilen model beýan edilmese, ýylyň geçmegi bilen modada ulanylýan görnüşleri, modanyň durky ýatdan çykmak bilen bolýar. Modanyň adalgasy örän giň taýýarlanylyp, modelýere kömekçi edebiýat bolup hyzmat edýär. Ilatyň arasyna ýaýrap, halka modaly eşik taýýarlamaga, islegini kanagatlandyrmaga kömek edýär. Hünärmenleriň arasynda modany atlandyryş adalgasy resmi goldaw bolup, eşik bilen baglanyşdyrylan “Modanyň açary” diýip atlandyrylýar.

**Iňlis penjegi** – bu penjek şeýle atlandyrylyp, eşigiň agras saldamly görnüşi, reňki we stili işewür erkek adamlara laýyk gelýän model hasaplanylýar. Bu moda XVIII asyrda modanyň sahypalarynda Fransiýada inlisleriň teklibi boýunça taýýarlanylyp, iňlis penjegi ady bilen döredilen eginbaşdyr. Fransuzlar ilki bilen gadymy penjeklerini **kaftan** diýip atlandyrypdyrlar. Kaftan ýüpek matasyndan taýýarlanypdyr. Onuň aşagyndan gysga, dyzçanaga çenli uzynlykda balak geýipdirler. Ol balak çişirilen görnüşde, dyzçanagy ýapýan uzynlykdaky, manžetli **klýuty** diýlip atlandyrylýar. Iňlisler fransuzlara at aýlawynda geýer ýaly gündelik berk penjegi taýýarlamagy teklip edipdirler. Iňlis penjegi döredilensoň fransuzlar kaftan geýmesini bes edipdirler. Onuň aşagyna dar gysga balak geýmegi teklip edipdirler. Ol balagyň ady **pantalon** diýlip atlandyrylypdyr. Pantalonyň aşagyndan uzyn gonçly ädik geýipdirler.

Iňlis penjeginiň durkuna salgylanyp, fransuz zenanlary giň köýnekleriniň durkuny üýtgedipdirler. Olar tikýän modellerini iňlisleriň teklipleri esasynda taýýarlap, iňlis modeli nusga diýip atlandyrypdyrlar. Hünärmen zenanlaryň ýörite bir ugra gönükdirilen zenan eşigini öndürýän ýa-da erkek eşigini öndürýän hususy önümçiligi

bolupdyr. Olar öň ýüpek, parça, sifon matalaryň dok reňklerinden köýnek geýen bolsalar, ýuwaş-ýuwaşdan ýüň, ýüpek, asuda reňkli ownujak gülli matalardan syrlaşan görnüşde model taýýarlap başlapdyrlar. Iňlis modelinde köýnek tikip taýýarlamak has bähbitli we ykjam bolupdyr. Taýýarlanýan köýnekleri epinli görnüşde, etegi dik dilik görnüşde taýýarlapdyrlar. Şeýlelik bilen, iňlis modelindäki nusgalar dünýäniň ähli künjegine ýoň bolup ýaýraýar.

**Anorak** – bu eşik demirgazykda ýaşaýan adamlara hyzmat edip, olary ýelden we sowukdan gorapdyr. Häzirki döwürde bu nusgalar sport eşigi diýip atlandyrylýar.

**Balet ýubkasy** – ol zenan köýneginiň aşaky ikinji bölegi. Olar ýaýran görnüşinde taýýarlanyp, gataňsy matadan işlenilip, opera baletde çykyş edýän aktýorlara niýetlenipdir. 70-nji ýyllarda balet ýubkasyndan “Mini”, “Midi”, “Maksi” ýubkalaryň modelleri tapylýar.

**Balet köwşi –** bu etýud köwşi däldir. Bu ýumşak köwüşde balerina sahna çykýar. Köwüşler ökjesiz taýýarlanylýar. Köwşüň aşaky bölegi deriden, ýokarky bölegi berk tehas matasyndan ýa-da ýumşak deriden taýýralanylýar.

**Batnik** – iňlis sözünden terjime edilen, “köýnegiň ilikleri döşe çenli” diýen manyny berýär. Aýal köýneginiň ýokarsy bluzka diýlip atlandyrylýar. Bu köýnege fransuz modelýeri Kaşarel tarapyndan görkezildi. Batnik trikotaž matasyndan taýýarlanylýar.

**Beret** – bu başgap bolup, onuň dürli görnüşleri bar. Beret elde örülipdir. Dokalýan we dokalmaýan matadan taýýarlanypdyr. Beret taryhy geýimleriň biri bolup, XV asyrda döredilipdir we il arasynda ýoň bolupdyr. Beretler togalak we birnäçe burçly görnüşde taýýarlanylýar. Olar barhatdan, ýüpek, ýüň matalardan hem taýýarlanypdyr. Baş örtgüji guşuň peri, dürli daşlar bilen bezäpdirler. Olar ýumşak ýa-da gaty görnüşde taýýarlanylýar. Beretleri erkekler we aýallar geýýärler. Şonuň ýaly hem berediň käbir görnüşlerini harby gullukda hem ulanýarlar. Beret moda gelip, gidip durýan baş örtgüjidir.

**Bleýzer** – bu aýal penjegiň bir görnüşi hasaplanylýar. Biçüwi göni, asuda görnüşde. Ýakasy şal ýa-da iňlis görnüşde inçejik uzyn edip taýýarlanylýar. Bleýzer ak, goňur, gök, goýy gyzyl, syýa reňkleri matalardan taýýarlanylýar. Olaryň ýeňiniň agzy epinli görnüşde. Bleýzeri aýallar ýubka ýa-da jalbar bilen geýýärler. Aýal ýubkasy epinli görnüşde taýýarlanylýar. Bu penjegiň modelini, köplenç, ak reňkli matadan taýýarlapdyrlar.

**Boa** – bu zenan maşgalalary üçin bezeg atynjasy bolup hyzmat edýär. Sütükli deri haýwanyň guýruklaryndan taýýarlanylýar. Şonuň ýaly boa atynjasy bezeg üçin guşuň perlerinden 2 m. uzynlykda taýýarlanylýar. Boa 1812-nji ýylda Ýewropada ýoň bolýar. Bu önümi sungat äleminde giňişleýin ulanýarlar.

**Bodi şorty** – önüm ýokarsy we balagy bilen bitewi biçilýär. Bu geýmiň özboluşly biçüwi döredilýär. Bodiler trikotaž matasyndan çagalara tikilýär. Bitewi biçilen eşigiň balagy gysga dyzçanaga çenli edilip taýýarlanylýar. Taýýarlanýan geýmiň öňi ilikli, knopkaly, syrmaly we iliksiz görnüşde bolýar.

**Jalbar** – erkek adamyň jalbary diýlende diňe penjegiň balagyny göz öňüne getirip bolmaz. Jalbarlaryň görnüşleri dürli-dürli. Olar uzynly-gysgaly, dar we giň görnüşlerde bolup, hersiniň atlandyrylyşy bolýar. Jalbary hemme erkek adamlar geýýärler. Olaryň islegini kanagatlandyrmak üçin jalbaryň modelleriniň görnüşleri kän. Talabalaýyk uzynlykda tikilen banan görnüşli jalbara "banan jalbar" diýilýär. Bu nusganyň bil kemeriniň ýeri beýik bykynda giňişlik döretmek üçin epinli çuň dan bilen modelirlenýär ýa-da bu balaga "retro jalbar" diýilýär. Syrlaşan teniniň görnüşini görkezýän jalbara "golefe" diýilýär. Bu jalbarlary soňky döwürde aýallar geýýärler. Jalbaryň göni ýarym syrlaşan görnüşine "çilim görnüşli jalbar" diýilýär. Bu jalbary beýik ökjeli köwüş ýa-da ädik bilen geýmek amatlydyr. "Jinsi" jalbarlary dürli görnüşdäki biçüwlerde taýýarlanylýar. Jinsi jalbarynda 10 belgili sapak bilen bezeg işi yzygiderli ýerine ýetirilýär. Olaryň dyzyndan ýokardaky ölçegde gysga görnüşleri (şorty) hem taýýarlanylýar. Bu şortular çagalara, uly adamlara dynç almaga niýetlenilýär. Uly erkek adama niýetlenen şortular deňiz gyralarynda dynç almaga, sport üçin bedene hyzmat etmäge amatlydyr. "Klýufy" jalbarlar gysga bolup, ol dyzyňdan aşakda bolýar. Jalbaryň "golf", "gözenek" (kletka) görnüşli matadan taýýarlanylýar. Aşagy manžet bezegi edilýär, bil guşaklygyň gyrasy ilikli görnüşde taýýarlanylýar. Şähere gezelenç etmäge niýetlenen jalbar. Bu geýim XX asyryň 20-nji ýyllarynda döredildi. Gyzlara we zenanlara bermudy balagy jinsiden, örme matadan, ýarym nah matadan taýýarlanylýar.

**Bubu** – bu eşik Afrika döwletinde taýýalanylyp, ol deňziň gyralarynda geýmäge niýetlenen. Ol gönüburçly nah matasyndan taýýarlanýar. Bu eşik egne geýilýär.

**Galstuk** – boýun daňysy bolup, ol taryhy önüm hasaplanylýar. Gadymy Rimde boýun ýaglygyny geýme bezeg bermek üçin ulanylypdyrlar. XVII asyrda ýaglyk görnüşi ýuwaş-ýuwaş modadan aýrylyp, öz şu günki durkunyň inçe, ýogyn, kelte, uzyn görnüşlerini ulanyp başlaýarlar. Taryhda şa oglanyň boýnuna ýara çykýar. Şol ýarany ýapmak üçin boýnuna ýaglyk daňýar. Şondan soňra galstuk döreýär.

**Galstuk kebelejik** – bu bezeg önümi çagalaryň we erkek adamlaryň egin-eşiginiň köýnegine bezeg üçin goşmaça ulanylýar. Kebelejik açyk reňkli köýnegiň üstünden ulanmaga niýetlenen. Sungat işgärleriniň sahna çykyşynda boýnuna dakynýan tikin önümi.

**Gamaşi** – dyzçanagyňy ýapýan uzynlykdaky syrlaşan balak bolup, bu geými aýal maşgalalar we gyzlar geýýärler. Balak trikotaž matasyndan taýýarlanylýar. Ol aýal maşgalanyň içki geými hasaplanylýar. Ýöne fransuz erkekleri klýuty balagy modadan aýrylandan soň gamaşi geýipdirler. Uruş döwründe erkek adamlar jalbaryň aşagyndan gamaşi geýipdirler.

**Şpilka tuflisi.** Bu köwüşler aýal maşgalalar üçin modaly aýakgap bolup, ähli döwletlere ýaýraýar. Köwüşler derileriň dürli görnüşinden we emeli deriden ýylpyldyly lakly, belli deriniň görnüşlerinden taýýarlanylýar. Bu moda şu güne çenli hem dowam edýär.

**Iki ýüzli önüm** – bu eşigi iki ýüzüne geýmek bolýar. Iki ýüzli önüm gyşda eşigiň daşyndan geýilýän üstki eşikleri taýýarlamak üçin maslahat berilýär. Ýagny bu nusga ilki daşky we içki gatyna, matanyň bezemen görnüşi talabalaýyk edip saýlanylýar. Önüm taýýar bolandan soň içki we daşky ýüzüne hem ony geýmek maslahat berilýär. Bu görnüşli eşiklere kurtka, žaket, ýeňsiz degişli.

**Derbi** – mikrostildäki sport geými hasaplanylýar. Derbi geými aýakgaby bilen bilelikde modeli taýýarlanylýar. Ol at çapyksuwarlarynyň eşigidir. Derbi eşigi bedene syrlaşan görnüşde ýerine ýetirilýär. Derbi geýmiň şlýapasy, baş örtgüji kül reňkde bolup, şlýapanyň gara bagjygy bolupdyr.

**Lawabl** – bu fransuz sözi bolup, “arassalanýar we ýuwulýar” diýen manyny berýär. Lawabl matasyndan taýýarlanan önümi näçe ýuwsaň hem öz durkuny ýitirenok, şol täze durkuny saklaýar.

**Palto** – alym W.Dal palto sözüni eşigiň daşyndan geýilýän daşky köýnek diýmegi aňladýar. Ýagny palto “platýe” diýen rus sözünden many alýar.

**Penýuar** – bu aýal maşgalanyň içki bezemen ýeňil köýnegine we halada aýdylýar. Penýuar agşam ýatanda geýilýän geýim hasaplanylýar. Ol ýüpek, atlas matasyndan tikilip taýýarlanylýar. Bu önüme ownuk bezegler hem berilýär. Ol geýeniňde bedene ýakymly bolup, daşky görnüşi hem şeýle özüne çekiji.

**Safari** – bu söz “Afrika” sözünden gelip çykýar. Terjimesi “jeňňele awa gitmek” diýmegi aňladýar. Safari nusgasy awa şikara gitmek üçin diýseň oňaýly egin-eşik hasaplanylýar. Bu jins matasyndan, haki, goňur reňkdäki matalardan, deriden taýýarlanylýar. Eşikde bezeg jübüjikleriň birnäçesi ýerleşdirilýär. Penjegiň we balagyň etegi seçekli edip taýýarlanylýar. Bilinde bolsa gaýyş deriden berk bezemen guşak geýilýär. 1960-njy ýyllarda awçylar bu eşikde pilleri, ýolbarslary awlapdyrlar. Bu geýimleri şol döwrüň özüne göwni ýetýän baý adamlary geýipdirler. Modeliň awtory modelýer Iwsen Lorangy önümi dünýä ýüzüne ýaýradypdyr. Safari

jalbaryň etegi uzyn seçekli tikilýär. Penjegiň içinde boýun ýaglygy ýa-da atynja ulanylýar. Safari sözi türkmen dilindäki “sapar, gezelenç” manyny berýär.

**Kowboýka** – gözenek şekilli matadan taýýarlanan erkek we aýal maşgalanyň bykyna çenli taýýarlanýan köýnegidir. Kowboýka köýnegiň ýakasy, jübüsi, ýeňi, egni dürli görnüşde bezemen taýýarlanyp, ony gyşda geýmek maslahat berilýär. Köýnegiň eteginiň iki gyrasy kesik bolup, jalbaryň içine salynmaýar.

**Kombenzon** – bu nusga uzak wagtlap işçi geými hasaplanylypdyr. Gara işçiler üçin oňaýly nusga hasaplanylyp, dürli ölçegdäki jübüler bilen bezelipdir. Ol dürli görnüşdäki ölçeglerde taýýarlanylýar. Kombenzon baş örtgüç, köýnegi, jalbary bilen bitewi taýýarlanylýan önüm hasaplanylýar. Wagtyň geçmegi bilen modelýerler kämilleşip, çagalaryň geýminiň daşyndan geýilýän gyşky önümiň nusgasy taýýarlanylýar.

**Kombinirlenen (gatyşykly) geýimler** – bu geýimler 1950-nji ýyllarda ýoň boldy. Gatyşyk görnüşdäki tikin önüminden sport, çaga eşikleri şu güne çenli hem taýýarlanylýar. Guramaly köýnekler modelleriň döremeginiň kämilleşmegi bilen zenan köýnekleri we erkek köýnekleriň dürli görnüşleri geometriýa figuralary ölçegleri bilen baglanyşykly taýýarlanylýar.

**Komplekt** – eşigiň toplumly görnüşine, ýagny birmeňzeş matadan adama bir wagtda hyzmat etjek egin-eşige adyna aýdylýar. Meselem: erkek adamyň penjegi, ýeňsizi, jalbary, kepkasy.

**Konoto** – gamyşdan ýasalan erkek adamyň baş örtgüji. Deňziň gyrasynda dynç almaga niýetlenen baş örtgüç. Baş örtgüjiň etek bölegi giň, saýawan görnüşde bolýar. Jähek bilen işlenilýär.

**Korset** – arkasy ýüplüje, bagjykly aýal koftasy we köýnegiň içinden geýilýän önüm. Ol ýüpek matadan tikilýär. Korset biçimde durmuşa çykýan gyzlaryň köýnekleri taýýarlanylýar.

**Hindi holi** – hindi aýalynyň göbekden ýokarda durýan milli köýnegi. Holi köýnegi syrlaşan görnüşde taýýarlanylýar. Holiniň ýakasynyň açylyşy egne tarap giňeýär. Ýeňiniň biçilişi bolsa has gysga tirsekden ýokarky ölçeglerde taýýarlanylýar.

**Hindi sarisi** – hindi aýallarynyň mata böleginden eginlerine oraýan milli geýimleri. Sariniň uzynlygy 6 metr bolup, ol bedene saralýar we koketkaly göni görnüşde dyzçanagy ýapýan görnüşli köýnek taýýarlanylýar. Eger-de hindi köýnegi syrlaşan uzyn görnüşde taýýarlanylsa, onuň iki gyrasy dik dilikli bolýar. Köýnegiň aşagyndan aýal geými geýilýär. Aýal geýminiň dyzyndan aşagy syrlaşan görnüşde taýýarlanylýar. Bu modele yssy ýurtlarda geýmäge uly höwes bildirýärler.

**Kapýuşon** – baş örtgüç. Kapýuşon, esasan, çagalaryň, işçileriň üstünden geýilýän üstki eşiklerinde bitewi taýýarlanylýar.

**Kilet** – şotlandlaryň milli geými bolup, erkek adamyň ýubkasyna aýdylýar. Bu önüm gözenekli kletka görnüşli ýönekeý ýüň matasyndan tikilýär. Ýubkanyň gapdalyna, yzyna epin bezegleri berilýär. Ýubkanyň öňi artykmaç goýberme bolup, iňlis iňňebagjygy bilen baglanylýar. Ýubkanyň öňünden birigýän ýerine seçekli bezeg berilýär.

**Kimano** – bu eşik hytaýlylaryň milli halady. Bu eşigiň biçüwi ýerganat görnüşinde bolup, ýeň beden bölegi bilen bitewi biçilýär.

**Smoking** – bu nusga restoranlardaky, naharhanalardaky ofisiantlaryň ýörite eşikleri. Smoking eşigini Beýik Britaniýanyň premýer-ministri Bendžamin Deýsraelli oýlap tapdy. Çünki bu nusgada myhmanlara hyzmat edilende, myhman özüni asuda duýýar. Şonuň ýaly hem hyzmat ediji işgäriň nusgasy öz zähmetiniň talabyna laýyk ýerine ýetirmäge ukyply. Ýagny müşderi eşigiň üsti bilen hyzmat edijini tanaýar.

**Supat** – bu aýal köýneginiň, aýal we erkek adamyň jalbarynyň, paltosynyň ilgijidir. Bu ilgijiň üsti klapon ýa-da planka bilen ýapylýar. Köp halatda supat aýal köýnegi ýüpekden taýýarlananda we paltolaryň dürli görnüşi ýerine ýetirilende giňişleýin ulanylýar.

**Sýurtuk –** erkek adamyň uzyn, iňlis ýakaly, iki hatar ilikli penjegine aýdylýar. Penjegiň öňi biline çenli bolup, arka bölegi uzyn, etegi aýlawly, syrtyny ýapýan bolmalydyr. Bu önümiň mekany Angliýadyr.

**Týurban –** saralan görnüşdäki baş örtgüji ýa-da ol çalma, selle diýlip atlandyrylýar.

**Welýur –** bu sütükli mata bolup, ýüňden, ýüpekden, nahdan taýýarlanylýar. Türkmençe mahmal ýa-da çyzykly pombarhat diýilýär.

**Wişi –** gözenek (kletka) şekilindäki matanyň atlandyrylyşy. Ol Fransiýada döredilen. Gözenek ak-gyzyldan, ak-garadan ownuk görnüşde bolup, ýassyk, ýorgan-düşek daşlyklar, erkek köýnek tikmek üçin ulanylýar.

**Denim –** örän berk, diýseň syk dokalan nah mata. Denim matasy geçen XIX asyryň ahyrynda fransuzlar tarapyndan oýlanyp tapylýar. “Denim” sözi Fransiýanyň Nima şäheriniň adyndan gelip çykýar. Bu matany önümçilikde işleýän işgärlere ýörite niýetlenen eşik taýýarlamak üçin dokalypdyr. Denim matasyndan öndürilen önüme Amerikada ýaşaýan maldarlar we kowboýlar höwes edip, dürli görnüşdäki modelli eşikleri geýipdirler.

**Jinsi –** bu matanyň özboluşly taryhy bolup, Amerikanyň fabrikanty Lewi Straus 1850-nji ýylda döredip, öndürip başlaýar. Bu matany ilki brezent diýip atlandyrypdyrlar. Muňa garamazdan, önümçilikde matany ýumşatmak üçin durkuny şeýle bir kämilleşdiripdirler welin, kärhanada, zawodlarda işleýän işçiler jinsiden taýýarlanan ýörite eşikleri höwes bilen geýmegi şu güne çenli dowam edýärler.

**Kaşemir** – ýeňil ýüň matasy. Kaşemirden adamlara niýetlenen daşky üstki eşik bolan palto, ýarym palto, penjek taýýarlanylýar. Kaşemir matanyň ýuka görnüşinden atynja, köýnek, žemper taýýarlanylýar.

**Batist** – ýuka, ýumşak, ýeňil nah mata. Batist matadan çaga geými ýa-da el ýaglyklar tikilýär. Öňler batist matasy zygyrdan hem dokalypdyr. Zygyrdan dokalan batistden ýorgan-düşekleriň daşlary tikilýär.

**Şuba** – XIV asyryň soňunda Fransiýada ýaýraýar. Ol gündogar kaftanyň şekilinden alnyp döredilipdir. Şol döwürde şubany barly adamlar geýipdirler. Şubany dabaralara, gezelenje gidenlerinde geýipdirler. Şuba uzyn ölçegde giň taýýarlanyp, ýeňiniň etegi giň ýere çenli uzyn edip taýýarlanypdyr. XVI asyrda Germaniýada şuba “şauba” diýlip atlandyrylypdyr. Germaniýada şaubany korollar, barly adamlar, sowatly erkekler, magistriň agzalary geýipdirler. Şaubanyň uzynlygy dyza çenli bolup, ýakasy dik görnüşde ýerine ýetirilipdir. Şaubanyň öňi iliklenip ýa-da ýüp geçirilip daňylypdyr. Ezarm Potterdamskiý ýarawsyzlygy sebäpli, iki sany şaubany üsti-üstüne geýipdir. Şuba önümi häzirki wagta çenli dürli görnüşli biçüwler bilen kämilleşdirilip, şu güne çenli öndürmek dowam etdirilýär.

**Palto** – XVII asyrda Ispaniýada döredilip, oňa Kristiýan eşigi diýilýär. Ol Ispaniýanyň (P A L L E O G U E) diýen sözünden gelip çykyp, kapişonly plaş diýmekligi aňladýar. Plaş, esasan, dabaralar üçin niýetlenilipdir. Palto maksi, midi, mini ölçeglerde taýýarlanypdyr. Agşamlyk dabaralara geýmäge parça, barhat matalaryndan palto taýýarlanypdyr.

**Kaftan** – bu önüm türkleriň döredijiligi hasaplanypdyr. Bu ideal üstki eşik hasaplanypdyr. Kaftanyň ýyladyjy işlikli we işliksiz görnüşleri bolup, olar giň kaftanlar ýakasyz, iki ilikli bolupdyr. Ýüpek, parça matasyndan taýýarlanan kaftany şalar, baýlar, ilçiler dabaralarda geýipdirler. Wladimir guberniýasynda kaftançik ýa-da kazakin diýip atlandyrypdyrlar. Kaftanlyk 1 m 2 mata dokamak üçin 60-80 sagat wagt harçlanypdyr. (Ýüplük, mata) XVI asyrda Fransiýanyň koroly eşiklerini bezemek üçin 13600 sany gyzyldan ilik alypdyr. Ilikli eşik modaly hasaplanypdyr. Bu moda asyrlap dowam edipdir.

**Korset** – XIV-XV asyrlarda döredilip deriden taýýarlapdyrlar, ol, esasan, bedeni gözel görkezmek ýa-da saglygy goramak üçin niýetlenilipdir. Ol Fransiýanyň (G O R P S) sözünden gelip çykyp, beden diýmekligi aňladypdyr. Ony gadymy halklar hitonyň ýa-da tunikonyň aşagyndan geýipdirler we öz beden garnyny gysyp, çekdiripdirler. IX asyrlarda gwardiýanyň leýtenantlary ulanypdyr. XIV-XV asyrlarda Ispaniýanyň aýallary garnyny çekdirip bykyny owadan görkezmek üçin

korset geýipdirler. I Jahan urşundan soňra, belli bir wagt korset ýaşaýyşdan aýrylyp, korsete derek guşak dakylypdyr.

**Penjek** – 1910-1914-nji ýyllarda Gollandiýada döredilip, Frak eşiginiň ýerini tutupdyr. Ol oňaýly eşik hasaplanyp, penjege gysga palto diýip atlandyrypdyrlar. 1860-njy ýyllarda bir meňzeş matadan penjek, jalbar, ýeňsiz tikilip başlanypdyr.

**Ýubka** – XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda bilden aşakdaky ölçege ýassyk daňylyp üstünden ýubka geýipdir. Ýubka Polýak we Nemes sözleri hasaplanýar. XVIII-nji asyrda ýubka önümi jemgyýetde öz ornuny tutup, teatr sungatynda geýinmeklik mertebe bilnipdir. Şol asyrda Nemes halklary şleýfli ýubkany ybadathanada şeýtanyň duzagy diýip hasaplapdyrlar. Ybadathana gelmişeklere, (gulluk etmeýänlere) ýubkaly girmek düýbünden gadagan edilipdir. Düzgüni bozanlara çäre görlüp, halkyň içinde çykarylyp olaryň ýubkalaryny ýakypdyrlar. Beýle geýinmekligi halk ýazgarypdyr.

XIX asyrda ýubkanyň nusgasynyň biçüwi kämilleşip, aristokrat zenanlaryň eşigi hasaplanylýar. Ony kžuwal, tolkunlar, nagyşlar, tikiniň dürli görnüşleri bilen bezelip, ýubkany ýere çenli uzynlykda tikip taýýarlapdyrlar.

**Jalbar**. Fransiýada ZOKD SAND (1804-1876) edebiýat döredijiliginde jalbaryň mahabatyny şöhratlandyrypdyr. Grekleriň we şotland erkek adamlary balaga derek ýubka geýipdirler. Balak biziň eramyzdan 500 ýüz ýyl öň döräpdir. Bu önüm ýubkanyň nusgasyna meňzeş edip döredilýär.

1911-nji ýylda Parižiň modeller öýünde ýubka görnüşli jalbar döretmegi maksat edinipdirler.

1143-1180-nji ýyllarda (Ştany) Wizantiýanyň imperatory Manuil batly sesi bilen eşgerlerine: “Türklere özüňiziň balak geýýändigiňizi görkeziň” diýipdir.

1940-njy ýylda Los-Anželesde jinsi matadan aýallar üçin niýetlenen jalbary ýola goýýar we ýeňiş gazanýar. Jalbar welosiped sürmäge, sport bilen meşgul bolýanlar üçin örän amatly hasaplanypdyr.

1960-njy ýyllarda Kembrij uniwersitetinde gyzlara jalbar geýmek rugsat berilmändir.

**Aýakgap.** Grekler uzak wagtlap aýakýalaňaç gezmegi modaly hasaplapdyrlar. Grekler ilki aýakgap döredenlerinde sag we çep aýaga aýratynlykda dürli görnüşde aýakgap taýýarlapdyrlar. Gezelenje gidýän adamlar aýakgap edinmäge mejbur bolýarlar. Grekler we Dionisiý gadymy grek uzyn dyza çenli gonçly ýüpli aýakgap geýipdirler. Artistler köpçüligi beýik ökjeli köwüş geýipdirler. Guşakly aýakgaby gündogar halklary döredipdir.

Häzirki wagtda aýakgap muzeýi Çehoslowakiýada we Şweýsariýada bar. Bu muzeýde dürli ýurtlaryň we milletleriň dürli ýyllardaky aýakgaplary ýerleşdirilen. Ilkinji bolup aýakgap gadymy Müsürde döredilipdir. Şol döwürde Faraon we onuň egindeşleri aýakgabyň bir görnüşini, ýagny sandal geýipdirler. Emma Faraonyň aýalynyň aýagy ýalaňaç bolupdyr. Olar ilkinji aýakgaby palmanyň süýüminden taýýarlapdyrlar.

Rimliler öň daşarda geýmek üçin aýratyn aýakgap döredipdirler. Dagystan aýakgap ussalary haýwanlaryň derisinden gelinler üçin ýörite toýa niýetlenen uçly, ujy aýlanýan bezegli ädik taýýarlapdyrlar. Bu ädigi maşgalanyň gymmatlyklary hökmünde sandykda saklapdyrlar.

**Ýüz keşbiň bezelişi.** Adamlar ilkidurmuş jemgyýetinde tebigy ösümlik ýagy, haýwanlaryň ýagy, tebigy reňkler, palçyk bilen gözüniň gyrasyny, dodagyny, gabaklaryny reňkläpdirler. Bu bezegi owadan görünmek üçin däl-de, toparlarynyň aýratynlygyny görkezmek we duşmanlaryna haýbatly görünmek üçin çalypdyrlar. Arheologlar adamlaryň 17 sany reňkleri ulanandyklaryny anyklapdyrlar. Zenanlar haçan dodagyny boýap başlapdyrlar diýip pikirlenýänsiňizmi? Arheologlaryň çaklamasyna görä, biziň eramyzdan öňki II-III müňýyllyklarda bolandygyny Niliň eteginde iş geçirilende (dodak, ýaňak, we gözüň reňkleri) anyklapdyrlar. Onýyllyklaryň geçmegi bilen hyna, basma, sürme ulanylypdyr. Alnan gara reňki ýag bilen garyp, aýna gapda saklapdyrlar. Doňzuň süňküni ýa-da kümüş taýagy gara garynda batyryp, gaşyny, gözüni, kirpiklerini reňkläpdirler. Sürme gözüň göwrümini ulaldypdyr, gözüň keşbini janlandyrypdyr. Gündogar aýallary dabanyny, eliniň aýasyny gan gyzyl reňk bilen reňkläpdirler hem-de dodaklaryna gök reňk çalypdyrlar. Olar dodaklarynyň gyralaryna, ýüzüne, eňegine nagyş tatirowkasyny çekipdirler. Ol öçmän ep-esli wagt hyzmat edipdir. Musulman halkynyň gyz-gelinleri toýlarda üýşüp, eliniň aýasyna, dabanyna hyna çalypdyrlar (hindi, owgan, arap, pakistan, täjik, buluç, özbek we ş.m.).

**Kosmetika**. “Kosmeýn” sözi grek sözünden gelip çykyp, “bezemek” diýen manyny aňladýar. Hytaý zenanlary tüwiniň, darynyň uny bilen ýüzlerini agardypdyrlar.

Fransiýada ýaňagyna gyzyl çalynmadyk aýaly kemli hasaplapdyrlar.

**Pudr**. “Poudre” sözi fransuz sözünden gelip çykyp, tüwiniň krahmaly diýen manyny aňladýar. Tüwiniň krahmaly kähalatda ýüzüň derisine zelel ýetirip bilýär. Muňa garamazdan, müsürliler pudranyň gyzyl, sary reňkini ulanyp, şu güne çenli Afrikada, Amerikada hem ulanylýar.

Amazonka, Ýewropada at münýän kese oturmaga niýetlenen zenanlaryň uzyn köýnegi örän modaly köýnek hasaplanypdyr.

Baul – sandyk, ýol çemodany diýip atlandyrylýar.

Hünji (biser) – slawýança, arapça “busra” sözi “ýalan suw merjeni” diýen manyny aňladýar. Dürli reňkli aýnadan taýýarlanan hünji nagyş we daňylýan bezeg taýýarlapdyrlar.

Galife – 1830-1909-njy ýyllarda Harby Galife generallaryň etegi düşüp duran dyzdan ýokarsy giň jalbar bolupdyr.

Garnitur – bir ugura gulluk edýän serişdä aýdylypdyr (içki eşik, mebel egin-eşik we ş.m.).

Klobuk – Beýik monahlaryň kellelerine geýmek üçin niýetlenipdir. Ol gara reňkli matadan taýýarlanypdyr. Monahlaryň başgaplary bolup, ol hem gara reňkde bolupdyr. Ak reňkli matadan taýýarlanan görnüşini patriahrlar we mitropalit keramatly atalar geýipdirler.

Neýlon – Polimitden alnan süýümi we matasy. Ol ABŞ-da 1935-nji ýylda “Dýupon” firmasynyň alan önümleri. Ol tehnikada we dokmaçylykda uly orun tapdy. Sintetika süýüme 380 golaý at beripdirler: Neýlon, deriden kapron, silon, perlon, rislan we ş.m.

# NUSGANYŇ GÖRNÜŞI WE MODELIRLENILIŞI



**131-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**132-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**133-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**134-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**135-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**136-njy surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**137-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**138-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**139-njy surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**140-njy surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**141-nji surat. Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi**



**142-nji surat. Aksessuarlar**



**143-nji surat. Täze biçüwdäki egin-eşigi**



**144-nji surat. Milli egin-eşiginiň nusgasy**



**145-nji surat. Sport türgençileriň egin-eşigi**



**146-njy surat. Sport stilindäki nusga**



**147-nji surat. Folklýor egin-eşiginiň nusgasy**



**148-nji surat**

# KURS IŞLERINI WE TASLAMALARYNY ÝERINE ÝETIRMÄGE HÖDÜRLENÝÄN NUSGALAR



**149-njy surat**



**150-nji surat**



**151-nji surat**



**152-nji surat**



**153-nji surat**

# EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze beletliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. – Aşgabat, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – Aşgabat, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. 1-2-nji tomlar. – Aşgabat, 2010.

6. *Jikiýew A.* Geýmiň taryhy. – A., 1979.

7. *Блак А.Ф., Фомина З.М.* Конструирование и конструктивное моделирование женской одежды. – М., 2001.

10. Основы художественного проектирования одежды. – М., 2003.

11. Моделирование и художественное оформление женской и детской одежды. – М., 2002.

12. Азбука моды. – М., 2006.

13. Ağaç, Saliha ve Birsen Gül Çileroğlu, Kalite Kontrol 1 Kalite ve Kalite Kavramları Hazır Giyim Üretiminde Ana ve Yardımcı Malzeme Kontrolü, Ya-Pa Yayın Pazarlama San. ve Tic. A.Ş., İstanbul (2004).

14. Ağaç, Saliha ve Şule Çivitci, Kalite Kontrol 2 Hazır Giyim Üretim Sürecinde Kalite Kontrol, Ya-Pa Yayın Pazarlama San. ve Tic. A.Ş., İstanbul (2004).

15. Bayraktar Fatma, Giyim, Sim Matbaası, Ankara, 1993.

16. Birsen Çileroğlu, Ağaç Saliha Ağaç, Sipariş Formu Hazırlama, YA-PA Yayınları, İstanbul, 2006.

17. İmaj Abiye Modaevi ve Dergileri.

18. Meb Komisyon Tekstil Uygulama, Milli Eğitim Basımevi, İstanbul, 1994.

19. Koca Fatma, Emine Koç, Temel Dikiş Teknikleri 1 Etek-Pantolon, Kök Yayıncılık, Ankara, 2006.

20. Taşpinar H.Cahit Hazır Giyimde Tela Seçme ve Kullanma, İTKİB Eğitim Şubesi, İstanbul.2003.

21. *Yurttaş Leyla*. Yayınlanmamış Ders Notları.

22. *Черемных А.И.* Основы художественного проектирования одежды. – М., 1968.

23. *Литвина Л.М., Леонидова И.С., Турчановская Л.Ф.* Моделирование и художественное оформление женской и детской одежды. – М., 1989.

24. *Горина С.* Моделирование формы одежды. – М., 2000.

25. *Kulyýewa O.* Gül keşdeli tahýalar. – Aşgabat: Ylym, 2006.

26. *Kulyýewa O.* Ýüpek taranyň aýdymy. – Aşgabat: Ylym, 2006.

27. *Буровик К.А.* Родословная вещей. – М.: Знание, 1991.

# MAZMUNY

Sözbaşy ........................................................................................................ 7

## I BÖLÜM
## MODA. EGIN-EŞIGIŇ NUSGALARYNYŇ ESASLARY

§1. Garaşsyz Watanymyzda dokma senagatynyň ösüşi ........................................ 9
§2. Egin-eşigiň döreýşiniň taryhy ........................................................................ 12
§3. Moda. Egin-eşigiň stili .................................................................................. 18
§4. Biçüwiň görnüşleri ........................................................................................ 22
§5. Reňk. Reňkiň kesgitlenilişi we onuň adalgalary ............................................ 26
§6. Egin-eşigiň klassifikasiýasynyň esasy we oňa edilýän talaplar ...................... 34
§7. Model taýýarlanyşynyň tehnologiýasy ........................................................... 38
§8. Milli köýnekleriň biçilişi we tikilişi hem-de onuň kämilleşdirilişi .................. 43

## II BÖLÜM
## BEDENIŇ GURLUŞY WE NUSGALARYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

§9. Bedeniň deň ölçeglere bölünişi ..................................................................... 52
§10. Nusganyň görnüşini döretmek üçin bedeniň hereketini öwrenmek .................. 59
§11. Egin-eşigiň silueti (sudury) .......................................................................... 62
§12. Siluetiň (sudurlaryŇ) çyzgylary ................................................................... 67
§13. Egin-eşigiň grafiki derňelişi. Siluetleriň (SUDUR) grafiki görnüşleri ............ 72
§14. Beden gurluşynyň durkunda modeliň kompozisiýasy (tektonika) .................... 76
§15. Erkek adamlaryň beden gurluşy ................................................................... 80

## III BÖLÜM
## EGIN-EŞIKLERIŇ MODELIRLENILIŞI

§16. Modeliň bil ölçeginiň meýdanynyň häsiýetlendirilişi ...................................... 85
§17. Modelirlemegiň esasy we çyzgysynyň gurluşy ................................................ 87

§18. Modaly önümler ............ 90
§19. Çagalara nusgalaryň taýýarlanylyşy ............ 94
§20. Ýakalaryň modelirlenilişi ............ 104
§21. Bitewi ýakalaryň modelirlenilişi ............ 110
§22. Göni, reglan we bitewi ýeňler ............ 116
§23. Ýubkalaryň modelirlenilişi ............ 119
§24. Erkek adamlaryň köýneklerini taýýarlamak üçin ulanylýan matalar ............ 125
§25. Erkek adamlaryň köýneginiň modeliniň görnüşleri ............ 129
§26. Zenan bluzkasy ............ 132
§27. Modelirleme pursatynda kemçilikleriň aradan aýrylyşy ............ 136
§28. Modanyň seljermesi esasynda üýtgeşmeleriň girizilişi ............ 144
§29. Nusgada synag işleriniň ýerine ýetirilişi ............ 148
§30. Jalbarlaryň modelirlenilişi ............ 153
§31. Şazada modeli ............ 158

## IV BÖLÜM
## EGIN-EŞIKLERIŇ KOMPOZISION WE ESTETIKA TAÝDAN SAZLAŞYKLY ÝERINE ÝETIRILIŞI

§32. Nusgada döredijilik çeşmäniň ornaşdyrylyşy ............ 161
§33. Nusga goşmaça bezeg berýän we hyzmat edýän aksessuarlar ............ 163
§34. Modelde çeper bezegiň kompozisiýasy ............ 168
§35. Egin-eşigi timarlaýan bezeg önümleri we onuň wezipesi ............ 173
§36. Egin-eşikde bezeg işleriniň ýerine ýetirilişi ............ 177
§37. Harby gullukçylaryň egin-eşikleriniň görnüşleri ............ 181
§38. Hünär egin-eşikleriniň taslanylyşy ............ 184
§39. Modelleriň atlandyrylyşy ............ 189

## GOŞMAÇALAR

Nusganyň görnüşi we modelirlenilişi ............ 199
Kurs işlerini we taslamalaryny ýerine ýetirmäge hödürlenýän nusgalar ............ 207

Edebiýat ............ 212

*Maral Hydyrowa, Çaryýar Poladow, Maksat Meredow*

# TIKIN ÖNÜMLERINI MODELIRLEMEK WE ÇEPER BEZEMEK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Annaweliýewa* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Suratçylar | *Ý. Peskowa, U. Karanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *I. Handöwletow* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazgeldiýewa* |

Ýygnamaga berildi 30.10.2012. Çap etmäge rugsat edildi 10.07.2013.
Ölçegi 70x90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 13,5. Çap listi 13,5.
Hasap-neşir listi 12,92. Neşir №67. Sargyt №1256. Sany 500.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

“Hatdat” hususy kärhanasy.
744000. Aşgabat, Magtymguly şaýoly, 74.